Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 16-njy aprelinde 686 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 1-nji aprelindäki № 57-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# Kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty

Mazmuny sahypalaryň №


1-nji bölek. "Umumy düzgünler" ..... 2
2-nji bölek. "Maliýe hasabatlylygyny bermek" ..... 3-20
3-nji bölek. "Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek" ..... 21-26
4-nji bölek. "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat" ..... 27-33
5-nji bölek. "Hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar" ..... 34-36
6-njy bölek. "Bagly taraplar hakyndaky maglumaty açmak" ..... 37-40
7-nji bölek. "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar" ..... 41-48
8-nji bölek. "Ätiýaçlyklar" ..... 49-55
9-njy bölek. "Esasy serişdeler" ..... 56-64
10-njy bölek. "Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler" ..... 65-71
11-nji bölek. "Maýa goýum emlägi" ..... 72-75
12-nji bölek. "Ýöriteleşdirilen iş" ..... 76-81
13-nji bölek. "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" ..... 82-88
14-nji bölek. "Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar" ..... 89-93
15-nji bölek. "Bilelikdäki işe maýa goýumlar" ..... 94-97
16-njy bölek. "Maliýe gurallary" ..... 98-113
17-nji bölek. "Baha berilýän gorlar" ..... 114-118
18-nji bölek. "Işgärlere tölenýän hak-heşdekler" ..... 119-122
19-njy bölek. "Peýdadan alynýan salgytlar" ..... 123-130
20-nji bölek. "Karzlar boýunça harajatlar" ..... 131
21-nji bölek. "Düşewünt" ..... 132-138
22-nji bölek. "Daşary ýurt pulundaky amallary geçirmek" ..... 139-141
23-nji bölek. "Kärende" ..... 142-149
24-nji bölek. "Döwlet subsidiýalary" ..... 150-151
25-nji bölek. "Borçnamalar we maýa" ..... 152-156
26-njy bölek. "Kärhanalary birleşdirmek we gudwil" ..... 157-162
27-nji bölek. "Kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartynyň ilkinji ulanylyşy" ..... 163-168
28-nji bölek. "Jemleýji düzgünler" ..... 169-170

## 1-NJI BÖLEK. “UMUMY DÜZGÜNLER”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

1. “Umumy düzgünler” bölegi kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartynyň maksadyny we ulanylýan çygryny kesgitleýär. Kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty (mundan beýläk – KOT kärhanalary üçin standart) kiçi we orta telekeçilik kärhanalary tarapyndan peýdalanmak üçin niýetlenen.

2. KOT kärhanalary üçin standart “Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlandy. KOT kärhanalary üçin standart daşarky peýdalanyjylar üçin ykdysady subýektiň (mundan beýläk – subýekt) kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygyny (mundan beýläk - maliýe hasabatlylygy) düzmegiň we bermegiň esasynda ýatan ýörelgeleri kesgitleýär.

3. KOT kärhanalary üçin standart kiçi we orta telekeçilik kärhanalarynyň maliýe hasabatlylygyny bermek maksady bilen işlenip taýýarlandy.

## KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGIŇ SUBÝEKTLERI

4. Kiçi we orta telekeçilik kärhanalary – bu subýektler, “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kiçi we orta telekeçilik subýektlerine degişli bolan, şeýle hem olara deňeşdirilen daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektlerdir.

5. Özüniň maliýe hasabatlylygyny, peýdalanyjylaryň giň toparyna bermäge borçly bolmadyk kärhanalar, kiçi we orta telekeçilik kärhanalary bolup durýarlar, döwlet eýeçiligindäki kärhanalar, olaryň şahamçalary we wekilhanalary muňa girmeýär. Daşarky peýdalanyjylaryň mysallary: kärhanany dolandyrmaga gatnaşmaýan eýeler, maýa goýumçylar, bar bolan we mümkin bolan karz berijiler (kreditorlar) we karz-reýting agentlikleri.

6. Kärhana maliýe hasabatlylygyny peýdalanyjylaryň giň toparyna bermäge borçlydyr, eger-de:

a) bergiler ýa-da paý gurallary açyk bazarda dolanýan bolsalar, ýa-da ol açyk bazarda satmak üçin, şular ýaly gurallary çykarmak üçin taýýarlykda bolsa (milli ýa-da daşary ýurt fond biržasy, ýa-da biržadan daşary bazar), ýa-da

b) beýleki taraplaryň giň topary babatynda fidusiar bolup durýan kärhana we bu onuň esasy işiniň bir görnüşi bolup durýan bolsa (düzgün boýunça bu banklar, karz beriji we ätiýaçlandyryş kompaniýalary, şeýle hem gymmatly kagyzlaryň dellallary we dilerleri we beýlekiler).

## 2-NJI BÖLEK. “MALIÝE HASABATLYLYGYNY BERMEK”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

7. Şu standartyň maksady kiçi we orta telekeçilik kärhanalara:

wagt boýunça (birnäçe hasabat döwürleri boýunça);

şeýle hem beýleki kärhanalaryň maliýe hasabatlylygy bilen deňeşdirip bolýan maliýe hasabatlylygyny we aralykdaky maliýe hasabatlylygyny bermek üçin esasy bellemekden ybaratdyr.

8. Bu bölek maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek boýunça şu umumy kadalary belleýär:

Onuň şu standarta laýyk gelmegi boýunça maslahatlary;

maliýe hasabatlylygynyň gurluşy boýunça maslahatlary;

maliýe hasabatlylygynyň mazmunyna bildirilýän iň az talaplary;

aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň mazmunyna bildirilýän iň az talaplary.

9. Hasaba alnyşyň aýry-aýry obýektleri ykrar etmek, olara baha bermek we maglumatlary açmak baradaky meselelerine beýleki böleklerde seredilýär.

10. Şu bölek aşakdakylar babatynda ulanylýar:

KOT kärhanalary üçin standartyna laýyklykda düzülen we berlen ähli maliýe hasabatlylygy;

aralykdaky maliýe hasabatlylygy.

11. Şu KOT kärhanalary üçin standartyň talaby esasynda berilýän maliýe hasabatlylygyndan daşgary berilýän hasabatlar, şu standartyň we şu bölegiň ulanylýan çygryna girmeýär.

## KESGITLEMELER

12. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy –** bu özleriniň maglumatlara bolan anyk isleglerine laýyk gelýän hasabatlaryň berilmegini talap etmek mümkinçiligi bolmadyk peýdalanyjylaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin niýetlenen hasabatlylykdyr.

**Aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy –** aralyk döwürde ýa-ha ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlygynyň doly toplumyny, ýa-da ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň gysgaldylan toplumyny (şu standarta laýyklykda) öz içine alýan maliýe hasabaty.

**Aralyk döwür –** dowamlylygy doly maliýe ýylyndan az bolan hasabat döwrüdir.

**Iş ýüzünde mümkin bolmazlyk –** kärhananyň talaby ulanmak üçin ähli akylly-başly tagallalary edýändigine garamazdan ony barybir ulanyp bilmeýän halatynda, haýsydyr bir talaby ulanmak iş ýüzünde mümkin bolmaýar.

**Möhümlik –** eger maddalar bilelikde ýa-da aýratynlykda peýdalanyjylaryň maliýe hasabatlylygynyň esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlerine täsir edip bilýän bolsa, onda olaryň galdyrylyp gidilmegi ýa-da ýoýulmagy möhüm bolup

durýar. Möhümlik ugurdaş ýagdaýlar bilen baglylykda baha berilýän anyk galdyryp gitmeleriň ýa-da ýoýulmalaryň möçberine we häsiýetine baglydyr. Degişli maddanyň möçberi ýa-da häsiýeti, ýa-da olaryň ikisiniň utgaşmasy aýgytlaýjy ýagdaý bolup biler.

**Bellikler –** maliýe ýagdaýy barada hasabata, jemi peýda barada hasabata, maýadaky üýtgemeler barada hasabata we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabata goşmaça berilýän maglumaty öz içine alýar. Belliklerde maliýe hasabatlylygynda açylan maddalaryň beýany ýa-da giňişleýin seljermesi, şeýle hem maliýe hasabatlylygynda ykrar edilmäge degişli bolmadyk maddalar barada maglumat getirilýär.

13. Anyk galdyrylyp gidilen maddalaryň ýa-da ýoýulmalaryň peýdalanyjylaryň ykdysady çözgüdine täsir edip biljekdigine we şeýlelikde, möhüm bolup biljekdigine baha bermek bu peýdalanyjylaryň anyk aýratynlyklarynyň öwrenilmegini talap edýär. Peýdalanyjylaryň hojalyk işi we buhgalterçilik hasaba alnyşy babatynda degerli bilimleri, şeýle hem maglumaty ýeterlik yhlasly öwrenmek maksady bardyr diýip hasap edilýär.

## MALIÝE HASABATLYLYGYNY BERMEGIŇ MAKSADY WE KADALARY

14. Maliýe hasabatlylygy - bu kärhananyň maliýe ýagdaýy we onuň işiniň maliýe netijeleri barada düzümleýin maglumaty bermekdir. Maliýe hasabatlylygynyň maksady kärhananyň maliýe ýagdaýy, onuň işiniň maliýe netijeleri we pul serişdeleriniň hereketi barada peýdalanyjylar tarapyndan ykdysady çözgütler kabul edilende olar üçin peýdaly bolan maglumaty bermekden ybaratdyr. Şeýle hem maliýe hasabatlylygy ýolbaşçylygyň kärhananyň serişdelerini dolandyrmak boýunça işiniň netijelerini görkezýär.

15. Maliýe hasabatlylygynyň doly toplumy şulary öz içine alýar:

a) maliýe ýagdaýy barada hasabat;

b) jemi peýda barada hasabat;

ç) maýadaky üýtgemeler barada hasabat;

d) pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat;

e) bellikler, olarda hasaba alyş syýasatynyň esasy ýörelgeleri gysgaça beýan edilýär, şeýle hem hasabatlylyga goşmaça düşündirişler berilýär.

16. Maliýe hasabatlylygy düzülende we berlende kärhananyň ýolbaşçylygy aşakda beýan edilýän umumy kadalara üns bermäge borçludyr:

dogry görkezmek;

KOT kärhanalary üçin standartyna laýyk gelmegi;

kärhananyň işiniň üznüksizligi barada ýol bermeler;

hasaplap ýazmak usuly;

maglumatlary görkezmegiň yzygiderliligi;

möhümlik we birleşdirmek;

özara hasap etmek;

deňeşdirilýän maglumat.

**Dogry görkezmek**

17. Maliýe hasabatlylygy kärhananyň maliýe ýagdaýyny, onuň işiniň maliýe netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezmelidir. Dogry görkezmek hojalyk amallarynyň aktiwlere, borçnamalara, girdejilere we çykdajylara edýän täsirini “Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň konsepsiýasynda” (mundan beýläk – “Konsepsiýa”) emele getirilen kesgitlemelere we ykrar etme ölçeglerine laýyklykda dogruçyl beýan edilmegini talap edýär.

18. Dogry görkezmegi şu aşakdaky şertlerde gazanyp bolar, ýagny kärhananyň:

a) gerek bolanda maglumatyň goşmaça açylmagyny talap edýän KOT kärhanalary üçin standartynyň peýdalanmagy, kiçi we orta telekeçilik kärhanalarynyň (mundan beýläk – KOT kärhanalary) maliýe ýagdaýyny, olaryň işiniň maliýe netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezmesini üpjün edýän maliýe hasabatlylygyny düzmäne getirýär;

b) şu standartyň bölekleriniň belli bir talaplarynyň berjaý edilmegi peýdalanyjylaryň anyk amalyň, wakanyň we şertleriň kärhananyň maliýe ýagdaýyna we onuň işiniň maliýe netijelerine edýän täsirine düşünmekleri üçin ýeterlik bolmadyk halatlarynda maglumatlaryň goşmaça açylmagyny üpjün edýän ýagdaýynda.

19. Maliýe hasabatlylygyny peýdalanyjylaryň giň toparyna bermäne borçlandyran KOT kärhanasynyň şu standarty peýdalanmagy, şu standarta laýyklykda dogry görkezmesini üpjün etmeýär.

**Standarta laýyk gelmegi**

20. KOT kärhanalary üçin standartyna laýyklykda düzülen maliýe hasabatlylygy şu standarta laýyk gelmelidir we şunuň ýaly laýyk gelýändigine takyk hem-de kesgitli görkezmäni öz içine almalydyr.

21. Kärhananyň ýolbaşçylygynyň bölegiň belli bir talaplary ýerine ýetirilende hasabatlylyk maliýe hasabatlylygynyň “Konsepsiýada” beýan edilen maksatlaryna çapraz gelýän derejede ýalňyşlyga getirýär diýip netijä gelýän, ýöne şunda degişli kadalaşdyryjy hukuk binýadynyň bu talapdan çekilmegini gadagan edýän aýratyn seýrek ýagdaýlarynda kärhana şu aşakdaky maglumatlary açmak ýoly bilen, talaplary berjaý etmegiň ýalňyşlyga getirýän hökmünde kabul edilýän jähtleriniň täsirini mümkin boldugyça azaltmalydyr:

a) degişli bölegiň ady, talaplaryň häsiýeti we kärhananyň ýolbaşçylygynyň şu talap ýerine ýetirilende hasabatlylyk maliýe hasabatlylygynyň “Konsepsiýada” beýan edilen maksatlaryna çapraz gelýän derejede ýalňyşlyga getirýär diýip netijä gelmeginiň sebäpleri;

b) her bir hasabat döwri üçin her bir madda boýunça ýolbaşçylygyň pikirine görä dogry görkezmek üçin zerur bolan düzedişleri.

22. Şu standartyň talabynyň ýerine ýetirilmegi maliýe hasabatlylygynyň wezipesine çapraz gelýän derejede ýalňyşlyga getirip biljekdigine baha berlende, ýolbaşçylyk şu jähtlere seljerme geçirmelidir:

a) emele gelen anyk ýagdaýlarda maliýe hasabatlylygynyň maksatlaryna ýetip bolmazlygynyň sebäpleri;

b) kärhananyň hereket edýän ýagdaýlarynyň şu standartyň talaplaryny ýerine ýetirýän kärhanalaryň hereket edýän ýagdaýlaryndan tapawudy. Eger meňzeş ýagdaýlarda beýleki kärhanalar şu talaby berjaý edýän bolsalar, onda görkezilen talabyň berjaý edilmegi “Konsepsiýada” beýan edilen maksatlaryna çapraz gelýän derejede ýalňyşlyga getirmez diýen ýalana çykaryp bolýan ýol bermeler bardyr.

**Işiň üznüksizligi barada ýol bermeler**

23. Maliýe hasabatlylygy taýýarlanýan mahalynda ýolbaşçylyk kärhananyň öz işini dowam etdirmek ukybyna baha bermelidir. Maliýe hasabatlylygy işiň üznüksizligi baradaky ýol bermeleriň esasynda düzülmelidir, ýolbaşçylygyň kärhanany ýapmak ýa-da onuň söwda işini bes etmek maksadynyň bolmagy, ýa-da hakykatdan anyk ugurlaryň ýokdugy sebäpli şunuň ýaly hereket etmäge mejbur bolýan halatlary muňa girmeýär. Eger ýolbaşçylykda baha bermegiň barşynda kärhananyň geljekde öz işini üznüksiz amala aşyrmak ukybyna düýpli şübhelenme döredip biljek wakalar ýa-da şertler barada düýpli näbellilik barada maglumat bar bolsa, onda bu näbellilik hasabatda açylyp görkezilmelidir. Eger maliýe hasabatlylygy işiň üznüksizligi barada ýol bermeleriň esasynda düzülmedik bolsa, onda bu ýagdaý maliýe hasabatlylygy taýýarlanan mahalynda peýdalanylan esas, şeýle hem kärhananyň işini üznüksiz dowam etdirmäge ukypsyz däl hasap edilýändiginiň sebäbi bilelikde hasabatda açylyp görkezilmelidir.

**Hasaplap ýazmak ýörelgesiniň esasynda hasaba alyş**

24. Goýulan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin maliýe hasabatlylygy hasaplap ýazmak usuly boýunça düzülýär. Kärhana pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatdan başga, maliýe hasabatlylygyny hasaplap ýazmak usulyny peýdalanmak bilen düzmelidir.

25. Hasaplap ýazmak usuly hasabatdaky maddalaryň, eger olar görkezilen bölekleri ykrar etmegiň “Konsepsiýada” emele getirilen kesgitlemelerine we ölçeglerine laýyk gelýän bolsa, aktiwler, borçnamalar, girdejiler we çykdajylar (maliýe hasabatlylygynyň bölekleri) hökmünde ykrar edilmegini göz öňünde tutýar.

**Maglumatlary görkezmegiň yzygiderliligi**

26. Maliýe hasabatlylygynda obýektleri görkezmegiň we topara bölmegiň biçüwi bir hasaba alyş döwründen beýleki hasaba alyş döwrüne çenli yzygiderlilikde saklanmalydyr.

27. Kärhana maliýe hasabatlylygynda maglumatlary görkezmegiň yzygiderliligini şu ýagdaýlarda bozup biler:

a) “Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar” bölegi̇nde emele getirilen ölçegleri hasaba almak bilen, kärhananyň işiniň häsiýetiniň ýa-da onuň maliýe hasabatlylygyna seljermeleriň düýpli üýtgemeleri sebäpli maglumaty bermegiň ýa-da başga hili topara bölmegiň has kabul ederlikli bolýan ýagdaýynda;

b) şu standartyň haýsydyr bir bölegi maglumatlaryň görkezilişini üýtgetmegi talap edýän ýagdaýynda.

**Möhümlik we birleşdirmek (maglumatlary toparlamak)**

28. Meňzeş maddalaryň her bir möhüm derejesi maliýe hasabatlylygynda aýratyn berilmelidir. Häsiýeti we wezipesi boýunça tapawutlanýan maddalar aýratynlykda görkezilmelidir, olaryň möhüm bolup durmaýan ýagdaýlary muňa girmeýär.

29. Maliýe hasabatlylygy ykdysady işiň köp sanly mysallaryny işlemegiň esasynda emele getirilýär, bu mysallar olaryň häsiýetine we bellenen maksadyna laýyklykda derejeler boýunça topara birleşýärler. Hasabat maglumatlary toparlama we toparlara bölme işiniň jemleýji tapgyry gysga we toparlara bölünen maglumatlary bermek bolup durýar, olar şularyň maddalaryny emele getirýärler:

a) maliýe ýagdaýy barada hasabatyň;

b) jemi peýda barada hasabatyň;

ç) maýadaky üýtgemeler barada hasabatyň;

d) pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň;

e) ýa-da bellikdäki aýratyn maddalary.

30. Ýokarda görkezilen hasabatlarda aýratyn görkezmek üçin ýeterlik derejede möhüm bolup durmaýan islendik obýekt belliklerde aýratyn görkezmek üçin ýeterlik derejede möhüm bolup biler.

31. Eger madda möhüm däl bolsa, onda ony ýokarda görkezilen hasabatlaryň beýleki maddalary bilen birleşdirýärler ýa-da belliklerde görkezýärler. Eger maglumat möhüm bolup durmaýan bolsa, onda standartyň maglumatlary açmak baradaky degişli talabyny ýerine ýetirmegiň hökmany häsiýeti bolmaýar.

**Hasabatlylygyň maddalarynyň özara hasap edilmegi**

32. Eger ony şu standartyň haýsydyr bir bölegi talap etmeýän ýa-da bu şoňa laýyklykda rugsat edilmeýän bolsa, aktiwler we borçnamalar, şeýle hem girdejiler we çykdajylar özara hasap edilmäge (jemläp görkezilmäge) degişli däldir.

33. Käbir ýagdaýlarda amallaryň netijeleri şol bir amalyň netijesinde ýüze çykýan girdejileriň we degişli çykdajylaryň ählisini özara hasap etmek ýoly bilen görkezilýär, çünki şular ýaly amallaryň netijeleriniň görkezilmegi degişli amalyň ýa-da wakanyň düýp esasyny görkezýär. Mysal üçin, “Düşewünt” bölegi düşewünde kesgitleme berýär we onuň alnan ýa-da garaşylýan hak-heşdegiň,

kärhana tarapyndan berilýän ýeňillikleriň aýrylan adalatly gymmaty boýunça baha berilmegini talap edýär. Esasy iş bilen baglanyşykly, ýöne düşewünt getirmeýän amallar hem bardyr. Şeýle amallaryň netijeleri bir amalda degişli girdejini we çykdajyny özara hasap etmek ýoly bilen görkezilýär. Mysal üçin:

a) uzak möhletli aktiwleriň, şol sanda maýa goýumlarynyň amal aktiwleriniň çykyp gitmeginden alynýan peýdalar we ýitgiler hasabatlarda aktiwiň çykyp gitmeginden alnan pul möçberinden aktiwiň balans gymmatyny we ony ýerlemek üçin degişli çykdajylary aýyrmak ýoly bilen görkezilýär;

b) “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda ykrar edilýän we şertnamalaýyn ylalaşygyň (mysal üçin, üpjün edijiniň kepillendiriş borçnamalary baradaky ylalaşyk) şertlerine laýyklykda üçünji tarap tarapyndan öwezi dolunýan baha beriş borçnamasy bilen baglanyşykly harajatlar alnan öwezlik tölegi bilen jemlenen görnüşde görkezilýär;

ç) mundan başga-da, meňzeş amallaryň topary boýunça ýüze çykýan peýdalar (we ýitgiler), mysal üçin, pullaryň hümmet tapawutlary boýunça peýdalar (we ýitgiler) ýa-da ýerlemek üçin niýetlenen maliýe gurallaryna gaýtadan baha bermekden alnan peýdalar (we ýitgiler) jemlenen görnüşde görkezilýär.

34. Şeýle-de bolsa, eger şunuň ýaly peýdalar we ýitgiler möhüm bolup durýan bolsa, onda olary giňişleýin görkezmek gerekdir.

**Deňeşdirilýän maglumat**

35. Maliýe hasabatlylygynda görkezilen ähli görkezijiler boýunça ýol berilýän ýa-da talap edilýän halatlaryndan başga ýagdaýlarda geçen döwrüň deňeşdirilýän maglumatlary getirilmelidir. Onuň häzirki döwrüň maliýe hasabatlylygyna düşünmek üçin ähmiýeti bolan ýerinde deňeşdirilýän maglumat beýan edilýän bölege hem goşulmalydyr.

36. Käbir ýagdaýlarda geçen döwrüň (döwürleriň) maliýe hasabatlylygynda görkezilen beýan edilýän maglumat häzirki döwürde-de ähmiýetini saklaýar. Peýdalanyjylar üçin öňki hasabat senesindäki ýagdaýa görä näbelliligiň bolandygyny we bu näbelliligi çözmek üçin geçen döwrüň dowamynda görlen çäreler barada maglumat bilmek möhümdir.

37. Eger maliýe hasabatlylygynda amallaryň görkezilişi ýa-da topara bölünişi üýtgän bolsa, deňeşdirilýän pul möçberleri hem hökmany suratda gaýtadan topara bölünmelidir, täzeden topara bölmegiň iş ýüzünde mümkin däl ýagdaýlary muňa girmeýär. Deňeşdirilýän pul möçberleri täzeden topara bölünende kärhana şu maglumatlary açyp görkezmelidir:

a) topara bölmegiň üýtgeme häsiýetini;

b) gaýtadan topara bölünen her bir maddanyň ýa-da maddalaryň her bir derejesiniň pul möçberini;

ç) topara bölmegiň üýtgemeginiň sebäplerini.

38. Eger-de deňeşdirilýän pul möçberlerini täzeden topara bölmek iş ýüzünde mümkin däl bolsa, kärhana şu maglumatlary açyp görkezmelidir:

a) degişli pul möçberlerini täzeden topara bölünmändiginiň sebäplerini;

b) degişli pul möçberleriniň gaýtadan topara bölünen ýagdaýynda geçirilip bilinjek düzedişleriň häsiýetini.

**Maliýe hasabatlylygynyň belgilenişi**

39. Maliýe hasabatlylygy takyk belgilenmelidir we çap edilen şol bir resminamanyň içindäki beýleki maglumatlardan tapawutlandyrylmalydyr. Peýdalanyjylara şu standartyň bölekleriniň talaplaryna laýyk gelýän maglumatlar bilen, olarda görkezilen talaplaryň nazara alynmadyk maglumatlaryny tapawutlandyrmaga mümkinçilik berilmelidir.

40. Maliýe hasabatlylygynyň her bir bölegi takyk belgilenmelidir. Mundan başga-da, berlen maglumata degişli derejede düşünilmegi üçin, şu maglumatlar aýdyň görkezilmelidir (we zerur bolan ýagdaýynda gaýtalanmalydyr):

a) hasabat berýän, maliýe hasabatlylygyny düzen kärhananyň ady, şeýle hem geçen hasabat döwründen bäri bolup geçen ähli üýtgemeler;

b) maliýe hasabatlylygynyň aýratyn bir kärhanany ýa-da topary gurşap alýandygy baradaky görkezme;

ç) maliýe hasabatlylygynyň şu düzüm bölegi üçin haýsynyň kabul ederlikdigine baglylykda, maliýe hasabatlylygynyň öz içine alýan hasabat senesi ýa-da döwri;

d) hasabatyň berilýän puly;

e) maliýe hasabatlylygynyň görkezijileriniň tegeleklenme derejesi. Maliýe hasabatlylygynda sanlar görkezilende takyklyk derejesi.

**Hasabat döwri**

41. Maliýe hasabatlylygy her ýylda 1-nji ýanwardan 31-nji dekabr boýunça maliýe ýyly üçin berilýär.

42. Aralyk maliýe hasabatlylygy her çärýekde ýa-da ýarym ýylda ösýän jem bilen berilýär.

## MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABAT

43. Maliýe ýagdaýy barada hasabatda görkezilýän obýektler gysga möhletli we uzak möhletli aktiwler, gysga möhletli we uzak möhletli borçnamalar hökmünde toparlara bölünmelidir.

44. Aktiwler we borçnamalar topara bölünende şol bir adaty amal tapgyry peýdalanylýar. Amal tapgyry – bu aktiwiň gaýtadan işlemek üçin satyn alnan wagty bilen, olaryň pul serişdelerine ýa-da olaryň ekwiwalenetine öwrülen döwrüniň arasyndaky wagt aralygydyr. Eger adaty amal tapgyryny takyk tapawutlandyryp bolmasa, onda ol on iki aýa deň hasap edilýär.

45. Eger-de aktiw aşakda getirilýän ölçegleriň islendik birini kanagatlandyrýan bolsa, ol gysga möhletli hökmünde topara bölünýär:

a) kärhananyň amal tapgyrynyň adaty şertlerinde ýerlemek ýa-da sarp etmek üçin niýetlenen bolsa;

b) ol esasan, ýerlemek maksatlary üçin niýetlenen bolsa;

ç) ony hasabat senesinden soň on iki aýyň dowamynda ýerlemek göz öňünde tutulýan bolsa; ýa-da

d) ol pul serişdelerinden ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentlerinden ybarat bolsa ("Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat" böleginde bellenilişi ýaly), ony çalyşmagyň ýa-da azyndan hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda haýsydyr bir borçnamany üzmek üçin peýdalanmagyň gadagan edilen ýagdaýlary muňa girmeýär.

46. Galan ähli aktiwler uzak möhletli aktiwler hökmünde topara bölünmelidir.

47. Gysga möhletli aktiwler, olary hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda ýerlemek göz öňünde tutulmaýan hem bolsa, adaty amal tapgyrynyň çäklerinde sarp edilýän ýa-da ýerlenýän aktiwleri (ätiýaçlyklar we debitor bergisi ýaly aktiwler) öz içine alýar. Şeýle hem, gysga möhletli aktiwler esasan söwda maksatlary üçin niýetlenen aktiwleri (bu topara degişli maliýe aktiwleri "Maliýe gurallary" bölegine laýyklykda söwda üçin niýetlenen hökmünde topara bölünýär) we uzak möhletli aktiwleriň gysga möhletli düzüjilerini öz içine alýar.

48. Borçnamalar, eger olar aşakda getirilýän ölçegleriň islendik birini kanagatlandyrýan bolsa, gysga möhletli hökmünde topara bölünmelidir:

a) ony kärhananyň adaty amal tapgyrynyň çäklerinde üzmek göz öňünde tutulýan bolsa;

b) ol esasan, ýerlemek maksatlary üçin niýetlenen bolsa;

ç) ol hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda üzülmäge degişli bolsa;

d) azyndan hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda kärhananyň degişli borçnamanyň üzülmegini soňa süýşürmäge gürrüňsiz hukugy ýok bolsa.

49. Galan ähli borçnamalar hökmany suratda uzak möhletli borçnamalar hökmünde topara bölünmelidir.

50. Söwda kreditor bergisi ýaly käbir gysga möhletli borçnamalar we zähmete hak tölemek boýunça käbir çykdajylary hasaplap ýazmalar we amallar harajatlary kärhananyň adaty amal sikliniň dowamynda peýdalanylýan dolanyşyk maýasynyň bir bölegini emele getirýärler. Şunuň ýaly amallar maddalary, eger olar hasabat senesinden soňky on iki aýdan ir bolmadyk wagtda üzülmäge degişli bolsa hem, gysga möhletli borçnamalar hökmünde topara bölünýär.

51. Beýleki gysga möhletli borçnamalar adaty amal sikliniň dowamynda üzülmeýär, emma, hasabat senesinden soňky on iki aýyň dowamynda üzülmäge degişlidir ýa-da esasan, söwda maksatlary üçin niýetlenendir. Söwda üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen maliýe borçnamalary, bank owerdraftlary, şeýle hem uzak möhletli maliýe borçnamalarynyň gündelik bölegi, tölemek üçin diwidendler, peýdadan alynýan salgyt we beýleki söwda däl kreditor bergiler muňa mysal bolup biler. Uzak möhletli maliýeleşdirmegi üpjün edýän (ýagny, kärhananyň adaty amal tapgyrynyň dowamynda peýdalanylýan dolanyşyk maýasynyň bir bölegini emele getirmeýän) we hasabat senesinden soňky on iki

aýyň dowamynda üzülmäge degişli bolmadyk maliýe borçnamalary uzak möhletli borçnamalar bolup durýarlar.

52. Aşakdaky şertleriň ýerine ýetýändigine garamazdan iki aýyň dowamynda üzülmäge degişli maliýe borçnamalaryny gysga möhletli borçnamalar hökmünde topara bölýärler, eger-de olaryň:

a) ilkibaşky üzülmeli möhleti on iki aýdan köp bolan ýagdaýynda; we

b) hasabat senesinden soň we maliýe hasabatlylygy tassyklanmazyndan öň gaýtadan maliýeleşdirmek ýa-da uzak möhletlilik esasynda tölegleriň wagt tertibini üýtgetmek barada ylalaşyk baglaşylan halatynda.

53. Eger kärhana bar bolan karz ulgamynyň çäklerinde haýsydyr bir borçnamany öz garaýşyna görä gaýtadan maliýeleşdirmegi ýa-da azyndan hasabat senesinden soňky on iki aýa deň bolan möhlete uzaltmagy göz öňünde tutýan we onuň şu mümkinçiligi bar bolsa, onda ol bu borçnamany uzak möhletli borçnama hökmünde topara bölýär, eger tersine bolan ýagdaýynda bu borçnama has gysga möhletde üzülmeli bolardy. Şeýle-de bolsa, eger kärhana öz garaýşyna görä borçnamany gaýtadan maliýeleşdirip ýa-da uzaldyp bilmese (mysal üçin, gaýtadan maliýeleşdirmek barada ylalaşygyň ýokdugy sebäpli), gaýtadan maliýeleşdirmegiň bolup biljek mümkinçiligine üns berilmeýär we borçnama gysga möhletli hökmünde topara bölünýär.

54. Şeýle-de bolsa, eger karzdaryň hasabat senesindäki ýagdaýa görä, hasabat senesinden soňky on iki aýdan ir bolmadyk wagtda tamamlanýan soňa süýşürme döwrüni (şol döwrüň dowamynda kärhana bozulmalary düzedip biler we karzdar şol wagtyň içinde haýal etmän üzmegi talap edip biler) bermäge ylalaşan ýagdaýynda, borçnama uzak möhletli hökmünde topara bölünýär.

55. Eger kärhana hasabat senesindäki ýagdaýa görä ýa-da has irräk döwürde uzak möhletli karz ylalaşygynyň haýsydyr bir şertini bozýan bolsa, şonuň netijesinde hem borçnama talap edilişine görä üzülmeli bolsa, onda bu borçnama, karzdaryň hasabat senesinden soň we maliýe hasabatlylygy tassyklanmazyndan öň ýol berlen düzgün bozmanyň esasynda tölegi talap etmezlige ylalaşylan halatynda hem gysga möhletli borçnama hökmünde topara bölünýär. Borçnama hasabat senesindäki ýagdaýa görä kärhanada ony üzmegini azyndan hasabat senesinden soňky on iki aýa deň bolan möhlete soňa süýşürmäge gürrüňsiz hukugynyň ýokdugy sebäpli gysga möhletli hökmünde topara bölünýär.

56. Kärhana gaýra goýlan salgyt aktiwlerini (borçnamalaryny) gysga möhletli aktiwler (borçnamalar) hökmünde topara bölmeli däldir. Gaýra goýlan salgyt aktiwleri we gaýra goýlan salgyt borçnamalary uzak möhletli aktiwler we uzak möhletli borçnamalar hökmünde topara bölünýär.

57. Şu bölek maddalaryň görkezilmeli tertibini ýa-da biçüwüni düzgünleşdirmeýär-de, diňe öz häsiýeti ýa-da wezipesi boýunça olaryň gönüden-göni maliýe ýagdaýy barada hasabatda aýratyn görkezilmegi üçin ýeterlik bolan derejede biri-birinden tapawutlanýan maddalaryň sanawyny kesgitleýär.

58. Meselem, maliýe ýagdaýy barada hasabatyň düzüminde şu maddalar görkezilmelidir:

a) esasy serişdeler;

b) maýa goýum emlägi;
ç) maddy däl aktiwler;
d) maliýe aktiwleri (e), g) we h) bölümçelerinde görkezilen pul möçberinden başga);
e) paýçy bolup gatnaşma usuly boýunça hasaba alynýan maýa goýumlary;
ä) biologik aktiwler;
f) ätiýaçlyklar;
g) söwda we beýleki debitor algylary;
h) pul serişdeleri we pul serişdeleriniň ekwiwalentleri;
i) söwda we beýleki kreditor bergileri;
j) baha berilýän gorlar;
ž) maliýe borçnamalary (i) we j) bölümçelerinde görkezilen pul möçberlerinden başga);
k) “Peýdadan alynýan salgytlar” böleginde kesgitlenen manysynda gündelik salgyt boýunça borçnamalar we aktiwler;
l) “Peýdadan alynýan salgytlar” böleginde kesgitlenen manysynda gaýra goýlan salgyt borçnamalary we gaýra goýlan salgyt aktiwleri;
m) öz maýasynyň düzüminde (jebislendirilen hasabatlylykda) görkezilen, azlygyň paýy;
n) çykarylan maýa we düýp kärhananyň öz maýasynyň eýelerine degişli maýa gorlary;
ň) ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen aktiwleriň we çykyp gidýän topara goşulan, ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen aktiwleriň jemi pul möçberi;
o) çykyp gidýän topara goşulan, ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen borçnamalar.

59. Goşmaça maddalar, bölümler we aralyk görkezijiler, olary bermegiň kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowy görkezmäge mümkinçilik berýän ýagdaýynda maliýe ýagdaýy barada hasabatyň düzümine gönüden-göni girizilýär.

60. Goşmaça maddalary aýratynlykda görkezmegiň gerekdigi baradaky hünärli garaýyşlar şu ýagdaýlara baha bermäge esaslanýar:
a) aktiwleriň häsiýeti we likwidliligi;
b) kärhananyň çäklerinde aktiwleriň wezipesi;
ç) borçnamalaryň pul möçberi, häsiýeti we üzülmeli möhletleri.

61. Kärhana gönüden-göni belliklerde kärhananyň işine laýyk gelýän topara bölmegi peýdalanmak bilen, görkezilen maddalaryň has doly bölünişini getirmelidir. Maglumatlary bermekde jikme-jiklik derejesi bölegiň talaplary, şeýle hem degişli obýektleriň ululygy, häsiýeti we bellenen maksady bilen kesgitlenilýär.

62. Kärhana maliýe ýagdaýy barada hasabatda ýa-da belliklerde şu maglumatlary açyp görkezmelidir:
a) paýdarlar maýasynyň her bir derejesi üçin:
çykarylmaga rugsat edilen paýnamalaryň sanyny;

çykarylan we doly tölenen paýnamalaryň, şeýle hem çykarylan we doly tölenmedik paýnamalaryň sanyny;

paýnamanyň nominal gymmatyny ýa-da paýnamanyň nominal gymmatynyň ýokdugy baradaky maglumaty;

döwrüň başynda we ahyrynda dolanyşykda bolýan paýnamalaryň sanynyň deňeşdirmesini;

degişli dereje bilen baglanyşykly hukuklary, artyk hukuklary we çäklendirmeleri, şol sanda diwidendleriň paýlanyşy we tölenişi babatyndaky çäklendirmeleri;

kärhananyň özi ýa-da onuň golçur ýa-da assosirlenen kärhanalary tarapyndan saklanylýan paýnamalary;

şertlerini we pul möçberini goşmak bilen, opsion ýa-da satuw şertnamalary boýunça çykarmak üçin ätiýaçlykda goýlan paýnamalary;

b) öz maýasynyň çäklerinde her bir ätiýaçlyk gorunyň häsiýetiniň we maksadynyň beýanyny.

63. Paýdarlar maýasy bolmadyk kärhana, mysal üçin şereket, hasabat döwrüniň dowamynda bolup geçen üýtgemeleri görkezmek bilen, maýanyň her bir topary boýunça ýokarda getirilene meňzeş maglumatlary, şeýle hem maýanyň her bir topary boýunça hukuklary, artyk hukuklary we çäklendirmeleri açmaga borçlydyr.

## JEMI PEÝDA BARADA HASABAT

64. Kärhana peýdanyň ýa-da ýitginiň böleklerini we beýleki jemi peýdanyň böleklerini görkezýän, şol döwürde jemi peýda barada ýeke-täk hasabatda ykrar edilen girdejileriň we çykdajylaryň ähli maddalaryny görkezmäge borçlydyr.

65. Jemi peýda barada hasabat azyndan gönümel maddalary öz içine almalydyr, bu maddalar şol döwürdäki şu pul möçberlerini görkezýär:

düşewünt;

maliýeleşdirmek boýunça çykdajylar;

kärhananyň paýçy bolup gatnaşma boýunça hasaba alyş usulyna laýyklykda hasaba alnan, assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki kärhanalaryň peýdasyndaky ýa-da ýitgilerindäki paýy;

peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar;

ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, adalatly gymmat boýunça baha bermegiň netijeleri boýunça ykrar edilen, salgyt salnandan soňky peýdany ýa-da ýitgileri öz içine alýan ýeke-täk pul möçberi;

peýda ýa-da ýitgi;

öz häsiýeti boýunça topara bölünen, beýleki jemi peýdanyň her bir bölegi;

paýçy bolup gatnaşma boýunça hasaba alyş usulyna laýyklykda hasaba alnan, beýleki jemi peýdada assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki kärhanalaryň paýy; we

jemlenen jemi peýda.

66. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda kärhana jemi peýda barada hasabatda hökmany suratda şu maddalary açyp görkezmelidir:

a) şol döwürde gatnaşmagyň gözegçilik edilmeýän paýyna we düýp kärhananyň eýelerine degişli peýda ýa-da ýitgi;

b) şol döwürde gatnaşmagyň gözegçilik edilmeýän paýyna we düýp kärhananyň eýelerine degişli jemlenen jemi girdeji.

67. Kärhana, şunuň ýaly görkezmegiň kärhananyň işiniň maliýe netijelerine düşünmek üçin ähmiýetli bolan ýagdaýynda jemi peýda barada hasabatda goşmaça gönümel maddalary, bölümleriň atlaryny we aralyk pul möçberlerini hökmany suratda açyp görkezmelidir. Şunda möhümligi goşmak bilen, ýagdaýlar, şeýle hem degişli girdeji we çykdajy maddalarynyň häsiýeti we maksady hasaba alynmalydyr.

68. Kärhana, eger maliýe hasabatlylygynyň şu standartyň haýsydyr bir böleginde başgaça talap edilmeýän we rugsat edilmeýän bolsa, şol döwürde ykrar edilen ähli girdeji we çykdajy maddalaryny hökmany suratda peýdada we ýitgide ykrar etmelidir. Kärhananyň haýsydyr bir girdeji we çykdajy maddalaryny jemi peýda barada hasabatda adatdan daşary madda hökmünde görkezmäge haky ýokdur.

69. Kärhana gaýtadan topara bölmek boýunça düzedişleri hem goşmak bilen, beýleki jemlenen girdejiniň her bir bölegi babatynda peýdadan alynýan salgydyň ululygyny ýa-ha jemi peýda barada hasabatda, ýa-da belliklerde hökmany suratda açyp görkezmelidir. Gaýtadan topara bölmek boýunça düzedişler beýleki jemlenen girdejiniň degişli böleginiň düzüminde şu pul möçberiniň peýda ýa-da ýitgä geçirilýän döwründe görkezilýär. Mysal üçin, ýerlemek üçin bar bolan maliýe aktiwleri çykyp gidende alnan peýda şol döwrüň jemi peýdasynyň ýa-da ýitgisiniň düzüminde görkezilýär. Bu pul möçberleri beýleki jemi peýdada şu döwürde we geçen döwürde alynmadyk peýda hökmünde ykrar edilip bilner. Bu alynmadyk peýdalar, olaryň jemlenen jemi peýda gaýtadan goşulmagyndan gaça durmak üçin, alnan peýdanyň peýda ýa-da ýitgä geçirilen döwründe beýleki jemi peýdanyň düzüminden aýrylmaga degişlidir.

70. “Esasy serişdeler” bölegine ýa-da “Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler” bölegine laýyklykda ykrar edilýän, gaýtadan baha bermekden alnan ösüşdäki üýtgemelerde gaýtadan topara bölmek boýunça düzedişlere zerurlyk ýüze çykmaýar. Bu bölekler beýleki jemi peýdada ykrar edilýär we soňky döwürlerde peýda ýa-da ýitgä geçirilmeýär.

71. Gaýtadan baha bermekden alnan ösüşdäki üýtgemeler aktiwiň peýdalanyşyna görä ýa-da ol hasapdan öçürilende soňky döwürlerde paýlanmadyk peýda geçirilip bilner. Eger-de girdeji we çykdajy maddalary möhüm bolup durýan bolsa, kärhana olaryň häsiýetini we ululygyny aýratynlykda açyp görkezmelidir. Girdeji we çykdajy maddalarynyň aýratynlykda açylyp görkezilýän ýagdaýlary şulary öz içine alýar:

a) ätiýaçlyklaryň gymmatyny mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatynyň ululygyna çenli ýa-da esasy serişdeleriň öwezi dolunýan pul möçberine çenli

hasapdan öçürmek, şeýle hem şunuň ýaly hasapdan öçürmegiň yzyna gaýtarylmagy;

b) islendik baha berilýän gorlary rewersirlemek;

ç) esasy serişdeleriň obýektleriniň çykyp gitmegi;

d) maýa goýumlarynyň çykyp gitmegi.

72. Kärhana maglumatlar nähili görkezilende ygtybarly boljakdygyna we has ähmiýetli maglumaty berjekdigine baglylykda, çykdajylaryň häsiýetine ýa-da olaryň kärhananyň içinde bellenen maksadyna esaslanýan topara bölünişi peýdalanmak bilen, peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilen çykdajylara geçirilen seljermäni bermäge borçlydyr.

**“Çykdajylaryň häsiýeti boýunça” usuly**

73. Çykdajylar jemi peýda barada hasabatda olaryň häsiýetine (mysal üçin, ulanyş tutumy, materiallary satyn almak, ulag çykdajylary, işgärlere tölenýän hak-heşdekler we mahabat üçin çykdajylar) laýyklykda birleşýärler we olaryň kärhananyň içinde bellenen dürli maksatlaryna laýyklykda gaýtadan paýlanýarlar. Bu usuly ulanmak aňsat bolup biler, sebäbi çykdajylary wezipeleýin topara bölüşe laýyklykda paýlamak talap edilmeýär. Çykdajylaryň häsiýeti boýunça usulyň kömegi bilen topara bölmegiň mysaly:

| | | |
|---|---|---|
| **Düşewünt** | | **X** |
| **Beýleki girdeji** | | **X** |
| **Taýýar önümiň ätiýaçlyklaryndaky we tamamlanmadyk önümçilikdäki üýtgemeler** | **X** | |
| **Peýdalanylan çig mal we sarp edilýän materiallar** | **X** | |
| **Işgärlere hak-heşdek tölemek üçin çykdajylar** | **X** | |
| **Ulanyş tutumlarynyň çykdajylary** | **X** | |
| **Beýleki çykdajylar** | **X** | |
| **Jemi çykdajylar** | | **(X)** |
| **Peýdadan alynýan salgyt tölenmezden öňki peýda** | | **X** |

**“Çykdajylaryň wezipesi boýunça” usuly**

74. Bu usul olaryň bellenen maksadyna laýyklykda, özüne düşýän gymmatynyň bir bölegi hökmünde çykdyjylaryň ýa-da, mysal üçin, ýerlemek ýa-da dolandyryş işini alyp barmak üçin çykdajylaryň bölünişini berýär. Kärhana şu usul boýunça azyndan özüniň özüne düşýän gymmatyny beýleki çykdajylardan aýratynlykda açyp görkezýär. Bu usul peýdalanyjylara häsiýeti boýunça

çykdajylaryň topara bölünişine garanyňda has ähmiýetli maglumaty berip biler, ýöne çykdajylary olaryň bellenen maksadyna görä paýlamagy geçirmek paýlamagyň subýektiwligine we degişli garaýşy işläp düzmek boýunça köp tagalla edilmegine getirip biler. Çykdajylaryň wezipesi boýunça usulyň kömegi bilen topara bölmegiň mysaly:

| | |
|---|---|
| **Düşewünt** | **X** |
| **Ýerlemegiň özüne düşýän gymmaty** | **(X)** |
| **Jemi peýda** | **X** |
| **Beýleki girdeji** | **X** |
| **Ýerlemek üçin çykdajylar** | **(X)** |
| **Dolandyryş çykdajylary** | **(X)** |
| **Beýleki çykdajylar** | **(X)** |
| **Peýdadan alynýan salgyt tölenmezden öňki peýda** | **X** |

75. Maglumaty bermegiň görnüşini saýlap almak taryhy we pudaklaýyn ýagdaýlara, şeýle hem kärhananyň işiniň häsiýetine baglydyr. Görnüşleriň ikisi hem ýerlemegiň (ýa-da önümçiligiň) möçberine baglylykda göni ýa-da gytaklaýyn üýtgeýän harajatlary görkezmäge mümkinçilik berýär. Maglumaty bermegiň has kabul ederlikli biçüwini kärhananyň ýolbaşçylygy saýlap alýar. Eger çykdajylaryň häsiýeti barada maglumatlar pul serişdeleriniň hereketini çaklamak üçin peýdaly bolsa, onda bellenen wezipesi boýunça çykdajylary topara bölmek peýdalanylanda maglumatlary goşmaça açmak talap ediler.

76. Çykdajylary olaryň wezipesiniň esasynda topara bölýän kärhana, ulanyş tutumy üçin harajatlary we işgälere hak-heşdekleri tölemek üçin çykdajylary goşmak bilen, çykdajylaryň häsiýeti baradaky goşmaça maglumatlary açmaga borçlydyr.

77. Kärhana jemi peýda barada hasabatda ýa-da maýadaky üýtgemeler barada hasabatda ýa-da belliklerde:

a) hasabat döwründäki alnan, kärhananyň maýasynyň eýeleriniň arasynda paýlanýan diwidendleriň pul möçberini;

b) paýnamalaryň diwidendleriniň pul möçberi barada maglumatlary açyp görkezmäge borçlydyr.

## MAÝADAKY ÜÝTGEMELER BARADA HASABAT

78. Iki hasabat döwrüniň arasynda kärhananyň maýasyndaky üýtgemeler onuň şol döwürdäki arassa aktiwleriniň artandygyny ýa-da azalandygyny

görkezýär. Şol döwürde maýadaky umumy üýtgemeler hasabat döwrüniň dowamynda kärhananyň işiniň netijesinde alnan peýdany we ýitgini goşmak bilen, girdejileriň we çykdajylaryň umumy möçberinden ybaratdyr (bu girdeji we çykdajy maddalarynyň peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilendigine ýa-da gönüden-göni maýanyň üýtgemegine degişli edilendigine garamazdan), öz maýasynyň eýeleri hökmünde hereket edýän, öz maýasynyň eýeleri bilen amallaryň netijesinde ýüze çykýan üýtgemeler (öz maýasyna gatançlar, kärhananyň öz paý gurallaryny yzyna satyn almagy we diwidendleri tölemek) we şunuň ýaly amallar bilen gönüden-göni baglanyşykly harajatlar muňa girmeýär.

79. Käbir standartlar peýdalaryň we ýitgileriň aýry-aýry görnüşleriniň maýadaky üýtgemeler hökmünde görkezilmegini talap edýär:

a) gaýtadan baha bermegiň netijesinde gymmatyň artmagy ýa-da azalmagy;

b) daşary ýurt pulunyň hümmetindäki aratapawutlar;

ç) ýerlemek üçin bar bolan maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermegiň netijeleri boýunça peýdalar ýa-da ýitgiler;

d) gündelik we gaýra goýlan salgytlaryň degişli pul möçberleri.

80. Kärhana maýadaky üýtgemeler barada hasabat bermäge we gönüden-göni bu hasabatda şu maglumatlary açyp görkezmäge borçlydyr:

a) şol döwürdäki peýdany ýa-da ýitgini;

b) şu standartyň beýleki bölekleriniň talaplaryna laýyklykda gönüden-göni maýada ykrar edilýän şol döwrüň ähli girdeji we çykdajy maddalaryny, şeýle hem bu maddalaryň jemi pul möçberini;

ç) düýp kärhananyň öz maýasynyň eýelerine we azlygyň paýyna degişli jemlenen pul möçberini aýratynlykda görkezmek bilen, şol döwürde girdejileriň we çykdajylaryň jemi pul möçberini (a) we b) bölümçelerine laýyklykda kesgitlenen görkezijileriň pul möçberi hökmünde hasaplanan);

d) öz maýasynyň her bir bölegi boýunça – şu standartyň “Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar” bölegine laýyklykda ykrar edilen, hasaba alyş syýasatynda üýtgemeleri we ýalňyşlaklary düzetmegiň täsirini;

e) olaryň peýdasyna peýdanyň bölünip berlişini aýratyn görkezmek bilen, öz maýasynyň eýeleri bilen amallaryň pul möçberini;

ä) döwrüň başyndaky we hasabat senesindäki ýagdaýa görä paýlanmadyk peýdanyň (ýagny, toplanan peýdanyň ýa-da ýitginiň) galyndysyny, şeýle hem şol döwürdäki degişli üýtgemeleri;

f) döwriň başyndaky we ahyryndaky ýagdaýa görä, tölenen öz maýasynyň her bir derejesiniň balans gymmatynyň we her bir ätiýaçlyk gorunyň balans gymmatynyň arasyndaky tapawudy, her bir üýtgemäni aýratynlykda açmak bilen.

81. Gaýdymlaýyn düzedişler we gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplama paýlanylmadyk peýdanyň galyndysyna degişli edilýär, KOT kärhanalary üçin standartyň maýanyň beýleki bir böleginiň gaýdymlaýyn düzedilmegini göz öňünde tutýan ýagdaýlary muňa girmeýär. Şu bölege laýyklykda, maýadaky üýtgemeler barada hasabatda, hasaba alyş syýasatynyň üýtgemelerini we ýalňyşlyklaryň düzedilişini aýratyn görkezmek bilen, maýanyň her bir bölegi boýunça jemi

düzedişler baradaky maglumatlar açylmalydyr. Bu düzedişler baradaky maglumat geçen her bir döwür üçin we häzirki döwrüň başyndaky ýagdaýa görä açylmaga degişlidir.

82. Maýadaky üýtgemeler barada hasabatyň biçüwi tablisa görnüşinde bolup, onda maýanyň her bir bölegi boýunça giriş we çykyş galyndylaryny deňeşdirip barlamak ýerine ýetirilýär.

## PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABAT

83. Pul serişdeleriniň hereketi barada maglumat peýdalanyjylara kärhananyň pul serişdelerini emele getirip bilmek ukybyna we onuň pul serişdelerine bolan islegine baha bermäge mümkinçilik berýär. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty bermek we degişli maglumaty açmak baradaky talaplar şu standartyň "Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat" böleginde bellenendir.

## MALIÝE HASABATLYLYGYNA DEGIŞLI BELLIKLER

84. Maliýe hasabatlylygyna degişli belliklerde, maliýe hasabatlylygyna degişli belliklerde görkezilmeli bolan maglumatlary kesgitlemegiň esasynda ýatan ýörelgeler we olary görkezmegiň görnüşleri beýan edilýär. Belliklerde maliýe ýagdaýy barada hasabatda, jemi peýda barada hasabatda, maýadaky üýtgemeler barada hasabatda we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda görkezilenlere goşmaça maglumatlar bolýar. Belliklerde şu hasabatlarda görkezilen maddalar beýan edilýär ýa-da olaryň jikme-jikleşdirilen görnüşi we bu hasabatlarda ykrar edilmäge degişli bolmadyk maddalar hakynda maglumatlar berilýär. Şeýle hem KOT kärhanalary üçin standartyň her bir böleginde diýen ýaly adatça belliklerde berilýän maglumatlary açmaga bildirilýän talaplar göz öňünde tutulýar.

85. Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler:

a) maliýe hasabatlylygyny düzmegiň esaslary barada we peýdalanylýan hasaba alyş syýasaty barada maglumat bermelidir;

b) maliýe ýagdaýy barada hasabatda, jemi peýda barada hasabatda, maýadaky üýtgemeler barada hasabatda we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda gönüden-göni berilmeýän, şu standartyň böleginiň talap edýän maglumatyny açmalydyr;

ç) maliýe ýagdaýy barada hasabatda, jemi peýda barada hasabatda, maýadaky üýtgemeler barada hasabatda we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda gönüden-göni berilmeýän, ýöne görkezilen islendik hasabatlara düşünmek maksady bilen ýerlikli bolan goşmaça maglumatlaryň berilmegini üpjün etmelidir.

86. Bellikler tertipleşdirilen görnüşde berilmelidir. Maliýe ýagdaýy barada hasabatyň, jemi peýda barada hasabatyň, maýadaky üýtgemeler barada hasabatyň we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň her bir maddasy belliklerde degişli maddalara salgylanmalar bilen üpjün edilmelidir.

87. Adatça, bellikler peýdalanyjylaryň maliýe hasabatlylygyndaky maglumatlara gowy düşünmeklerine we ony beýleki kärhanalaryň hasabatlylygy

bilen deňeşdirip bilmeklerine kömek edýän tertipde, hususan-da, şu tertipde getirilýär:

a) KOT kärhanalary üçin standartyna laýyk gelýändigi barada habar;

b) ulanylýan hasaba alyş syýasatynyň ähmiýetli jähtleriniň gysgaça beýany;

ç) hasabatlaryň we olaryň maddalarynyň berlişi ýaly yzygiderlilikde, maliýe ýagdaýy barada hasabatda, jemi peýda barada hasabatda, maýadaky üýtgemeler barada hasabatda we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda gönüden-göni berlen maddalar boýunça goşmaça maglumatlar;

d) maglumatlaryň başga hili açylmalary.

88. Hasaba alyş syýasatynyň esasy düzgünlerine bagyşlanan bölümde kärhana şulary açmalydyr:

a) maliýe hasabatlylygy taýýarlananda peýdalanylan baha beriş esasy (ýa-da esaslary);

b) kärhananyň maliýe hasabatlylygyna düşünmek üçin ähmiýeti bolan beýleki hasaba alyş ýörelgelerini.

89. Hasaba alyş syýasatynyň esasy ýörelgelerine gysgaça synda ýa-da belliklerde kärhana hünärlileriň garaýyşlary baradaky maglumaty açmalydyr, hasaba alyş syýasatynyň dürli ýörelgelerini ulanmagyň barşynda ýolbaşçylyk tarapyndan işlenip taýýarlanan we maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine has ähmiýetli täsir edýän hasaplama baha bermeleri bilen bagly garaýyşlar muňa girmeýär.

90. Kärhana belliklerde geljekde wakalaryň ösüşi barada esasy ýol bermeleri açmaga, şeýle hem hasabatlylykda näbelli baha bermeleri bolan, geljekde aktiwleriň (we borçnamalaryň) balans gymmatyna düýpli düzedişleri girizmek boýunça ep-esli töwekgelçilikleri getirýän obýektleri görkezmäge mümkinçilik berýän beýleki maglumat çeşmelerini açmaga borçlydyr. Şunuň ýaly aktiwler (we borçnamalar) babatynda belliklerde:

a) olaryň häsiýeti; we

b) olaryň hasabat senesindäki balans gymmaty baradaky maglumatlar bolmalydyr.

## ARALYK MALIÝE HASBATLYLYGY

91. Aralyk maliýe hasabatlylygy ýyllyk maliýe hasabatlarynyň iň soňky doly toplumy bilen deňeşdirilende täzelenen maglumaty bermek üçin niýetlenendir.

92. Aralyk maliýe hasabatlylygy şulary öz içine almalydyr:

häzirki aralyk döwrüň ahyryndaky ýagdaýa görä maliýe ýagdaýy barada hasabaty we şonuň öňýanyndaky maliýe ýylynyň ahyryndaky ýagdaýa görä deňeşdirilýän maglumaty;

şonuň öňýanyndaky maliýe ýylynyň aralyk döwri bilen deňeşdirilende ösýän jem bilen häzirki aralyk döwürdäki jemi peýda barada hasabaty;

şonuň öňýanyndaky maliýe ýylynyň deňeşdirilýän döwri bilen deňeşdirilende şu ýylyň ösýän jemi bilen maýadaky üýtgemeleri görkezýän hasabaty;

şonuň öňýanyndaky maliýe ýylynyň deňeşdirilýän döwri bilen deňeşdirilende şu ýylyň umumy jemi bilen pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty; we

bölekleýin düşündiriş belliklerini.

93. Kärhana aralyk maliýe hasabatlylygynda ýyllyk maliýe hasabatlary düzülende ulanylan hasaba alyş syýasatyny ulanmalydyr, hasaba alyş syýasatynda iň soňky ýyllyk hasabatlaryň düzülen senesinden soň geçirilen üýtgetmeler muňa girmeýär, olar indiki ýyllyk maliýe hasabatynda görkezilmelidir.

94. Maliýe ýylynyň dowamynda möwsümleýin, döwürleýin ýa-da tötänden alynýan düşewünt, eger-de çak etme ýa-da soňa süýşürme kärhananyň maliýe ýylynyň ahyrynda paýlanmaýan bolsa, aralyk hasabatlylygyň senesindäki ýagdaýa görä çak edilmeli ýa-da geçirilmeli däldir.

95. Kärhananyň maliýe ýylynyň dowamynda birmeňzeş däl ýüze çykýan harajatlar, eger-de bu harajatlaryň şu görnüşini hakykatdan çak edip ýa-da maliýe ýylynyň ahyryna geçirip bolýan bolsa, aralyk hasabatlylygyň maksatlary üçin çak edilmelidir ýa-da geçirilmelidir.

96. Kärhana aralyk maliýe hasabatlylygyna degişli belliklere azyndan şu maglumatlary goşmalydyr:

a) aralyk maliýe hasabatlylygynda iň soňky ýyllyk maliýe hasabatlylygynda peýdalanylan hasaba alyş syýasatynyň we şol bir hasaplama usulynyň peýdalanylandygy barada habar ýa-da, eger bu syýasat we usullar üýtgän bolsa, bu üýtgemeleriň häsiýetiniň we täsiriniň beýany berilmelidir;

b) aralyk amallaryň möwsümleýinligi ýa-da döwürleýinligi barada düşündiriş teswirleri;

ç) olaryň häsiýeti, möçberi ýa-da işiň ugry bilen baglanyşykly kärhana üçin adaty bolmadyk aktiwlere, borçnamalara, maýa, arassa peýda we pul akymlaryna täsir edýän maddalaryň häsiýeti we pul möçberi;

d) şu maliýe ýylynyň mundan öňki aralyk döwürlerinde berlen pul möçberleriniň baha bermelerindäki üýtgemeleriň ýa-da, eger bu üýtgemeler şu aralyk döwürde düýpli täsir edýän bolsa, geçen maliýe ýyllarynda berlen pul möçberleriniň baha bermelerdäki üýtgemeleriniň häsiýeti we pul möçberi;

e) bergi we paý gymmatly kagyzlaryň emissiýasy, yzyna satyn alnyşy we üzülişi;

ä) adaty paýnamalar we beýleki kärhanalar boýunça tölenen diwidend (jemi ýa-da paýnamalara paýlananda);

f) aralyk döwür tamamlanandan soň bolup geçen, aralyk döwrüň maliýe hasabatlylygynda görkezilmedik düýpli wakalar;

g) kärhanalaryň birleşmegini, golçur kärhanalaryň we maýa goýumlarynyň edinilmegini ýa-da ýerlenmegini goşmak bilen, aralyk döwrüň dowamynda kärhananyň düzümindäki üýtgemeleriň täsiri.

97. Şeýle hem kärhana häzirki aralyk döwre düşünmek üçin möhüm bolan islendik wakalary ýa-da amallary açmalydyr.

## 3-NJI BÖLEK. “JEBISLENDIRILEN MALIÝE HASABATLYLYGYNY BERMEK”

## ULANYLÝAN ÇYGRY

98. Bu bölek kärhananyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny emele getirýän we görkezýän düzüm böleklerine we şu hili hasabatlylygy taýýarlamagyň düzgünlerine kesgitleme berýär. Şeýle hem bölekde aýratyn maliýe hasabatlylygyny taýýarlamak boýunça gollanma bar.

## KESGITLEMELER

99. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy** - ykdysady subýektleriň toparynyň ýeke-täk ykdysady subýektiň maliýe hasabatlylygy hökmünde berlen maliýe hasabatlylygy.

**Gözegçilik –** kärhananyň işinden peýda almak maksady bilen, onuň maliýe we amallar syýasatyny kesgitlemek hukugy.

**Topar –** kärhanalaryň birleşigi (assosiasiýalar, konsernler we birleşmeleriň beýleki görnüşleri), düýp kärhana we onuň golçur kärhanalary.

**Düýp kärhana –** bu bir ýa-da birnäçe golçur kärhanalary bolan kärhanadyr.

**Golçur kärhana –** bu beýleki kärhana (düýp kärhana diýlip atlandyrylýan kärhana) tarapyndan gözegçilik edilýän kärhanadyr.

**Gözegçilik etmeýän paý –** bu golçur kärhananyň peýdasynyň ýa-da ýitgisiniň we arassa aktiwleriniň düýp kärhananyň göni ýa-da golçur gurluşlaryň üstünden gytaklaýyn eýelik etmeýän maýadaky paýyna düşýän bölegidir.

**Aýratyn maliýe hasabatlylygy –** düýp kärhana, assosirlenen kärhananyň maýa goýumçysy ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän kärhananyň gatnaşyjysy tarapyndan düzülýän maliýe hasabatlylygy, onda maýa goýumlary maliýe netijeleri barada hasabatda görkezilenleriň we maýa goýum obýektleriniň arassa (sap) aktiwleriniň esasynda däl-de, maýadaky gönüden-göni paýyň esasynda hasaba alynýar. Golçur kärhanasy, assosirlenen kärhanasy we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanada gatnaşma paýy bolmadyk kärhananyň maliýe hasabatlylygy aýratyn maliýe hasabatlylygy bolup durmaýar. Şu bölege laýyklykda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermekden boşadylýan düýp kärhana aýratyn maliýe hasabatlylygyny we jemleýji maliýe hasabatlylygyny berip biler.

**Jemleýji maliýe hasabatlylygy –** düýp kärhana (ministrlik, pudak edarasy, birleşik) tarapyndan berilýän, düýp we golçur kärhanalaryň aktiwleriniň, borçnamalarynyň, maýasynyň, girdejileriniň we çykdajylarynyň meňzeş maddalaryny goşmak ýoly bilen alnan maliýe hasabatlylygydyr.

**Özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alnyş usuly –** bu maýa goýumlaryny hasaba alnyş usuly bolup, onda maýa goýumy özüne düşýän gymmaty boýunça ykrar edilýär. Maýa goýumçysy maýa goýumlaryndan alynýan

girdejini diňe maýa goýum obýektleriniň satyn alnan senesinden soň ýüze çykýan toplanan peýdadan alýan paýynyň derejesinde ykrar edýär.

## JEBISLENDIRILEN MALIÝE HASABATLYLYGYNY BERMEK

100. Düýp kärhana jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermelidir, onda ol şu bölege laýyklykda, özüniň golçur kärhanalara goýan maýa goýumlaryny jebislendirýär.

101. Düýp kärhana jebislendirilen maliýe hasabatyny bermekden şu aşakdaky ýagdaýlarda boşadylýar:

a) eger kärhana şu aşakdaky iki şerte laýyk gelýän bolsa:

düýp kärhananyň özi golçur kärhana bolup durýan bolsa; we

onuň hakyky düýp kärhanasy täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna ýa-da şu standarta laýyklykda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny berýän bolsa;

b) eger düýp kärhananyň soňundan satmak ýa-da bir ýylyň dowamynda çykarmak (çykyp gitmegi) maksady bilen satyn alnan bir golçur kärhanadan başga golçur kärhanasy ýok bolsa. Düýp kärhana şu hili golçur kärhanany aşakdaky ýaly hasaba almalydyr:

eger paýnamalaryň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolýan bolsa, peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýän, adalatly gymmatdaky üýtgemeler bilen bilelikde adalatly gymmaty boýunça;

gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen özüne düşýän gymmaty boýunça.

102. Düýp kärhananyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy onuň ähli golçur kärhanalarynyň maliýe hasabatlylygyny öz içine almalydyr.

103. Düýp kärhananyň göni ýa-da golçur kärhanalaryň üsti bilen gytaklaýyn kärhananyň ses berýän hukuklarynyň ýarysyndan gowragyna eýelik edýän mahalynda (muňa aýratyn ýagdaýlar girmeýär), şunuň ýaly eýelik etmegiň gözegçiligi üpjün etmeýändigi takyk görkezilen bolsa, gözegçiligiň bolmagy göz öňünde tutulýar. Düýp kärhana kärhananyň ses berýän hukuklarynyň ýarysyndan gowragyna eýelik etmeýän mahalynda hem gözegçilik bolýar, eger-de onuň:

a) beýleki maýa goýumçylary bilen ylalaşyk boýunça, ses bermek hukugy bolan paýnamalaryň ýarysyndan gowragyny dolandyrmak hukugy bar bolanda;

b) tertipnama ýa-da ylalaşyga laýyklykda kärhananyň maliýe we amallar syýasatyny kesgitlemäge ygtyýary bar bolanda;

ç) kärhana gözegçilik etmek şol geňeşiň ýa-da edaranyň üstünden amala aşyrylýan ýagdaýynda, beýleki kärhananyň direktorlar geňeşiniň ýa-da şonuň bilen deň ähmiýeti bolan dolandyryş edarasynyň agzalarynyň köpüsini bellemek ýa-da aýyrmak hukugy bar bolanda; ýa-da

d) kärhana gözegçilik etmek şol geňeşiň ýa-da edaranyň üstünden amala aşyrylýan ýagdaýynda, direktorlar geňeşiniň ýa-da şonuň bilen deň ähmiýeti bolan dolandyryş edarasynyň mejlislerinde sesleriň köplügini almak mümkinçiligi bar bolanda.

104. Maýa goýum obýektiniň maliýe we amallar syýasatyny dolandyrmak mümkinçiligini we şeýlelikde onuň işinden peýda almak mümkinçiligini ýitiren mahalynda düýp kärhana gözegçiligi ýitirýär. Gözegçiligiň ýitirilmegi doly ýa-da belli bir derejede eýeçiligiň üýtgän halatynda hem, saklanyp galan ýagdaýynda hem bolup biler. Bu, mysal üçin, golçur kärhanalaryň döwlet, kazyýet, edara ediji ýa-da düzgünleşdiriji edara tarapyndan gözegçilik obýekti bolýan ýagdaýlarynda bolup geçýär. Ol şertnamalaýyn ylalaşygyň netijesinde hem bolup biler.

105. Golçur kärhana onuň işiniň toparyň düzümindäki beýleki kärhanalaryň işinden tapawutlanýandygy sebäpli jebislendirmekden aýrylmaýar. Şunuň ýaly golçur kärhanalary jebislendirmek we jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda olaryň dürli görnüşli işleri baradaky goşmaça maglumaty açmak ähmiýetli maglumatyň alynmagyny üpjün edýär.

## JEBISLENDIRMEGIŇ DÜZGÜNLERI

106. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygynyň bir bitewi ykdysady subýekt hökmünde topar barada maliýe maglumatyny bermegi üçin, şu hereketler amala aşyrylýar:

a) kärhana aktiwleriň, borçnamalaryň, maýanyň, girdejileriň we çykdajylaryň meňzeş maddalaryny goşmak ýoly bilen, düýp we golçur kärhanalaryň maliýe hasabatlylygyny setirme-setir jemleýär;

b) düýp kärhananyň golçur kärhanalaryň her birine goýan maýa goýumlarynyň balans gymmaty we her bir golçur kärhananyň maýasynyň düýp kärhana degişli bölegi aýrylýar;

ç) hasabat döwründe jebislendirilen kärhanalaryň peýdasynda ýa-da ýitgisinde gözegçilik etmeýän paýlar kesgitlenýär; we

d) jebislendirilen golçur kärhanalaryň arassa aktiwlerindäki gözegçilik etmeýän paý düýp kärhananyň paýdarlarynyň maýasyndan aýratynlykda görkezilýär. Arassa aktiwlerdäki gözegçilik etmeýän paý şulardan ybaratdyr:

ilkibaşda birleşdirilen senesindäki ýagdaýa görä bu gözegçilik etmeýän paýlaryň pul möçberleri;

birleşen senesinden başlap maýanyň üýtgemelerindäki gözegçilik etmeýän paýlar.

107. Toparyň içindäki hasaplamalar boýunça galyndylar, geleşikler, girdejiler we çykdajylar doly aýrylýar. Toparyň içindäki geleşikleriň netijeleri bolup durýan hem-de ätiýaçlyklar we esasy serişdeler ýaly aktiwleriň düzüminde ykrar edilen peýdalar we ýitgiler doly aýrylýar. Toparyň içindäki ýitgiler gymmatyň gaçmagyny görkezip biler, ol bolsa jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda ykrar edilmegini talap edýär.

108. Düýp kärhananyň we onuň golçur kärhanalarynyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende peýdalanylýan maliýe hasabatlylygy şol bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä taýýarlanylmalydyr. Düýp kärhananyň we golçur kärhananyň hasabat seneleri gabat gelmeýän bolsa, onda golçur kärhana

jebislendirmek maksady bilen, eger bu amala aşyrarlykly bolsa, düýp kärhananyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä goşmaça maliýe hasabatlylygyny taýýarlaýar.

109. Golçur kärhananyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende peýdalanylan maliýe hasabatlylygynyň düýp kärhananyň hasabat senesi bilen laýyk gelmeýän hasabat senesindäki ýagdaýa görä taýýarlanýan mahalynda, şol sene bilen düýp kärhananyň hasabat senesiniň arasyndaky döwürde bolup geçen düýpli geleşikleriň ýa-da wakalaryň täsirine düzediş girizilmelidir. Islendik ýagdaýda hem golçur we düýp kärhananyň hasabat seneleri biri-birinden üç aýdan köp tapawutlanmaly däldir. Hasabat döwürleriniň dowamlylygy we hasabat döwürleriniň arasyndaky islendik tapawut bir döwürden beýleki döwre geçilende birmeňzeş bolmalydyr.

110. Meňzeş şertlerde meňzeş geleşikler we beýleki wakalar üçin jebislendirilen maliýe hasabatlylygy ýeke-täk hasaba alyş syýasatynyň esasynda düzülmelidir.

111. Eger toparyň düzümindäki kärhana meňzeş şertlerde meňzeş geleşikler we beýleki wakalar babatynda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny düzmek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanýan hasaba alyş syýasatyny peýdalanýan bolsa, onda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň barşynda onuň maliýe hasabatlylygyna degişli görnüşde düzediş girizilýär.

112. Golçur kärhananyň girdejileri we çykdajylary alnan senesinden başlap, jebislendirilen maliýe hasabatlylygyna goşulýar. Golçur kärhananyň girdejileri we çykdajylary düýp kärhananyň bu golçur kärhana gözegçilik etmegini bes eden senesine çenli jebislendirilen maliýe hasabatlylygyna goşulýar. Golçur kärhananyň çykyp gitmeginden pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy bilen, çykyp giden senesindäki ýagdaýa görä onuň balans gymmatynyň arasyndaky tapawut jemi peýda baradaky jebislendirilen hasabatda golçur kärhananyň çykyp gitmeginden alnan peýda ýa-da ýitgi hökmünde ykrar edilýär.

113. Kärhana golçur kärhana bolmagyny bes edýän, ýöne maýa goýumçynyň (ozalky düýp kärhananyň) ozalky golçur kärhanadaky paýyny saklap galýan bolsa, onda bu paý kärhananyň golçur kärhana bolmagyny bes edýän senesinden başlap we kärhananyň assosirlenen kärhana (şeýle ýagdaýda “Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” bölegi ulanylýar) ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän kärhana (şeýle ýagdaýda “Bilelikdäki işe maýa goýumlar” bölegi ulanylýar) öwrülmedik şertinde “Maliýe gurallary” bölegine laýyklykda maliýe aktiwi hökmünde hasaba alynmalydyr. Kärhananyň golçur kärhana bolmagy bes eden senesindäki ýagdaýa görä balans gymmaty, maliýe aktiwine ilkibaşda baha berlende özüne düşýän gymmat hökmünde kabul edilmelidir.

114. Gözegçilik edilmeýän paýlar maliýe ýagdaýy baradaky jebislendirilen hasabatyň maýa bölüminde, düýp kärhananyň paýdarlar maýasyndan aýratynlykda görkezilmelidir. Toparyň peýdasyndaky ýa-da ýitgilerindäki gözegçilik etmeýän paýlar hem aýratynlykda açylmalydyr.

115. Peýda ýa-da ýitgi düýp kärhananyň paýdarlar maýasyna we gözegçilik etmeýän paýa degişlidir. Olaryň ikisiniň hem maýa bolup durýandygy sebäpli,

gözegçilik etmeýän paýa degişli bolan pul möçberi girdeji hem, çykdajy hem bolup durmaýar.

## AÝRATYN MALIÝE HASABATLYLYGYNY BERMEK

116. Şu KOT kärhanalary üçin standart düýp kärhanany düýp kärhana ýa-da aýry-aýry golçur kärhanalar boýunça aýratyn maliýe hasabatlylygyny bermäge borçlandyrmaýar. Golçur kärhanasy bolmadyk kärhananyň maliýe hasabatlylygy aýratyn maliýe hasabatlylygy bolup durmaýar. Diýmek, düýp kärhana bolup durmaýan, ýöne assosirlenen kärhananyň maýa goýumçysy bolup durýan ýa-da bilelikdäki işe gatnaşma paýy bar bolan kärhana öz maliýe hasabatlylygyny "Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar" bölegine ýa-da "Bilelikdäki işe maýa goýumlar" bölegine laýyklykda bermelidir. Şeýle hem ol aýratyn maliýe hasabatlylygyny bermegi saýlap alyp biler.

117. Kärhana özüniň golçur, assosirlenen we bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara goýan maýa goýumlaryny hasaba almak boýunça syýasaty şu görnüşde tassyklamalydyr:

a) gymmatyň gaçan möçberini aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça; ýa-da

b) peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýän adalatly gymmaty boýunça.

118. Maýa goýumlarynyň her bir topary babatynda hasaba almagyň şunuň ýaly tertibi ulanylýar.

## MAGLUMATY AÇMAK

119. Şu maglumatlar jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda açylmaga degişlidir:

a) şu hasabatlylygyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy bolup durýandygy;

b) düýp kärhana bilen düýp kärhananyň göni ýa-da golçur kärhananyň üsti bilen gytaklaýyn ondaky ses bermek hukugy bolan paýnamalaryň ýarysyndan gowragyna eýelik edýän golçur kärhananyň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýeti;

ç) şunuň ýaly hasabatyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende peýdalanylýan we onuň düýp kärhananyň hasabat senesi we hasabat döwri bilen gabat gelmeýän senedäki ýa-da döwürdäki ýagdaýa görä düzülen mahalynda golçur kärhananyň maliýe hasabatlylygynyň düzülen senesi, şeýle hem beýleki hasabat senesiniň we döwrüniň peýdalanylmagynyň sebäbi; we

d) golçur kärhananyň diwidendler, karzlary ýa-da hakujylary gaýtarmak görnüşinde düýp kärhananyň serişdelerini geçirmek boýunça mümkinçilikleriniň islendik möhüm çäklendirmeleriniň häsiýeti we derejesi (mysal üçin, karzlar hakynda ylalyşyklaryň ýa-da düzgünleşdiriji edaranyň talaplarynyň netijesi hökmünde).

120. Eger düýp kärhana, assosirlenen kärhananyň maýa goýumçysy ýa-da bilelikde gözegçilik edýän kärhanada paýy bolan bilelikdäki işe gatnaşyjy aýratyn

maliýe hasabatlylygyny taýýarlaýan bolsa, onda şunuň ýaly hasabatlylyk şulary açyp görkezmelidir:

a) şu maliýe hasabatlylygynyň aýratyn maliýe hasabatlylygy bolup durýandygy we jebislengirmäge bildirilýän talaplardan çykmalaryň ulanylandygy;

b) golçur, bilelikde gözegçilik edilýän we assosirlenen kärhanalara goýlan ep-esli maýa goýumlarynyň sanawy, eýeçilik edilýän paýlaryň gatnaşygy, şeýle hem şunuň ýaly maýa goýumlaryny hasaba almak üçin ulanylan usulyň beýany.

# 4-NJI BÖLEK. “PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABAT”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

121. Şu bölegiň maksady kärhananyň pul serişdeleriniň üýtgemeleri we pul serişdeleriniň ekwiwalentleri barada maglumaty pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat görnüşinde bermegiň tertibini bellemekden ybaratdyr.

122. Kärhana pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty şu bölegiň talaplaryna laýyklykda düzmelidir we ony maliýe hasabatlylygynyň düzülýän her bir döwri babatynda özüniň maliýe hasabatlylygynyň aýrylmaz bölegi hökmünde bermelidir.

123. Şu bölek olaryň möçberine, eýeçilik ýa-da pudaklaýyn gurluşyna garamazdan, ähli KOT kärhanalaryndan pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty bermegi talap edýär.

124. Pul serişdeleriniň hereketi barada maglumat peýdalanyjylara kärhananyň pul serişdelerini we pul serişdeleriniň ekwiwalentlerini emele getirip bilmek ukybyna, şeýle hem kärhanalaryň şu pul serişdeleriniň akymlaryny peýdalanmaga islegine baha bermek üçin esas berýär.

## KESGITLEMELER

125. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Pul serişdeleri** kassadaky, bank hasaplaryndaky pul serişdelerini we talap edilýänçä depozitleri öz içine alýar.

**Pul serişdeleriniň ekwiwalentleri –** geçginliligi ýokary bolan gysga möhletli, ýagny üzülmeli möhleti gysga, mysal üçin, alnan senesinden üç aý ýa-da ondan az bolan, pul serişdeleriniň belli bir möçberine ýeňil öwrüp bolýan, gymmatyň üýtgeme töwekgelçiliginiň täsirine düşmegi ujypsyz bolan serişdeler. Pul serişdeleriniň ekwiwalentleri köplenç, maýa goýumlary ýa-da başga maksatlar üçin däl-de, gysga möhletli pul borçnamalaryny üzmek üçin niýetlenendir.

**Pul serişdeleriniň akymlary –** pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň gelip gowuşmagy ýa-da tölenmegi bolup durýar. Pul serişdeleriniň hereketi pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň maddalarynyň arasyndaky dolanyşyklary öz içine almaýar, sebäbi, bu bölekler amallar, maýa goýum ýa-da maliýe işiniň däl-de, kärhananyň pul serişdelerini dolandyrmagyň bir bölegi bolup durýar.

**Amallar işi –** kärhananyň girdeji getirýän esasy işi we maýa goýum hem-de maliýe işinden tapawutlanýan beýleki işi.

**Maýa goýum işi –** uzak möhletli aktiwleriň we pul serişdeleriniň ekwiwalentlerine degişli bolmadyk beýleki maýa goýumlarynyň satyn alynmagy we çykyp gitmegi bilen baglanyşykly iş.

**Maliýe işi –** kärhananyň geçirilen öz maýasynyň we karz alnan serişdeleriniň möçberindäki we düzümindäki üýtgemelere getirýän iş.

**Bank owedraftlaryna,** düzgün bolşy ýaly, karzlar hökmünde, ýagny, maliýe işi hökmünde seredilýär. Şeýle-de bolsa, eger-de bank owerdrafty talap boýunça üzülmäge degişli bolsa we subýektiň pul serişdelerini dolandyrmagyň aýrylmaz bölegi bolup durýan bolsa, onda bank owerdraftlaryna adatça, puluň gelmegi hökmünde seredilýär. Şunuň ýaly şertlerde bank owerdraftlary pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň bir bölegi hökmünde goşulýar. Bank hasaby boýunça galyndynyň oňynlykdan ýaramazlyga tarap ýygy-ýygydan üýtgeýändigi şunuň ýaly ylalaşyklaryň häsiýetli aýratynlygy bolup durýar.

## PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY BERMEK

126. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat, hasabat döwründe pul serişdeleriniň akymlary baradaky maglumatlary öz içine alýar, bu maglumatlar amallar, maýa goýum ýa-da maliýe işlerine bölmek bilen berilýär.

127. Işiň görnüşleri boýunça topara bölmek peýdalanyjylara bu işiň kärhananyň maliýe ýagdaýyna we onuň pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň möçberine edýän täsirine baha bermek üçin maglumaty üpjün edýär. Şeýle hem bu maglumat işiň bu görnüşleriniň arasyndaky özara baglanyşyga baha bermek üçin peýdalanylyp bilner.

128. Kärhana amallar, maýa goýum ýa-da maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky maglumaty öz işiniň häsiýetine has gowy laýyk gelýän görnüşde berýär.

129. Bir amaldan gelip gowuşmalar we pul serişdeleriniň tölegi dürli hili topara bölünýän pul serişdeleriniň akymlaryny öz içine alyp biler. Mysal üçin, karz boýunça pul serişdeleriniň töleginiň göterimleri hem, berginiň esasy möçberini hem öz içine alýan halatynda, onda göterimleri emele getirýän bölek amallar işi hökmünde topara bölünip bilner, esasy pul möçberini emele getirýän bölek bolsa maliýe işi hökmünde topara bölünýär.

### Amallar işi

130. Amallar işinden gelýän pul serişdeleriniň akymlary köplenç halatda kärhananyň girdeji getirýän esasy işi bilen baglydyr. Şeýlelikde, olar, düzgün bolşy ýaly, amallaryň we peýdanyň hem-de ýitginiň kesgitlemesine girýän beýleki wakalaryň netijesi bolup durýar. Amallar işinden gelýän pul serişdeleriniň akymlarynyň mysallary şulardan ybaratdyr:

a) harytlary ýerlemekden we hyzmatlary etmekden gelýän pul gelip gowuşmalary;

b) roýalti, galam haklary, hyzmat haky we gaýry düşewünt görnüşindäki pul gelip gowuşmalary;

ç) harytlar we hyzmatlar üçin üpjün edijilere pul tölegleri;

d) işgärlere we işgärleriň adyndan işgärlere pul tölegleri;

e) eger olar gönüden-göni maliýe ýa-da maýa goýum işine degişli edilip bilinmeýän bolsa, pul tölegleri ýa-da peýdadan alynýan salgydyň yzyna gaýtarylmagy; we

ä) täjirçilik maksatlary bilen baglaşylan şertnamalar boýunça pul gelip gowuşmalary we tölegler.

131. Enjamyň birini ýerlemek ýaly käbir amallar peýdanyň ýa-da ýitginiň kesgitlemesine goşulýan peýdanyň ýa-da ýitginiň ýüze çykmagyna getirip biler. Emma pul serişdeleriniň şunuň ýaly amallar bilen baglanyşykly hereketi maýa goýum işinden gelýän pul serişdeleriniň akymy hökmünde topara bölünýär.

132. Kärhananyň täjirçilik maksatlary üçin niýetlenen gymmatly kagyzlary we karzlary bolup biler we şeýle ýagdaýda olar gaýtadan satmak üçin ýörite satyn alnan ätiýaçlyklara deňleşdirilip bilner. Şeýlelikde, täjirçilik ýa-da söwda gymmatly kagyzlaryny satyn almakdan ýa-da satmakdan ýüze çykýan pul serişdeleriniň akymy amallar işi hökmünde topara bölünýär.

**Maýa goýum işi**

133. Maýa goýum işi uzak möhletli aktiwleriň we pul ekwiwalentleriniň düzümine girmeýän gaýry maýa goýumlaryny satyn almagy we olaryň çykyp gitmegini öz içine alýar. Maýa goýum işinden gelýän pul serişdeleriniň mysallary şulardan ybaratdyr:

a) esasy serişdeleri, maddy däl aktiwleri we beýleki uzak möhletli aktiwleri satyn almak üçin pul tölegleri. Olara işläp taýýarlamak üçin maýalaşdyrylan harajatlar we özbaşdak öndürilen esasy serişdeler bilen baglanyşykly tölegler degişlidir;

b) esasy serişdeleri, maddy däl aktiwleri we beýleki uzak möhletli aktiwleri ýerlemekden alnan pul gelip gowuşmalary;

ç) beýleki kärhanalaryň paý ýa-da bergi gurallaryny we bilelikdäki işe gatnaşma paýlaryny satyn almak üçin pul tölegleri (pul serişdeleriniň ekwiwalentleri hökmünde seredilýän ýa-da täjirçilik maksatlary üçin niýetlenen gurallar boýunça töleglerden başga);

d) beýleki kärhanalaryň paý ýa-da bergi gurallaryny we bilelikdäki işe gatnaşma paýlaryny ýerlemekden gelen pul gelip gowuşmalary (pul serişdeleriniň ekwiwalentleri hökmünde seredilýän ýa-da täjirçilik maksatlary üçin niýetlenen gurallar boýunça gelip gowuşmalardan başga);

e) beýleki taraplara berlen pul karzlary;

ä) beýleki taraplara berlen karzlaryň yzyna gaýtarylmagyndan pul gelip gowuşmalary.

**Maliýe işi**

134. Kärhananyň geçirilen maýasynyň ýa-da karz serişdeleriniň möçberindäki we düzümindäki üýtgemeleriň netijelerini öz içine alýan iş maliýe işi bolup durýar. Maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň mysallary şulardan ybaratdyr:

a) paýnamalaryň ýa-da beýleki paý gurallarynyň emissiýasyndan pul gelip gowuşmalary;

b) kärhananyň paýnamalaryny satyn almak üçin hususyýetçilere pul tölegleri;

ç) bergi borçnamalaryny, zaýomlary, obligasiýalary, girew resminamalaryny we beýleki gysga möhletli we uzak möhletli nesýe resminamalaryny çykarmakdan pul gelip gowuşmalary;

d) karz alnan serişdeler boýunça pul tölegleri; we

e) maliýe kärendesi boýunça bergini üzmek üçin kärendeçiniň pul tölegleri.

**Amallar işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketini beýan etmek**

135. Kärhana amallar işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky maglumatlary bermäge borçlydyr, şunda ol şu usullaryň birinden peýdalanýar:

a) göni usul, bu usul peýdalanylanda jemi pul gelip gowuşmalarynyň we tölegleriniň esasy görnüşleri barada maglumat açylýar; ýa-da

b) gytaklaýyn usul, bu usulda peýda ýa-da ýitgä pul däl häsiýetli amallaryň, amallar işiniň barşynda ýüze çykýan islendik gaýra goýlan ýa-da hasaplanyp ýazylan geçen ýa-da geljekki pul gelip gowuşmalarynyň ýa-da tölegleriniň maýa goýum ýa-da maliýe işiniň çäklerinde pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy ýa-da tölenmegi bilen baglanyşykly girdeji ýa-da çykdajy maddalarynyň netijelerini hasaba almak bilen düzediş girizilýär.

136. Kärhanalar tarapyndan amallar işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlary bermegiň göni usulynyň peýdalanylmagy gollanylýar. Göni usul pul serişdeleriniň geljekki akymlaryna baha bermek üçin gytaklaýyn usuldan peýdalanylanda elýeterli bolmadyk peýdaly maglumaty üpjün edýär. Göni usul peýdalanylanda jemi pul gelip gowuşmalarynyň we jemi pul tölegleriniň esasy görnüşleri baradaky maglumat şunuň ýaly görnüşde alnyp bilner:

a) kärhanalaryň hasaba alyş ýazgylaryndan; ýa-da

b) düşewünde, ýerlemegiň özüne düşýän gymmatyna we jemi girdeji barada hasabatyň maddalaryna aşakda görkezilýän ýagdaýlary hasaba alyp düzediş girizmek ýoly bilen:

döwrüň dowamynda ätiýaçlyklardaky we amallar işinden emele gelen algylardaky we bergilerdäki üýtgemeler;

beýleki pul däl maddalary; we

maýa goýum ýa-da maliýe işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň döremegine getirýän beýleki maddalary.

137. Gytaklaýyn usul peýdalanylanda amallar işinden alynýan pul serişdeleriniň arassa akymy aşakda görkezilýän ýagdaýlary hasaba almak bilen peýda ýa-da ýitgä düzediş girizmek ýoly bilen kesgitlenýär:

a) döwrüň dowamynda ätiýaçlyklardaky we amallar işinden emele gelen algylardaky we bergilerdäki üýtgemeler;

b) ulanyş tutumy, baha berilýän gorlar, gaýry goýlan salgytlar, peýdalanylmadyk oňyn we ýaramaz hümmet tapawutlary, assosirlenen

kärhanalardaky paýlanmadyk peýda we gözegçilik edilmeýän peýda ýaly pul däl maddalar; we

ç) maýa goýum we maliýe işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň döremegine getirýän beýleki maddalar.

**Maýa goýum we maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketini beýan etmek**

138. Kärhana özüniň hasabatynda maýa goýum we maliýe işiniň barşynda ýüze çykýan jemi pul gowuşmalarynyň we jemi pul tölegleriniň esasy görnüşlerini aýratynlykda beýan etmelidir. Golçur kärhanalaryň we beýleki gurluş birlikleriniň satyn alynmagynyň ýa-da çykyp gitmeginiň netijesinde ýüze çykýan pul serişdeleriniň jemi akymlary aýratynlykda görkezilmelidir we maýa goýum işi hökmünde topara bölünmelidir.

**Daşary ýurt pulundaky pul serişdeleriniň hereketi**

139. Daşary ýurt pulundaky amalyň netijesinde ýüze çykýan pul serişdeleriniň hereketi daşary ýurt pulundaky pul möçberleri babatynda pul serişdeleriniň hereket eden senesindäki ýagdaýa görä funksional we daşary ýurt pulunyň arasyndaky çalşyk hümmetini ulanmak ýoly bilen, kärhananyň funksional pulunda görkezilmelidir.

140. Pullaryň çalşyk hümmetiniň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykýan ýerlenmedik peýdalar we ýitgiler pul serişdeleriniň hereketi bolup durmaýar. Emma bu pul möçberi amallar, maýa goýum we maliýe işinden gelýän pul serişdeleriniň hereketinden aýratynlykda görkezilýär we hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä, pullaryň çalşyk hümmeti boýunça hasabatlylykda pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlaryň berlen halatynda ýüze çykyp biljek islendik tapawutlary öz içine alýar.

**Göterimler we diwidendler**

141. Göterimleri almak we tölemek bilen baglanyşykly ýüze çykýan pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy we tölenmegi aýratynlykda açylyp görkezilmelidir. Her bir şunuň ýaly gelip gowuşma we töleg bir döwürden beýleki döwre yzygiderlilikde, amallar işinden gelen pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünmelidir.

142. Diwidendleri almak bilen baglanyşykly ýüze çykýan pul serişdeleriniň gelip gowuşmalary bir döwürden beýleki döwre yzygiderlilikde, maýa goýum işinden gelen pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünmelidir.

143. Diwidendleri tölemek bilen baglanyşykly ýüze çykýan pul serişdeleriniň tölegleri bir döwürden beýleki döwre yzygiderlilikde, maliýe işinden gelen pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünmelidir.

**Peýdadan alynýan salgytlar**

144. Peýdadan alynýan salgytlar bilen baglanyşykly ýüze çykýan pul serişdeleriniň akymlary aýratynlykda açylmalydyr we amallar işinden gelen pul serişdeleriniň hereketi hökmünde topara bölünmelidir, olaryň gönüden-göni maliýe ýa-da maýa goýum işine degişli edilip bilinjek ýagdaýlary muňa girmeýär.

145. Eger-de peýdadan alynýan salgyt boýunça pul serişdeleriniň akymlaryny maýa goýum ýa-da maliýe işine degişli edip bolýan bolsa, onda şunuň ýaly pul serişdeleriniň akymlary, degişlilikde, maýa goýum ýa-da maliýe işi hökmünde topara bölünýär.

146. Salgytlar boýunça pul serişdeleriniň akymlarynyň işiň birden köp görnüşine degişli bolan halatynda, tölenen salgytlaryň umumy pul möçberi açylýar.

**Pul däl amallar**

147. Pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň peýdalanylmagyny talap etmeýän maýa goýum we maliýe amallary pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatdan aýrylmalydyr. Şuňa meňzeş amallar maliýe hasabatlylygynyň belliklerinde şunuň ýaly maýa goýum we maliýe işi barada ähli zerur bolan maglumaty üpjün eder ýaly görnüşde açylmalydyr.

148. Pul däl amallaryň pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatdan aýrylmagy pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň maksatlaryna laýyk gelýär, çünki bu maddalar şu döwürde pul serişdeleriniň hereketi bilen bagly däldir. Pul däl amallaryň mysallary şulardan ybaratdyr:

a) degişli borçnamalary gönüden-göni kabul etmek ýoly bilen ýa-da maliýe kärendesi arkaly aktiwleri edinmek;

b) kärhananyň paý gurallaryny çykarmak ýoly bilen alan zatlary;

ç) bergi ýa-da paý gurallaryny çykarmagyň ýerine islendik aktiwleri (ätiýaçlyklary, esasy serişdeleri we beýlekileri) satyn almak;

d) alyş-çalyş geleşikleri.

**Pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň düzüm bölekleri**

149. Kärhana pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň düzüm böleklerini açmalydyr we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda bar bolan pul möçberlerini maliýe ýagdaýy barada hasabatda görkezilen meňzeş maddalar bilen deňeşdirmäni bermelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

150. Kärhana özünde bar bolan, ýöne peýdalanmak üçin elýeterli bolmadyk pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň ep-esli galyndylarynyň

pul möçberini ýolbaşçylygyň teswirleri bilen bilelikde açmaga borçlydyr. Kärhanada bar bolan pul serişdeleri we pul serişdeleriniň ekwiwalentleri beýleki sebäplerden başga-da, daşary ýurt puluny düzgünleşdirmegiň ýa-da hukuk taýdan çäklendirmeleriň täsiri netijesinde kärhananyň peýdalanmagy üçin elýeter bolman biler.

# 5-NJI BÖLEK. “HASABAT DÖWRI TAMAMLANANDAN SOŇKY WAKALAR”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

151. Şu bölegiň maksady şulary kesgitlemek bolup durýar:

a) kärhana hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalary hasaba almak bilen, nähili ýagdaýlarda maliýe hasabatlylygyna düzediş girizmeli; we

b) maliýe hasabatlylygyny çykarmak üçin tassyklanan sene, şeýle hem hasabat senesinden soň bolup geçen wakalar babatynda kärhananyň açmaly maglumatlaryna bildirilýän talaplar.

152. Mundan başga-da, şu bölek, hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar işiň üznüksizligi baradaky ýol bermeleriň ýerlikli däldigini görkezýän bolsa, kärhananyň özüniň maliýe hasabatlylygyny işiň üznüksizligi baradaky ýol bermeleriň esasynda düzmeli däldigini talap edýär.

153. Şu bölek hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar baradaky maglumat hasaba alnanda we açylanda ulanylýar.

154. Hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesine çenli bolup geçen ähli wakalary, eger olar kärhananyň peýdasy baradaky maglumatlar we beýleki aýry-aýry maliýe görkezijiler çap edilenden soň bolup geçen hem bolsa, öz içine alýar.

## KESGITLEMELER

155. Şu bölekde şu adalga görkezilen manysynda peýdalanylýar:

**Hasabat döwri tamamlanandan soňky wakalar –** bu hasabat döwrüniň tamamlanan we maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesine çenli aralykdaky döwürde bolup geçýän amatly hem-de amatsyz wakalardyr. Şunuň ýaly wakalaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

hasabat senesindäki ýagdaýa görä bar bolan şertleri tassyklaýan wakalar (hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizýän wakalar); we

hasabat döwri tamamlanandan soň ýüze çykan şertlere şaýatlyk edýän wakalar (hasabat döwri tamamlananan soň düzediş girizmeýän wakalar).

## DÜZEDIŞ GIRIZÝÄN WAKALAR

156. Kärhana hasabat döwri tamamlanandan soňky düzediş girizýän wakalary görkezmek üçin, degişli açylmalary goşmak bilen, maliýe hasabatlarynda ykrar edilen pul möçberlerine düzediş girizmelidir.

157. Hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen we düzedilýän wakalar bolup durýan wakalar maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine düzediş girizmek ýoly bilen ýa-da ozal maliýe hasabatlylygynda ykrar edilmedik maddalary ykrar etmek ýoly bilen hasaba alynýar.

158. Kärhananyň hasaba almaga borçly bolan, hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen düzediş girizýän wakalar şulardan ybaratdyr:

a) kazyýetde seredilýän jedeliň hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen düzgünleşdirmegi, onuň barşynda hasabat senesindäki ýagdaýa görä kärhananyň borçnamalarynyň bardygy tassyk bolan bolsa. Şeýle ýagdaýda kärhana ozal "Baha berilýän gorlar" bölegine laýyklykda ykrar edilen we şu kazyýet jedeline degişli bolan baha berilýän gorlara düzediş girizýär;

b) hasabat döwri tamamlanandan soň aktiwiň hasabat senesindäki ýagdaýa görä gymmatynyň gaçandygyna ýa-da hasabatda ozal ykrar edilen, şu aktiwiň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgä düzediş girizmek zerurlygyna şaýatlyk edýän maglumatyň alynmagy. (Mysal üçin: satyn alyjynyň hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen batmagy adatça, hasabat senesindäki ýagdaýa görä söwda debitor algysy boýunça ýitginiň bolandygyny we söwda debitor algynyň arassa balans gymmatyna düzediş girizmek zerurlygyny tassyklaýar; ätiýaçlyklaryň hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen ýerlenmegi hasabat senesindäki ýagdaýa görä mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty baradaky maglumatyň çeşmesi bolup hyzmat edip biler);

ç) hasabat döwri tamamlanmazyndan öň satyn alnan aktiwleriň ýa-da hasabat döwri tamamlanmazyndan öň ýerlenen aktiwleri ýerlemekden gelip gowuşmalaryň gymmatynyň hasabat döwri tamamlanandan soň kesgitlenmegi;

d) eger hasabat senesiniň ahyryndaky ýagdaýa görä, kärhananyň hasabat döwri tamamlanmazdan öň bolup geçen wakalar bilen baglanyşykly şunuň ýaly tölegleri geçirmek babatynda hukuk borçnamasy ýa-da emele gelen iş tejribesi bilen şertlendirilen borçnamasy bar bolsa, peýda gatnaşmak ýa-da baýrak bermek meýilnamalary boýunça tölegleriň ululygynyň hasabat döwri tamamlanandan soň kesgitlenmegi. Şeýle ýagdaýda kärhana "Baha berilýän gorlar" bölegine laýyklykda baha berilýän gory ykrar edýär;

e) maliýe hasabatlylygynyň dogry däldigini tassyklaýan aldawçylyk ýagdaýynyň ýa-da ýalňyşlyklaryň ýüze çykarylmagy.

## DÜZEDIŞ GIRIZMEÝÄN WAKALAR

159. Kärhana hasabat döwri tamamlanandan soňky düzediş girizmeýän wakalary görkezmek üçin maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberlerine düzediş girizmeli däldir.

160. Hasabat döwrüniň tamamlanan senesi bilen maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesine çenli aralykdaky döwürde maýa goýumlarynyň bazar gymmatynyň peselmegi hasabat döwri tamamlanandan soňky düzediş girizmeýän wakalar bolup durýar. Bazar gymmatynyň peselmegi, düzgün bolşy ýaly, soňky döwürde ýüze çykan ýagdaýlary görkezýär we maýa goýumlaryň hasabat senesindäki ýagdaýy bilen bagly däldir. Şonuň üçin kärhana şunuň ýaly maýa goýumlarynyň maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen pul möçberine düzediş girizmeýär.

161. Eger kärhana paý gurallarynyň eýelerine tölenýän diwidendleri hasabat döwri tamamlanandan soň yglan edýän bolsa, onda kärhana bu diwidendleri hasabat senesiniň ahyryndaky ýagdaýa görä borçnama hökmünde ykrar etmeli

däldir. Diwidendleriň pul möçberi hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä paýlanmadyk peýdanyň aýratyn bölegi hökmünde görkezilip bilner.

## MAGLUMATY AÇMAK

162. Kärhana maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanan senesini we maliýe hasabatlylygyny çykarmak üçin tassyklan edaranyň adyny açmalydyr. Eger kärhananyň eýeleriniň ýa-da beýleki taraplaryň maliýe hasabatlylygy çykarylandan soň oňa düzediş girizmäge hukuklary bar bolsa, kärhana bu ýagdaýy açmaga borçlydyr.

163. Eger hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalar möhüm bolup durýan bolsa, olaryň açylmazlygy peýdalanyjylaryň maliýe hasabatlylygynyň esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlerine täsir edip bilýän bolsa, onda kärhana hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalaryň her bir möhüm topary boýunça şu maglumatlary açmalydyr:

a) wakalaryň häsiýetini; we

b) onuň maliýe täsirine berilýän hasaplama bahany ýa-da şunuň ýaly baha bermegiň mümkin däldigi baradaky beýannamany.

164. Adatça açylmagy talap edilýän, hasabat döwri tamamlanandan soň düzediş girizmeýän wakalaryň mysallary şular bolup durar:

a) hasabat döwri tamamlanandan soň kärhanalaryň düýpli birleşmegi;

b) işi bes etmek boýunça meýilnamanyň jar edilmegi;

ç) aktiwleriň uly möçberlerde satyn alynmagy, aktiwleriň ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmegi, aktiwleriň gaýry çykyp gitmeleri ýa-da aktiwleriň köp böleginiň döwlet tarapyndan elden alynmagy;

d) hasabat döwri tamamlanandan soň bolan ýangynyň netijesinde kärhananyň möhüm önümçilik kuwwatlyklarynyň ýok bolmagy;

e) giň gerimli gurluş üýtgetmeleriniň yglan edilmegi ýa-da onuň durmuşa geçirilip başlanmagy;

ä) aktiwleriň gymmatynda ýa-da pullaryň çalşyk hümmetinde hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen adaty däl uly üýtgemeler;

f) gündelik we gaýra goýlan salgyt aktiwlerine we borçnamalaryna täsir edýän, salgyt möçberleriniň ýa-da salgyt kanunçylygynyň hasabat döwri tamamlanandan soň güýje girizilen ýa-da yglan edilen üýtgemeleri;

g) diňe hasabat döwri tamamlanandan soň bolup geçen wakalar bilen baglanyşykly uly möçberli kazyýet derňewleriniň başlanmagy.

# 6-NJY BÖLEK. “BAGLY TARAPLAR HAKYNDAKY MAGLUMATY AÇMAK”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

165. Şu bölegiň maksady kärhananyň maliýe hasabatlylygynda onuň bilen bagly taraplaryň, şeýle hem şunuň ýaly taraplar bilen amallaryň we özara hasaplaşyklaryň üzülmedik tapawutlarynyň onuň maliýe ýagdaýyna, peýdasyna ýa-da ýitgisine edýän mümkin bolan täsirine ünsi çekmek üçin zerur bolan maglumatyň açylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

166. Şu bölek:

a) bagly taraplar bilen gatnaşyklary we amallary tapawutlandyrmak;

b) gurama bilen bagly taraplaryň arasyndaky özara hasaplaşyklaryň üzülmedik galyndysyny tapawutlandyrmak.

167. Bagly taraplar bilen islendik özara gatnaşyklara seredilende özara gatnaşyklaryň diňe hukuk görnüşine däl-de, şol gatnaşyklaryň mazmunyna üns berilmelidir.

## KESGITLEMELER

168. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Bagly tarap –** tarap kärhana bilen şu ýagdaýda bagly bolýar, eger-de:

a) şunuň ýaly tarap göni ýa-da gytaklaýyn, bir ýa-da birnäçe araçylaryň üsti bilen:

kärhana gözegçilik edýän ýa-da onuň gözegçiliginde bolýan ýa-da kärhana we şonuň ýaly tarap umumy gözegçilikde bolýan bolsa (muňa düýp kärhanalar, golçur kärhanalar we bir düýp kärhananyň beýleki golçur kärhanalary degişlidir);

kärhanada onuň kärhana uly täsir etmegini üpjün edýän paýy bar bolsa; ýa-da

kärhana bilelikde gözegçiligi amala aşyrýan bolsa;

b) tarap şol kärhananyň assossirlenen kärhanasy bolup durýan bolsa;

ç) tarap kärhananyň ýa-da onuň düýp kärhanasynyň uly ýolbaşçy işgärleriniň düzümine girýän bolsa;

d) tarap a) bölümde ýa-da ç) bölümde görkezilen adamlaryň ýakyn garyndaşy bolsa;

e) tarap bilelikdäki gözegçiligiň astyndaky ýa-da ç) bölümde ýa-da d) bölümde görkezilen adamlaryň haýsy hem bolsa biriniň täsirindäki kärhana bolsa ýa-da şu adamlaryň şu kärhanada göni ýa-da gytaklaýyn düýpli sesleri bar bolsa.

Şu standart bilen baglylykda, şu taraplar:

a) iki kärhana, “bagly tarap” kesgitlemesiniň ç) we e) bölümlerine garamazdan, diňe olaryň direktorynyň ýa-da başga bir esasy dolandyryjysynyň umumy bolmagy;

b) iki telekeçi, diňe bilelikdäki işe bilelikde gözegçilik edýändikleri üçin;

ç) maliýe serişdelerini berýän kärhana;

d) olaryň kärhana bilen diňe adaty gatnaşyk saklaýandyklary sebäpli kärdeşler arkalaşyklary, jemagat hyzmatlaryny edýän gulluklar, döwlet edaralary we agentlikler (olar kärhananyň hereketleriniň erkinlik derejesine täsir edip we onuň çözgütleri kabul etmek işine gatnaşyp bilýändiklerine garamazdan);

e) aýratyn satyn alyjynyň, üpjün edijiniň, franşiz barada şertnama boýunça ýeňillikli hukuk berýän tarapyň, ýaýradyjynyň ýa-da kärhananyň uly möçberde geleşik geçirýän baş ýumuşçysynyň onuň netijesinde ýüze çykýan ykdysady baglylyk sebäpli bagly tarap bolup durmagy hökman däldir.

**Bagly taraplaryň arasyndaky amal** töleg alynýandygyna garamazdan, bagly taraplaryň arasynda serişdeleriň, hyzmatlaryň ýa-da borçnamalaryň berilmegi bolup durýar. KOT kärhanalary üçin häsiýetli bolan, bagly taraplar bilen amallaryň mysaly hökmünde şu amallary getirip bolar:

a) kärhana bilen onuň esasy eýesiniň (eýeleriniň) arasyndaky amallar;

b) şu amallar geçirilende iki kärhana hem şol bir kärhananyň ýa-da şol bir adamyň gözegçiliginde bolýan wagtynda kärhana bilen beýleki kärhananyň arasyndaky amallar;

ç) başga ýagdaýda hasabat berýän kärhananyň çekmeli boljak çykdajylaryny hasabat berýän kärhana gözegçilik edýän kärhananyň ýa-da adamyň gönüden-göni çekýän wagtynda geçirilýän amallar.

Şahsy tarapyň kärhana bilen özara hereketiň barşynda bu adama täsir edip biler ýa-da olaryň özleri onuň täsirine düşüp biler diýip çak edilýän maşgala agzalary **ýakyn garyndaşlar** bolup durýarlar.

Ýakyn garyndaşlara: ata-eneler (şol sanda perzentlige alanlar), är-aýal, çagalar (şol sanda perzentlige alnanlar), ata we ene, baba we mama, agtyklar, süýtdeş we doly süýtdeş däl doganlar girýärler.

**Öwezini dolma** işgärlere tölenýän hak-heşdekleriň ählisini öz içine alýar. Kärhana tarapyndan ýa-da onuň adyndan edilen hyzmatlar üçin tölenýän, tölenmäge degişli ýa-da berilýän öwezlik töleginiň islendik görnüşleri işgärlere tölenýän hak-heşdekler bolup durýar ("Işgärlere tölenýän hak-heşdekler" bölegine seret). Ol düýp kärhananyň adyndan kärhana tölenýän öwezlik tölegini hem öz içine alýar.

**Gözegçilik –** kärhananyň işinden peýda almak maksady bilen, onuň maliýe we amallar syýasatyny kesgitlemek hukugy.

**Bilelikdäki gözegçilik –** ykdysady işe gözegçilik etmegiň şertnama boýunça ylalyşylan bölünişidir.

**Esasy dolandyryş işgärleri –** bu kärhananyň işini meýilnamalaşdyrmak, oňa ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek meselelerinde ygtyýarlyklar berlen we jogapkärçilik ýüklenen adamlardyr, şol sanda şol kärhananyň islendik direktory (ýerine ýetiriji ýa-da ýerine ýetiriji däl direktor).

**Ähmiýetli täsir –** bu kärhananyň maliýe we amallar syýasaty meseleleri boýunça çözgütleri kabul etmäge gatnaşmak mümkinçiligidir, ýöne bu şu syýasata gözegçilik etmek däldir. Ähmiýetli täsir tertipnama ýa-da şertnama boýunça paýçy bolup eýelik etmek arkaly gazanylýar.

## BAGLY TARAPLAR HAKYNDAKY MAGLUMATY AÇMAGYŇ MAKSADY

169. Bagly taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklar – täjirçilikde we telekeçilikde adaty ýagdaýdyr. Meselem, kärhana öz işiniň bir bölegini köplenç golçur kärhananyň, bilelikdäki işiň we assosirlenen kärhanalaryň üsti bilen amala aşyrýar. Şeýle ýagdaýlarda kärhananyň maýa goýum obýektiniň maliýe we amal syýasatyna täsiri gözegçilik, bilelikdäki gözegçilik ýa-da ähmiýetli täsir görnüşinde amala aşyrylýar.

170. Bagly taraplar bilen gatnaşyklar peýda ýa-da ýitgä, şeýle hem kärhananyň maliýe ýagdaýyna täsir etmäge ukyplydyr. Bagly taraplar bagly bolmadyk taraplaryň girmeýän geleşiklerine girip bilerler. Mysal üçin, özüniň düýp kärhanasynyň harytlaryny özüne düşýän gymmatyndan satýan kärhana beýleki satyn alyja bu harytlary şunuň ýaly şertlerde ibermekden boýun gaçyryp biler. Mundan başga-da, bagly taraplaryň arasyndaky amallar bagly däl taraplaryň arasyndaky amallar ýaly möçberlerde amala aşyrylyp bilinmez.

## MAGLUMATY AÇMAK

171. Düýp kärhana bilen golçur kärhananyň arasyndaky özara gatnaşyklar, bu bagly taraplaryň arasynda amallaryň geçirilendigine ýa-da geçirilmändigine garamazdan, hökmany suratda açylmalydyr. Kärhana özüniň düýp kärhanasynyň, eger düýp kärhana ahyrky gözegçilik edýän tarap bolup durmaýan bolsa, ahyrky gözegçilik edýän tarapyň adyny açmaga borçlydyr. Eger düýp kärhanada, ahyrky gözegçilik edýän tarap hem açyk elýeterli bolmagy üçin niýetlenen maliýe hasabatlylygyny bermeýän bolsa, onda şunuň ýaly hasabaty berýän, basgançak boýunça has uly düýp kärhananyň ady görkezilmelidir.

172. Kärhana esasy dolandyryş işgärlerine tölenýän hak-heşdegiň möçberini jemlenen görnüşde we aşakdaky toparlaryň her biri boýunça açyp görkezmäge borçlydyr:

a) işgärlere tölenýän gysga möhletli hak-heşdekler;

b) zähmet işi tamamlanandan soň tölenýän hak-heşdekler;

ç) beýleki uzak möhletli hak-heşdekler;

d) işden çykylanda tölenýän kömek puly.

173. Eger-de bagly taraplaryň arasynda amallar geçirilen bolsa, kärhana bagly taraplaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň häsiýetini, şol sanda bu amallar we özara hasaplaşyklaryň üzülmedik tapawudy baradaky şu özara gatnaşyklaryň maliýe hasabatlylygyna mümkin bolan täsirine düşünmek üçin zerur bolan maglumaty açmaga borçlydyr. Iň bolmanynda şu aşakdaky maglumatlar açylmaga degişlidir:

a) geçirilen amallaryň pul möçberi;

b) özara hasaplaşyklaryň üzülmedik tapawudynyň pul möçberi we olar bilen bagly:

şertler, şol sanda hasaplaşyklarda görkezilýän, garşylyklaýyn bermek bilen üpjünçilik we onuň häsiýeti;

berlen we alnan islendik kepillendirmeler barada jikme-jik maglumatlar;

ç) üzülmedik tapawudyň pul möçberi bilen bagly şübheli bergiler boýunça gorlar;

d) bagly taraplardan alynmaga degişli bolan, üzüljegine umyt bolmadyk we şübheli bergiler babatynda döwrüň dowamynda ykrar edilen çykdajy.

174. Maglumat aşakda sanalyp geçilýän toparlaryň her biri üçin aýratynlykda açylmalydyr:

a) düýp kärhana;

b) şu kärhana bilelikde gözegçiligi amala aşyrýan ýa-da oňa ähmiýetli täsir edýän kärhana;

ç) golçur kärhanalar;

d) assosirlenen kärhanalar;

e) beýleki bagly taraplar.

175. Olar hakyndaky maglumatlar açylmaly bolan amallaryň mysallary:

a) harytlary satyn almak ýa-da ýerlemek (taýýar we önümçiligi tamamlanmadyk önümler);

b) emläkleri we beýleki aktiwleri satyn almak ýa-da ýerlemek;

ç) hyzmat etmek ýa-da ony almak;

d) kärende;

e) barlaglary we işläp taýýarlamalary bermek;

ä) ygtyýarnama ylalaşyklary boýunça bermek;

f) maliýe ylalaşyklary boýunça bermek (şol sanda karzlar we pul ýa-da haryt görnüşinde esaslyk maýa gatançlar);

g) kepillendirmeleri bermek ýa-da üpjün etmek;

h) beýleki kärhananyň adyndan borçnamalary üzmek ýa-da beýleki tarapyň adyndan kärhana tarapyndan borçnamalaryň üzülmegi.

176. Häsiýeti boýunça meňzeş maddalar jemlenen görnüşde açylyp bilner, aýratynlykda açmagyň bagly taraplaryň arasyndaky amallaryň kärhananyň maliýe hasabatlylygyna edýän täsirine düşünmek üçin zerur bolan ýagdaýlary muňa girmeýär.

# 7-NJI BÖLEK. “HASABA ALYŞ SYÝASATY, BUHGALTERÇILIK BAHALANDYRMALARDAKY ÜÝTGETMELER WE ÝALŇYŞLYKLAR”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

177. Şu “Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar” böleginiň maksady:

hasaba alyş syýasatyny saýlap almagyň we ulanmagyň;

hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleriň we hasaba alyş syýasatynda üýtgemeler barada maglumatlary açmagyň;

buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeleriň;

geçen hasabat döwürleriniň ýalňyşlyklaryny düzetmegiň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr.

178. Bölek kärhananyň maliýe hasabatlylygynyň hilini şu maliýe hasabatlylygynyň ýerlikligi, ygtybarlylygy we wagt boýunça we beýleki kärhanalaryň maliýe hasabatlylygy bilen onuň deňeşdirerlikli babatynda gowulandyrmagy meýilnamalaşdyrýar.

179. Geçen hasabat döwürleriniň ýalňyşlyklaryny düzetmegiň we hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleri ulanmak maksady bilen, gaýdymlaýyn düzedişleriň salgyt netijeleri “Peýdadan alynýan salgytlar” bölegine laýyklykda hasaba alynýar we açylýar.

## KESGITLEMELER

180. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Hasaba alyş syýasaty –** bu maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek üçin kärhana tarapyndan kabul edilen anyk ýörelgeler, esaslar, ylalaşyklar, kadalar we iş tejribesi bolup durýar.

**Buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler –** bu aktiwleriň we borçnamalaryň gündelik ýagdaýyna we aktiwler we borçnamalar bilen baglanyşykly geljekde garaşylýan peýdalara we borçnamalara baha bermegiň netijesinde ýüze çykýan, aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatyna ýa-da aktiwiň döwürleýin sarp edilýän pul möçberine düzediş girizmekdir. Buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler täze maglumatlaryň peýda bolmagynyň ýa-da wakalaryň ösüşiniň netijesinde ýüze çykýar we degişlilikde, ýalňyşlary düzetmek bolup durmaýar.

**Möhümlik –** eger maddalar bilelikde ýa-da aýratynlykda peýdalanyjylaryň maliýe hasabatlylygynyň esasynda kabul edilýän ykdysady çözgütlerine täsir edip bilýän bolsa, onda olaryň galdyrylyp gidilmegi ýa-da ýoýulmagy möhüm bolup durýar. Möhümlik ugurdaş ýagdaýlar bilen baglylykda baha berilýän anyk galdyryp gitmeleriň ýa-da ýoýulmalaryň möçberine we häsiýetine baglydyr. Degişli maddanyň möçberi ýa-da häsiýeti, ýa-da olaryň ikisiniň utgaşmasy aýgytlaýjy ýagdaý bolup biler.

**Geçen döwürleriň ýalňyşlyklary –** bu kärhananyň bir ýa-da ondan köp döwürler üçin maliýe hasabatlylygyndaky ygtybarly maglumatyň peýdalanylmandygy ýa-da nädogry peýdalanylandygy sebäpli, ýüze çykýan galdyrylan ýerler ýa-da ýoýulmalardyr, ygtybarly maglumat:

a) şol döwürler üçin maliýe hasabatlylygy çykarmak üçin tassyklanan mahalynda bar bolan bolsa; we

b) bu maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň we bermegiň barşynda alynmagyna we seredilmegine esasly garaşyp bolýan bolsa.

Şunuň ýaly ýalňyşlyklar matematiki hasaplamalardaky ýalňyşlygyň, hasaba alyş syýsasaty ulanylandaky ýalňyşlyklaryň, üns berilmezliginiň ýa-da faktlara nädogry düşündiriş berilmeginiň, şeýle hem kezzaplygyň netijelerini öz içine alýar.

**Gaýdymlaýyn (retrospektiw) ulanmak** täze hasaba alyş syýasatynyň amallara, gaýry wakalara we şertlere degişlilikde bu hasaba alyş syýasatynyň geçmişde hemişe peýdalanylyp gelýän ýaly görnüşde ulanylmagyndan ybaratdyr.

**Gaýdymlaýyn (retrospektiw) gaýtadan hasaplamak –** maliýe hasabatlylygynyň düzüm bölekleriniň pul möçberlerini ykrar etmäge, baha bermäge we açmaga geçen döwürdäki ýalňyşlyk hiç wagt bolmadyk ýaly görnüşde düzediş girizmekdir.

**Iş ýüzünde mümkin bolmazlyk –** kärhananyň talaby ulanmak üçin ähli akylly-başly tagallalary edýändigine garamazdan ony barybir ulanyp bilmeýän halatynda, haýsydyr bir talaby ulanmak iş ýüzünde mümkin bolmaýar. Mundan öňki belli bir döwürler üçin hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleri gaýdymlaýyn ulanmak ýa-da ýalňyşlyklary düzetmek üçin gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplamagy geçirmek şu ýagdaýlarda iş ýüzünde mümkin däldir, eger:

a) gaýdymlaýyn ulanmagyň ýa-da gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplamagyň netijesini kesgitlemek mümkin bolmasa;

b) gaýdymlaýyn ulanmak ýa-da gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplamak şol döwürde ýolbaşçylygyň nähili maksadynyň bolandygy barada ýol bermeleri talap edýän bolsa; ýa-da

ç) gaýdymlaýyn ulanmak ýa-da gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplamak ep-esli hasaplama baha bermelerini talap edýän bolsa we bu baha bermeler baradaky maglumatlary dogruçyl tapawutlandyrmak mümkin bolmadyk ýagdaýynda.

Hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleri **geljegi göz öňünde tutup ulanmak** we buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgemeleriň täsirini ykrar etmek – bu:

a) täze hasaba alyş syýasatynyň, syýasatyň üýtgän senesinden soň peýda bolan amallara, gaýry wakalara we şertlere degişlilikde ulanylmagydyr; we

b) buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgemetleriň täsirini häzirki döwürde we üýtgetmeleriň täsiri ýetýän geljekki döwürlerde ykrar etmekdir.

181. Maglumatlaryň galdyrylyp gidilmeginiň ýa-da ýoýulmalaryň maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylaryň ykdysady çözgütlerine täsir edip biljekdigine we diýmek, möhüm bolup biljekdigine baha bermek bu peýdalanyjylaryň häsiýetnamalaryna seretmegi talap edýär. Peýdalanyjylaryň telekeçilik, ykdysady iş we buhgalterçilik hasaba alnyşy babatynda ýeterlik derejede bilimleriniň, şeýle

hem maglumaty ýeterlik yhlas bilen öwrenmek isleginiň bolmagyny göz öňünde tutýar.

## HASABA ALYŞ SYÝASATYNY SAÝLAP ALMAK WE ULANMAK

182. Şu standartyň anyk bölegiň amala, gaýry waka ýa-da şerte degişlilikde ulanylýan mahalynda hasaba alyş syýasaty ýa-da onuň şu madda degişli ulanylýan düzgünleri şu standartyň bölegi ulanmak ýoly bilen kesgitlenmelidir.

183. Hasaba alyş syýasaty ony ulanmakdan alynýan netije möhüm bolup durmaýan bolsa, ulanylman bilner. Emma kärhananyň maliýe ýagdaýyny, maliýe netijelerini ýa-da pul serişdeleriniň hereketini şu standartyň böleklerinden möhüm däl gyşarmalara belli bir derejede ýol bermek bilen ýa-da şunuň ýaly gyşarmalary düzetmän görkezmek maksady bilen ulanarlykly bolup durmaýar.

184. Amala, gaýry waka ýa-da şerte degişlilikde ulanarlykly şu standartyň anyk böleginiň bolmadyk mahalynda ýolbaşçylyk maglumaty emele getirmek üçin hasaba alyş syýasatyny işläp taýýarlamakda we ulanmakda öz garaýşyny peýdalanmaga borçlydyr, bu maglumat:

a) ykdysady çözgütler kabul edilende peýdalanyjylar üçin ýerliklidir; we

b) maliýe hasabatlylygy ygtybarlydyr:

kärhananyň maliýe ýagdaýyny, maliýe netijelerini ýa-da pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezýän bolsa;

diňe olaryň hukuk görnüşini däl-de, eýsem amallaryň, gaýry wakalaryň we şertleriň ykdysady mazmunyny dogry görkezýän bolsa;

bitarap, ýagny, esassyzlykdan erkin bolup durýan bolsa;

köneçil bolup durýan bolsa; we

ähli möhüm babatlarda doly bolup durýan bolsa.

185. Ýolbaşçylyk hasaba alyş syýasatyny öz garaýşynyň esasynda saýlap alanda şu çeşmeleriň peselýän tertipde ulanarlyklydygyna üns bermelidir we seretmelidir:

a) meňzeş we bagly meselelere täsirini ýetirýän şu standartyň böleginiň talaplaryna we görkezmelerine;

b) aktiwleriň, borçnamalaryň, girdejileriň we çykdajylaryň “Konsepsiýada” berlen kesgitlermelerine, ykrar etme ölçeglerine we baha bermegiň konsepsiýalaryna;

ç) garaýyşlardan peýdalanylanda ýolbaşçylyk täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynda şoňa meňzeş ýa-da bagly ýagdaýlar üçin bar bolan talaplara we gollanma görkezmelerine üns berip biler.

186. Kärhana, eger şu standartyň bölekleriniň maddalary olar üçin dürli hasaba alyş syýasatynyň laýyk gelip biljek toparlary boýunça bölmegi ýörite talap etmeýän ýa-da rugsat etmeýän bolsa, meňzeş amallar, gaýry wakalar we şertler üçin hasaba alyş syýasatyny saýlap almalydyr we yzygiderli ulanmalydyr. Eger standart toparlar boýunça şunuň ýaly bölmäni talap edýän ýa-da oňa ýol berýän bolsa, onda şunuň ýaly toparyň her biri üçin degişli hasaba alyş syýasaty saýlanyp alynmalydyr we ol yzygiderli ulanylmalydyr.

187. Bir döwrüň dowamynda we bir döwürden beýleki döwre yzygiderli ulanylýan şol bir hasaba alyş syýasaty maliýe hasabatyndan peýdalanyjylara kärhananyň maliýe ýagdaýyndaky, maliýe netijelerindäki we pul serişdeleriniň hereketindäki üýtgetmeleriň meýillerini kesgitlemek üçin onuň dürli döwürlerdäki maliýe hasabatlaryny deňeşdirmäge mümkinçilik berer.

## HASABA ALYŞ SYÝASATYNDAKY ÜÝTGETMELER

188. Kärhana hasaba alyş syýasatyna üýtgetmeleri şunuň ýaly üýtgetmeleriň:

a) haýsydyr bir şu standartyň bölegi tarapyndan talap edýän ýagdaýynda; ýa-da

b) maliýe hasabatlylygynyň kärhananyň maliýe ýagdaýyna, maliýe netijelerine ýa-da pul serişdeleriniň hereketine amallaryň, gaýry wakalaryň ýa-da şertleriň edýän täsiri barada ygtybarly we has ýerlikli maglumatyň berilmegine getirjek ýagdaýynda girizmelidir.

189. Şu aşakdaky hereketler hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeler bolup durmaýar:

hasaba alyş syýasatynyň özüniň düýp manysy boýunça ozal bolan amallardan, gaýry wakalardan we şertlerden tapawutlanýan amallar, gaýry wakalar ýa-da şertler babatynda ulanylmagy;

täze hasaba alyş syýasatynyň ozal bolmadyk ýa-da möhüm bolmadyk amallar, gaýry wakalar ýa-da şertler barada ulanylmagy; we

başga bir ýagdaýda KOT kärhanalary üçin standartyň oňa adalatly gymmat boýunça baha bermegi talap edip biljek ýa-da rugsat berip biljek aktiwi babatynda adalatly gymmata ygtybarly baha bermegiň elýeter bolmadyk (ýa-da elýeter bolan) halatynda hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usulynyň üýtgemegi.

190. Haçan-da kärhananyň hasaba alyş syýasatyny şunuň ýaly üýtgetmelere degişlilikde ulanylýan ýörite geçiş düzgünlerini talap etmeýän bölegi ilkibaşda ulanylanda, üýtgän ýa-da hasaba alyş syýasatyny meýletin üýtgedýän mahalynda ol üýtgetmeleri gaýdymlaýyn ulanmalydyr.

191. Haçan-da kärhananyň täze hasaba alyş syýasatyny gaýdymlaýyn ulanýan mahalynda ol deňeşdirilýän maglumata degişlilikde ony, iş ýüzünde amala aşyrmak näderejede mümkin bolsa, şol derejede hem mundan ozalky geçen döwürler üçin ulanýar. Eger ýylyň başyndaky hem-de ýylyň ahyryndaky maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabatyň pul möçberlerine kumulýatiw täsiri kesgitlemegi iş ýüzünde amala aşyryp bolmaýan bolsa, onda geçen döwüre degişlilikde gaýdymlaýyn ulanmak mümkin däldir. Maliýe hasabatyndan öňki döwürlere degişli düzediş girizilen pul möçberleri görkezilen döwürleriň iň irkisinde öz maýasynyň üýtgetmäniň täsir eden her bir düzüm böleginiň başlangyç galyndysyna degişlidir. Adatça, paýlanmadyk peýda düzediş girizilýär. Emma, düzediş öz maýasynyň başga bir düzüm bölegine hem degişli bolup biler (mysal üçin, standartyň talaplaryna laýyk gelmegi üçin). Geçen döwürleriň maliýe maglumatynyň jemleri ýaly geçen döwürler baradaky islendik maglumata hem iş

ýüzünde amala aşyrmak näderejede mümkin bolsa, şol derejede hem mundan ozalky geçen döwürler üçin düzediş girizilýär.

192. Kärhanyň hasaba alyş syýasatyny ulanmagyň geçen ähli döwürler üçin kumulýatiw täsirini kesgitläp bilmeýändigi sebäpli, kärhana tarapyndan täze hasaba alyş syýasatyny gaýdymlaýyn ulanmak iş ýüzünde mümkin bolmadyk mahalynda ol täze hasaba alyş syýasatyny ony iş ýüzünde ulanmagy amala aşyrmagyň mümkin bolan iň irki döwründen başlap geljegi göz öňünde tutup ulanýar. Şeýlelikde, kärhana aktiwleriň, borçnamalaryň we öz maýasynyň kumulýatiw düzedişleriniň şu seneden öň ýüze çykan bölegini hasaba almaýar. Eger-de geçen islendik döwür üçin hasaba alyş syýasatyny geljegi göz öňünde tutup ulanmak iş ýüzünde mümkin däl bolsa hem, hasaba alyş syýasatyny üýtgetmäge rugsat edilýär.

## BUHGALTERÇILIK BAHALANDYRMALARDAKY ÜÝTGETMELER

193. Hojalyk işine mahsus bolan näbellilikleriň netijesinde maliýe hasabatlylygynyň köp maddalaryna takyk baha bermek mümkin däldir, olara diňe hasaplama esasynda baha berip bolar. Hasaplama esasynda baha bermek iň täze, elýeterli we ygtybarly maglumata esaslanýan garaýyşlaryň bolmagyny göz öňünde tutýar. Mysal üçin:

a) tölenjegine umyt bolmadyk bergilere;

b) ätiýaçlyklaryň könelmegine;

ç) maliýe aktiwleriniň ýa-da maliýe borçnamalarynyň adalatly gymmatyna;

d) peýdaly ulanylýan möhletine ýa-da ulanyş tutumy alynýan aktiwlerde jemlenen geljekki ykdysady peýdalary sarp etmegiň garaşylýan çyzgytlaryna; we

e) kepillendiriş borçnamalaryna hasaplama baha bermek talap edilip bilner.

194. Esasly hasaplama baha bermeleriniň peýdalanylmagy maliýe hasabatlylygyny düzmegiň möhüm bölegi bolup durýar we onuň ygtybarlylyk derejesini peseltmeýär.

195. Eger hasaplama taýdan baha bermekde esaslanylan ýagdaýlar üýtgände ýa-da täze maglumatyň peýda bolmagynyň ýa-da tejribe toplanmagynyň netijesinde, berlen hasaplama taýdan baha gaýtadan seredilmegini talap edip biler. Özüniň tebigaty boýunça hasaplama taýdan baha berlişine gaýtadan seredilmeginiň geçen döwürlere gatnaşygy ýokdur we ýalňyşlyklary düzetmek bolup durmaýar.

196. Hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleri buhgalterçilik taýdan baha berlişindäki üýtgemelerden tapawutlandyrmagyň kyn mahalynda ol buhgalterçilik taýdan baha bermedäki üýtgetme hökmünde hasaba alynýar.

197. Buhgalterçilik taýdan baha bermedäki üýtgetmäniň täsiri:

a) eger ol diňe şu döwre täsir edýän bolsa, üýtgetmäniň bolup geçen döwrüniň peýdasyna ýa-da ýitgisine; ýa-da

b) eger ol şu döwre-de, geljekki döwürlere hem täsir edýän bolsa, üýtgetmäniň bolup geçen döwrüniň we geljekki döwürleriň peýdasyna ýa-da ýitgisine goşmak arkaly geljegi göz öňünde tutup ykrar edilmedir.

198. Buhgalterçilik taýdan baha bermekdäki üýtgetme aktiwlerdäki ýa-da borçnamalardaky üýtgemelere näderejede sebäp bolan bolsa ýa-da öz maýasynyň maddasyna näderejede gatnaşygy bar bolsa, buhgalterçilik taýdan baha bermedäki üýtgetmeler degişli aktiwiň, borçnamanyň ýa-da maýanyň maddasynyň üýtgedilen döwürdäki balans gymmatyna düzediş girizmek ýoly bilen ykrar edilmelidir.

199. Buhgalterçilik taýdan baha bermekdäki üýtgetmäniň täsirini geljegi göz öňünde tutup ykrar etmek üýtgetmäniň amallara, gaýry wakalara we şertlere degişlilikde hasaplama bahasyndaky üýtgetmeleriň girizilen senesinden ulanylmalydygyny aňladýar. Buhgalterçilik taýdan baha bermekdäki üýtgetme häzirki döwrüň ýa-da häzirki we geljek döwürleriň diňe peýdasyna ýa-da ýitgisine täsir edip biler. Mysal üçin, tölenjegine umyt bolmadyk bergileriň pul möçberleriniň hasaplama bahasyndaky üýtgeme diňe häzirki döwrüň peýdasyna ýa-da ýitgisine täsir edýär we şol sebäbe görä şu döwürde ykrar edilýär. Emma, peýdaly ulanylýan hasaplama möhletiniň ýa-da ulanyş tutumy alynýan aktiwlerde jemlenen geljekki ykdysady peýdalary sarp etmegiň göz öňünde tutulýan çyzgytlarynyň üýtgemegi häzirki döwürdäki we aktiwiň peýdaly ulanylan möhletiniň her bir döwründäki ulanyş tutumy üçin çykdajylara täsir edýär. Iki ýagdaýda hem üýtgetmegiň häzirki döwre degişli netijeleri häzirki döwürdäki girdeji ýa-da çykdajy hökmünde ykrar edilýär. Eger şeýle ýagdaý bar bolsa, üýtgetmegiň geljek döwürlere täsiri şol geljek döwürlerde girdeji ýa-da çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

## ÝALŇYŞLYKLAR

200. Ýalňyşlyklar maliýe hasabatlylygynyň düzüm bölegi ykrar edilende, oňa baha berlende, ol görkezilende ýa-da açylanda ýüze çykyp biler.

201. Kärhana geçen döwürleriň düýpli ýalňyşlyklaryny olar ýüze çykarylandan soň çykarmak üçin tassyklanan maliýe hasabatlylygynyň birinji bukjasynda:

a) ýalňyşlyklaryň goýberilen döwrüniň (döwürleriniň) deňeşdirilýän maglumatlaryny gaýtadan hasaplamak arkaly; ýa-da

b) eger ýalňyşlyk görkezilen döwürleriň has irki döwründen öň goýberilen bolsa, onda aktiwleriň, borçnamalaryň ýa-da öz maýasynyň görkezilen döwürleriň has irki döwrüniň başlangyç galyndysyny gaýtadan hasaplamak arkaly gaýdymlaýyn düzediş girizmelidir.

202. Geçen döwrüň ýalňyşlygy gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplamak arkaly düzedilmelidir, belli bir döwre degişli täsiri ýa-da ýalňyşlygyň kumulýatiw täsirini kesgitlemegiň iş ýüzünde mümkin bolmadyk ýagdaýlary muňa girmeýär.

203. Belli bir döwre degişli ýalňyşlygyň bir ýa-da ondan köp döwür üçin deňeşdirilýän maglumata edýän täsirini kesgitlemegiň iş ýüzünde mümkin bolmadyk mahalynda kärhana gaýdymlaýyn hasaplamagyň iş ýüzünde mümkin bolan irki döwründe (bu döwür häzirki döwür hem bolup biler) aktiwleriň, borçnamalaryň we öz maýasynyň başlangyç galyndysyny gaýtadan hasaplamalydyr.

204. Häzirki döwrüň başyndaky ýagdaýa görä geçen ähli döwürlere edilýän kumulýatiw täsiri iş ýüzünde kesgitlemegiň mümkin bolmadyk mahalynda, kärhana olary amala aşyrmagyň iş ýüzünde mümkin bolan iň irki senesinden başlap, ýalňyşlyklary geljegi göz öňünde tutup düzetmelidir.

205. Geçen döwrüň ýalňyşlyklarynyň düzedilmegi ýalňyşlygyň ýüze çykarylan döwrüniň peýdasyna ýa-da ýitgisine goşulmaýar. Geçen döwürler hakynda berlen islendik maglumat ol näçe döwür babatynda amala aşyrarlykly bolsa, şonça döwür yza gaýtmak bilen gaýtadan hasaplanmalydyr.

206. Geçen ähli döwürleriň ýalňyşlyklarynyň pul möçberini (mysal üçin, hasaba alyş syýasatyny ulanmakdaky ýalňyşlyk) iş ýüzünde kesgitlemegiň mümkin bolmadyk mahalynda, kärhana ony iş ýüzünde amala aşyrmagyň mümkin bolan iň irki döwründen başlap, deňeşdirilýän maglumaty geljegi göz öňünde tutup gaýtadan hasaplamalydyr. Şeýlelikde, kärhana aktiwleri, borçnamalary we öz maýasyny gaýtadan kumulýatiw hasaplamagyň şol senä çenli ýüze çykan bölegini hasaba almaýar.

207. Ýalňyşlyklary düzetmek bilen hasaplama taýdan bahalandyrmalardaky üýtgetmeler tapawutlandyrmalydyr. Onuň soňkusy öz tebigaty boýunça takmynan ähmiýetler bolup durýar, olara goşmaça maglumatyň gelip gowşuşyna görä gaýtadan seredilmelidir. Mysal üçin, hojalyk işiniň şertli ýagdaýynyň jeminiň netijesi hökmünde ykrar edilen gaýry girdeji ýa-da ýitgi ýalňyşyklary düzetmek bolup durmaýar.

## MAGLUMATY AÇMAK

208. Eger standartyň ilkibaşky ulanylmagy häzirki ýa-da geçen döwre täsir edýän bolsa, şeýle hem eger hasaba alyş syýasatynyň meýletin üýtgedilmegi häzirki ýa-da geçen döwre täsir edýän bolsa, onda kärhana şu maglumaty açmalydyr:

a) hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmäniň häsiýetini;

b) görkezilen häzirki we geljek döwürleriň her biri üçin düzedişleriň pul möçberini, maliýe hasabatlylygynyň täsir ýeten her bir maddasy üçin onuň amala aşyrarlykly bolan derejesinde;

ç) eger gaýdymlaýyn ulanmak belli bir geçen döwür ýa-da görkezilen geçen döwürler üçin iş ýüzünde mümkin bolmasa, şunuň ýaly şertiň bolmagyna getiren ýagdaýlary we hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeleriň nähili we haýsy pursatdan ulanylandygynyň beýanyny.

209. Soňky döwürleriň maliýe hasabatlylygynda bu maglumaty açmagy gaýtalamak talap edilmeýär.

210. Kärhana şu döwürde täsir edýän hasaplama bahalaryndaky üýtgetmeleriň häsiýetini we pul möçberini ýa-da geljek döwürlerde täsir eder diýip garaşylýan üýtgemeleriň häsiýetini we pul möçberini açmalydyr, bu täsire baha bermegiň iş ýüzünde mümkin bolmadyk mahalynda geljekki döwürlere edýän täsirini açmak muňa girmeýär.

211. Eger geljekki döwürlere edilýän täsiriň ululygy baha bermegiň iş ýüzünde amala aşyrarlykly däldigi sebäpli açylmaýan bolsa, onda kärhana bu ýagdaýy açmalydyr.

212. Ýalňyşlyklaryň düzedilen ýagdaýynda kärhana şu maglumaty açmalydyr:

a) geçen döwrüň ýalňyşlyklarynyň häsiýetini;

b) geçen döwürleriň her biri üçin düzedişleriň pul möçberini, maliýe hasabatlylygynyň täsir ýeten her bir maddasy üçin onuň amala aşyrarlykly bolan derejesinde;

ç) görkezilen döwürleriň iň irkisiniň başyndaky ýagdaýa görä düzedişleriň pul möçberini;

d) eger gaýdymlaýyn gaýtadan hasaplamak belli bir geçen döwür üçin iş ýüzünde mümkin bolmasa, onda şunuň ýaly şertiň bolmagyna getiren ýagdaýlary we ýalňyşlygyň nähili we haýsy pursatdan düzedilendiginiň beýanyny.

213. Soňky döwürleriň maliýe hasabatlylygynda bu maglumaty açmagy gaýtalamak talap edilmeýär.

## 8-NJI BÖLEK. “ÄTIÝAÇLYKLAR”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

214. Şu bölegiň maksady ätiýaçlyklary hasaba almagyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr. Ätiýaçlyklar hasaba alnanda esasy mesele ätiýaçlyklara baha bermek bolup durýar:

aktiw hökmünde ykrar edilýän we olaryň geljekde getirjek degişli düşewündiniň ykrar edilýän pursatyna çenli geljekki döwürlere geçirilýän hakyky harajatlaryň pul möçberini kesgitlemek. Şu bölek hakyky harajatlary kesgitlemek we mümkin bolan ýerlemegiň (gaýtadan baha bermegiň ýa-da arzanlatmagyň) arassa gymmatyna çenli islendik hasapdan öçürmäni goşmak bilen, olary soňundan çykdajylar hökmünde ykrar etmek boýunça görkezmeleri öz içine alýar;

hakyky harajatlaryň möçberini ätiýaçlyklara degişli etmek üçin peýdalanylýan özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň usullary.

215. Şu bölek ähli ätiýaçlyklar babatynda ulanylýar, şu aşakdakylar muňa girmeýär:

a) gurluşyk baradaky şertnama boýunça ýüze çykýan tamamlanmadyk önümçilik, olar bilen gönüden-göni baglanyşykly hyzmat etmek baradaky şertnamalary goşmak bilen (“Düşewünt” bölegi);

b) maliýe gurallary;

ç) oba hojalyk işine degişli biologik aktiwler we onuň ýygnalýan pursatynda oba hojalyk önümleri (“Ýöriteleşdirilen iş” bölegi);

216. Diňe baha bermek babatynda bölegiň düzgünleri ätiýaçlyklaryň aşakdakylara degişli görnüşlerine degişli däldir:

a) oba hojalyk önümlerini we tokaý hojalyk önümlerini, ýygnalandan soň oba hojalyk önümlerini, şeýle hem gazylyp alynýan peýdaly magdanlara we olara bu pudaklarda hasaba alnyşyň kabul edilen iş tejribesine laýyklykda mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça baha berilýän şertlerinde peýdaly magdanlary gaýtadan işlemek bilen alynýan önümleri öndürijilere. Eger-de şunuň ýaly ätiýaçlyklara mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça baha berlende bu bahadaky üýtgetmeler şol üýtgetmeleriň bolup geçen döwründe alnan peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýär;

b) öz ätiýaçlyklaryna ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly baha berýän haryt dellallaryna-treýderlerine. Eger-de şunuň ýaly ätiýaçlyklara olary ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen baha berlende, olary ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly bahadaky üýtgemeler bu baha bermegiň bolup geçen döwründe alnan peýdanyň ýa-da çekilen zyýanyň düzüminde ykrar edilýär.

## KESGITLEMELER

217. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Ätiýaçlyklar –** bu:

a) adaty işiň barşynda ýerlemek üçin niýetlenen;

b) şunuň ýaly ýerlemek üçin önümçilikde bolýan; ýa-da

ç) önümçiligiň barşynda ýa-da hyzmatlaryň edilýän wagtynda sarp ediljek çig mal we materiallar görnüşindäki aktiwlerdir.

Ätiýaçlyklara şular degişlidir:

satyn alnan we gaýtadan satmak üçin niýetlenen harytlar, mysal üçin, bölek satuw söwda kärhanasy tarapyndan satyn alnan we gaýtadan satmak üçin niýetlenen harytlary goşmak bilen;

gaýtadan satmak üçin niýetlenen jaý, enjamlar we beýleki emläk;

önümçiligiň barşynda peýdalanmak üçin niýetlenen çig maly we materiallary goşmak bilen, kärhananyň taýýar önümi ýa-da tamamlanmadyk önümçiligi;

olar babatynda kärhananyň olar bilen baglanyşykly girdejileri (düşewündi) ykrar etmedik hyzmatlary üçin harajatlar (hyzmatlary üpjün edijilerde).

**Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty –** bu önümçiligi tamamlamak üçin hasaplama harajatlaryny we ýerlemek üçin çekilmegi zerur bolan hasaplama harajatlaryny aýyrmak bilen, adaty işiň barşynda ýerlemegiň hasaplama bahasydyr.

**Adalatly gymmat –** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi calşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

218. Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty kärhananyň ony adaty işiň barşynda ätiýaçlyklary ýerlemekden almagy göz öňünde tutýan hakyky pul möçberine degişlidir. Adalatly gymmat bu barada gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler amala aşyrylanda bazarda şol ätiýaçlyklaryň çalşylyp bilinjek möçberini görkezýär. Olaryň birinjisi kärhana mahsus bolan gymmaty görkezýär, soňkusy ony görkezmeýär. Ätiýaçlyklary mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty adalatly gymmatdan olary ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen tapawutlanyp biler.

## ÄTIÝAÇLYKLARY YKRAR ETMEK WE OLARA BAHA BERMEK

219. Ätiýaçlyklara iki ululygyň haýsysynyň möçberi pes bolsa, şol boýunça, ýagny, özüne düşýän gymmaty boýunça ýa-da mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça baha berilýär.

220. Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty satyn almak, gaýtadan işlemek üçin harajatlary we ätiýaçlyklaryň häzirki wagtda ýerleşýän ýerini hem-de ýagdaýyny üpjün etmek üçin çykarylan ähli harajatlary öz içine almalydyr.

221. Ätiýaçlyklary satyn almak üçin harajatlar şulary öz içine alýar:

satyn alyş bahasyny;

daşyndan haryt getirilendigi üçin pajy we gaýry salgytlary (soňyndan salgyt edaralary tarapyndan kärhana öwezi dolunýan salgytlar muňa girmeýär);

daşamak, ýüklemek-düşürmek we harytlary, materiallary, işleri we hyzmatlary satyn almak bilen gönüden-göni baglanyşykly beýleki harajatlar.

222. Söwda arzanlatmalary, ýeňillikler we şuňa meňzeş beýleki maddalar satyn almak üçin harajatlar kesgitlenende aýrylmaga degişlidir.

223. Ätiýaçlyklary gaýtadan işlemek üçin harajatlar şulary öz içine alýar:

önüm öndürmek bilen gönüden-göni baglanyşykly, zähmet hakyny tölemek üçin göni harajatlary; şeýle hem

taýýar önüm öndürmek üçin çig mal gaýtadan işlenende ýüze çykýan ulgamlaýyn paýlanan hemişelik we üýtgäp durýan goşmaça önümçilik çykdajylaryny.

224. Hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylary – bu gytaklaýyn önümçilik harajatlary bolup, önümçiligiň möçberine garamazdan, belli bir derejede üýtgewsiz galýan harajatlardyr, mysal üçin, ulanyş tutumlary we önümçilik binalaryna we enjamlaryna hyzmat etmek, şeýle hem önümçilik bilen bagly dolandyryş we edara ediş harajatlary.

225. Üýtgäp durýan goşmaça önümçilik çykdajylary – bu gytaklaýyn önümçilik harajatlary bolup, olar önümçiligiň möçberine göni ýa-da iş ýüzünde göni bagly harajatlardyr, mysal üçin, çig mal üçin gytaklaýyn harajatlar ýa-da zähmet hakyny tölemek üçin gytaklaýyn harajatlar.

226. Hemişelik goşmaça önümçilik çykdajylaryny gaýtadan işlemek üçin harajatlara degişli etmek önümçilik kuwwatlyklarynyň kadaly öndürijiliginiň esasynda geçirilýär.

227. Kadaly öndürijilik – bu adaty şertlerde, meýilnamalaýyn hyzmat etmek bilen baglanyşykly öndürijilikdäki ýitgileri hasaba alyp, birnäçe iş döwrüniň ýa-da möwsüminiň görkezijileriniň esasynda kesgitlenýän ortaça önümçilik görkezijilerinden ugur almak bilen, alynmagyna garaşylýan önümçilik möçberi bolup durýar. Önümçiligiň hakyky möçberi eger kadaly iş öndürijiligine takmynan laýyk gelen halatynda peýdalanylyp bilner.

228. Şunda önümiň birligine degişli edilýän hemişelik goşmaça çykdajylaryň möçberi önümçilik derejesiniň pes bolan döwründe ýa-da boş durlan döwürde ýokarlanmaly däldir. Paýlanmadyk goşmaça çykdajylar olaryň ýüze çykan döwründäki çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

229. Önümçiligiň adaty bolmadyk ýokary derejesi bolan döwürlerde önümçiligiň her birligine degişli edilýän hemişelik goşmaça çykdajylaryň möçberi ätiýaçlyklara olaryň özüne düşýän gymmatyndan ýokary baha berilmez ýaly görnüşde azaldylýar.

230. Üýtgäp durýan goşmaça önümçilik çykdajylary önümçilik kuwwatlyklarynyň hakyky peýdalanylyşynyň esasynda önümiň her birligine degişli edilýär.

231. Önümçiligiň barşynda şol bir wagtda bir önümden köp önüm öndürilip bilner. Bu ýagdaý, mysal üçin, bilelikde çykarylýan önümler öndürilende ýa-da esasy önüm we goşmaça önüm öndürilende bolup geçýär. Eger-de her bir önümi gaýtadan işlemek üçin harajatlary aýratynlykda tapawutlandyryp bolmaýan bolsa, onda olar deň ölçeglilik we yzygiderlilik esasda önümleriň arasynda paýlanýar. Mysal üçin, paýlama her bir önümi ýerlemegiň belli bir gymmaty esasynda ýa-da önüm öndürilýän wagtynda, ýagny, önümleri aýratynlykda tapawutlandyryp bolýan döwründe ýa-da önümçilik tamamlananda geçirilýär. Goşmaça önümleriň köpüsi, öz tebigaty boýunça, möhüm bolup durmaýar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda olar köplenç, mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmaty boýunça baha berilýär we bu

gymmat esasy önümiň özüne düşýän gymmatyndan aýrylýar. Onuň netijesi hökmünde esasy önümiň balans gymmaty onuň özüne düşýän gymmatyndan ujypsyz derejede tapawutlanýar.

232. Gaýry harajatlar ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna ätiýaçlyklaryň häzirki wagtda ýerleşýän ýerini we ýagdaýyny üpjün etmek üçin çykarylýan harajatlaryň derejesinde goşulýar. Mysal üçin, ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna önümçilik däl goşmaça çykdajylaryň ýa-da önümleri anyk müşderiler üçin ýa-da ýörite sargyt boýunça işläp taýýarlamak boýunça harajatlaryň goşulmagy maksadalaýyk bolup biler.

233. Ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýan we ýüze çykan döwründäki çykdajylar hökmünde ykrar edilýän harajatlar şulardan ybaratdyr:

a) çig malyň, artyk sarp edilen zähmet ýa-da gaýry önümçilik harajatlaryň ölçegnamadan artyk ýitgileri;

b) saklamak üçin harajatlar, eger-de önümçiligiň barşynda olar önümçiligiň nobatdaky tapgyryna geçmek üçin talap edilmeýän bolsa;

ç) ätiýaçlyklaryň häzirki wagtda ýerleşýän ýerini we ýagdaýyny üpjün etmäge ýardam etmeýän dolandyryş üçin goşmaça çykdajylar;

d) ýerlemek üçin harajatlar.

234. Karzlar boýunça harajatlar ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna örän seýrek ýagdaýda, diňe “Karzlar boýunça harajatlar” bölegine laýyklykda goşulýar. Galan ähli ýagdaýlarda şunuň ýaly çykdajylar döwrüň çykdajylaryna degişli edilýär.

235. Kärhana ätiýaçlyklary tölegi soňa süýşürmek şertlerinde satyn alyp biler. Eger ylalaşyk hakykatdan maliýeleşdirişiň bölegini öz içine alýan bolsa, onda adaty söwda karzynyň şertlerinde satyn alyş bahasy bilen tölenen pul möçberiniň arasyndaky tapawut maliýeleşdirilýän döwrüň dowamynda göterimleri tölemek üçin çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

### Hyzmatlar bilen üpjün edijiniň ätiýaçlyklarynyň özüne düşýän gymmaty

236. Hyzmatlar bilen üpjün edijiler öz ätiýaçlyklaryna olary öndürmek üçin harajatlar boýunça baha berýärler. Bu harajatlar, esasan gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýän işgärleri goşup, hyzmat etmek bilen gönüden-göni meşgullanýan işgärleriň zähmetine hak tölemek üçin çykdajylar we olar üçin gaýry harajatlar we paýlanýan goşmaça çykdajylar.

237. Zähmete hak tölemek üçin harajatlar we önümleri ýerlemek bilen meşgullanýan we umumy häsiýetli dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýän işgärlere degişli gaýry harajatlar ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýar-da, ýüze çykan döwründe çykdajylar hökmünde ykrar edilýär.

238. Hyzmatlar bilen üpjün edijiniň ätiýaçlyklarynyň özüne düşýän gymmaty peýdanyň ölçegini ýa-da köplenç hyzmatlar bilen üpjün edijiler tarapyndan kesgitlenilýän bahalaryň esasynda goýlan paýlanmaýan goşmaça çykdajylary öz içine almaýar.

**Biologik aktiwlerden alnan, ýygnalan oba hojalyk önüminiň özüne düşýän gymmaty**

239. “Ýöriteleşdirilen iş” bölegine laýyklykda, kärhananyň özüniň biologik aktiwlerinden alan, ýygnalan oba hojalyk önüminden ybarat bolan ätiýaçlyklara ilkibaşda ykrar edilende, ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, ýygnalan pursatyndaky adalatly gymmaty boýunça baha berilýär. Bu şu standarty ulanmagyň çäklerinde, ýatlanylan senedäki ýagdaýa görä, ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty bolup durýar.

**Özüne düşýän gymmaty kesgitlemegiň usullary**

240. Hasaplamagyň amatly bolmagy üçin ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemegiň şu usullary peýdalanylyp bilner:

a) ölçegleýin harajatlar boýunça hasaba alyş usuly; ýa-da

b) bölek satuw söwda bahalary boýunça hasaba alyş usuly, eger-de olary ulanmagyň netijeleri özüne düşýän gymmatyň ähmiýetine takmynan laýyk gelýän bolsa.

241. Ölçegleýin harajatlary çig maly we materiallary, zähmeti sarp etmegiň, kuwwatlyklardan peýdalanmagyň netijeliliginiň we olaryň öndürijiliginiň kadaly derejelerini göz öňünde tutýar. Olara yzygiderli seljerme geçirilýär we zerur bolan halatynda häzirki şertleri hasaba almak bilen gaýtadan seredilýär.

242. Bölek satuw söwda bahalary usuly köplenç bölek satuw söwdada, birmeňzeş peýda ölçegi bolan, çalt üýtgäp durýan, olar babatynda özüne düşýän gymmaty kesgitlemegiň gaýry usullaryny peýdalanmak iş ýüzünde mümkin bolmadyk maddalaryň uly möçberinden ybarat ätiýaçlyklara baha bermek üçin peýdalanylýar. Ätiýaçlyklaryň birliginiň özüne düşýän gymmaty ätiýaçlyklaryň şu birliginiň ýerleme bahasyny jemi peýdanyň degişli göterimine azaltmak ýoly bilen kesgitlenýär. Peýdalanylýan göterimiň ululygy kesgitlenende gymmaty olaryň ilkibaşky ýerleme bahasyndan pes derejä çenli azaldylan ätiýaçlyklyklar hasaba alynýar. Köplenç ýagdaýda bölek satuw söwdanyň her bölümi üçin göterimiň ortaça ähmiýeti peýdalanylýar.

**Özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň usullary**

243. Adatça birini beýlekisi bilen çalşyp bolmaýan aýry-aýry maddalaryň ätiýaçlyklarynyň, şeýle hem öndürilen we anyk taslamalar üçin bölünip berlen harytlaryň we hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty anyk harajatlaryň özüne mahsus tapawutlandyrylmagyny peýdalanmak bilen kesgitlenmelidir.

244. Harajatlaryň özüne mahsus tapawutlandyrylmagy anyk harajatlaryň ätiýaçlyklaryň tapawutlandyrylýan maddalaryna degişlidigini aňladýar. Hasaba alnyşyň bu usuly olaryň satyn alnandygyna ýa-da öndürilendigine garamazdan, anyk taslamalar üçin bölünip berlen maddalara laýyk gelýär. Şeýle-de bolsa, harajatlaryň özüne mahsus tapawutlandyrylmagy adatça birini beýlekisi bilen

çalşyp bolýan  ätiýaçlyk maddalarynyň sanynyň köp bolan halatynda kabul ederlikli däldir. Şeýle ýagdaýlarda peýda ýa-da ýitgä edilýän täsiriň öňünden kesgitlenen ululygyny almak üçin ätiýaçlyklaryň ätiýaçlyklarda galýan orunlaryny saýlap almak usulyny peýdalanyp bolar.

245. Şu standartyň 243-nji bölüminde seredilýänlerden başga, ätiýaçlyklaryň özüne düşýän gymmaty şulary peýdalanmak bilen kesgitlenmelidir:

a) “ilkinji gelip gowuşma – ilkinji goýberme” usuly (FIFO); ýa-da

b) ortaça ölçenen gymmat usuly.

246. Kärhana tarapyndan birmeňzeş häsiýetde we usulda peýdalanylýan ätiýaçlyklaryň ähli̇si üçin özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň şol bir hasaplama usulyndan peýdalanmalydyr. Peýdalanmagyň birmeňzeş häsiýeti ýa-da usuly bolmadyk ätiýaçlyklar babatynda özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň dürli usullarynyň ulanylmagy esasly bolup biler.

247. FIFO usuly ätiýaçlyklaryň ilkinji bolup alnan ýa-da öndürilen maddalary birinji satylar we degişlilikde, ýylyň ahyrynda ätiýaçlyklarda galýan maddalary bolsa iň soňky bolup satylar ýa-da öndüriler diýen ýol bermelerden ugur alýar.

248. Ortaça ölçenen gymmat usulyna laýyklykda her bir maddanyň özüne düşýän gymmaty döwrüň başynda şoňa meňzeş maddalaryň özüne düşýän gymmatynyň ortaça ölçenen ähmiýetiniň we döwrüň dowamynda satyn alnan ýa-da öndürilen şoňa meňzeş maddalaryň özüne düşýän gymmatynyň esasynda kesgitlenýär. Ortaça ähmiýet döwürleýin esasda ýa-da kärhananyň işiniň aýratynlygyna baglylykda ätiýaçlyklaryň her täze tapgyry alnanda hasaplanyp bilner.

249. Kärhana tarapyndan birmeňzeş peýdalanmak üçin niýetlenen ähli birmeňzeş ätiýaçlyklar üçin özüne düşýän gymmaty kesgitlemegiň şol bir usuly peýdalanylmalydyr, şol bir wagtyň özünde bolsa beýleki ätiýaçlyklar üçin özüne düşýän gymmaty kesgitlemegiň başga usulynyň peýdalanylmagy esasly bolup biler. Şeýle-de bolsa, ätiýaçlyklaryň geografiki taýdan ýerleşişindäki tapawut öz-özünden özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň dürli usullaryny peýdalanmak üçin ýeterlik esas bolup durmaýar.

### Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçmagy

250. “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine laýyklykda, kärhana her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçandygyny kesgitlemelidir, ýagny, balans gymmatynyň öwezi doly möçberde dolunyp bilinmez (mysal üçin, zeper ýetmegi, könelmegi ýa-da satuw bahalarynyň peselmegi sebäpli). Ätiýaçlyklar maddasynyň (maddalar toparynyň) gymmatynyň gaçan ýagdaýynda görkezilen bölümler kärhanany ätiýaçlyklara olary tamamlamak ýa-da satmak üçin harajatlary aýyrmak bilen, olaryň satuw bahasy boýunça bermäge we gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini ykrar etmäge borçlandyrýar. Şeýle hem “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” böleginde gymmaty gaçan ätiýaçlyklaryň gymmatynyň dikeldilmeli ýagdaýlary beýan edilýär.

## ÇYKDAJYLAR HÖKMÜNDE YKRAR ETMEK

251. Ätiýaçlyklar ýerlenende bu ätiýaçlyklaryň balans gmmaty aktiwler bilen baglanyşykly girdejileriň (düşewüntleriň) ykrar edilýän döwründe çykdajylar hökmünde ykrar edilmelidir. Ätiýaçlyklaryň bahasynyň mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatyna çenli islendik görnüşde arzanlan pul möçberi we ätiýaçlyklaryň ähli ýitgileri arzanlatmagyň ýerine ýetirilen ýa-da ýitginiň bolan döwründe çykdajy hökmünde ykrar edilmelidir. Mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatynyň artmagy bilen baglanyşykly ýerine ýetirilen, ätiýaçlyklary hasapdan öçürmek babatynda islendik rewersiw ýazgynyň pul möçberi şol rewersiw ýazgynyň geçirilen döwründe, çykdajylaryň düzüminde görkezilen ätiýaçlyklaryň ululygynyň azalmagy hökmünde ykrar edilmelidir.

252. Käbir ätiýaçlyklar, mysal üçin, öz güýçleri bilen döredilen esasy serişdeleriň düzüm bölekleri hökmünde peýdalanylan ätiýaçlyklar, aktiwleriň beýleki hasaplaryna degişli bolup biler. Beýleki aktiwlere degişli edilen aktiwler şonuň ýaly aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

## MAGLUMATY AÇMAK

253. Maliýe hasabatlylygy şulary açyp görkezmelidir:

a) özüne düşýän gymmaty hasaplamagyň peýdalanylýan usulyny goşmak bilen, ätiýaçlyklara baha bermek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatynyň ýörelgelerini;

b) ätiýaçlyklaryň umumy balans gymmaty we şu kärhana tarapyndan peýdalanylýan görnüşler boýunça ätiýaçlyklaryň balans gymmatyny;

ç) ätiýaçlyklaryň hasabat döwrüniň dowamynda çykdajylar hökmünde ykrar edilen ululygyny;

d) hasabat döwründe çykdajy hökmünde ykrar edilen, ätiýaçlyklaryň islendik arzanlatma pul möçberini;

e) borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň üpjünçiligi hökmünde goýlan ätiýaçlyklaryň balans gymmatyny.

## 9-NJY BÖLEK. “ESASY SERIŞDELER”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

254. Şu bölegiň maksady esasy serişdeleri hasaba almagyň tertibini maliýe hasabatyndan peýdalanyjylar kärhananyň esasy serişdelere goýan maýa goýumlary we şular ýaly maýa goýumlaryndaky üýtgemeler barada maglumat alyp bilerler ýaly görnüşde kesgitlemekden ybaratdyr.

255. Şu bölek esasy serişdeleri hasaba almak üçin, şeýle hem gurulýan ýa-da geljekde maýa goýum emlägi hökmünde peýdalanmak üçin ulanmaga bermäge taýýarlanylýan, ýöne heniz “maýa goýum emlägi” kesgitlemesine laýyk gelmeýän düýpli goýumlary hasaba almak üçin ulanylýar. Desganyň gurluşygy tamamlanandan ýa-da özleşdirilenden soň düýpli goýumlar “Maýa goýum emlägi” bölegine laýyklykda maýa goýum emlägine öwrülýär.

256. Şu bölek aşakdakylar babatynda ulanylmaýar:

a) “Ýöriteleşdirilen iş” bölegine laýyklykda oba hojalyk işi bilen baglanyşykly biologik aktiwler;

b) ýerasty baýlyklaryň we nebit, tebigy gaz we şoňa meňzeş gaýtadan döremeýän serişdeler ýaly gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryndan peýdalanmak hukuklary.

## KESGITLEMELER

257. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Esasy serişdeler -** bu:

a) harytlary öndürmegiň ýa-da ibermegiň we hyzmatlary etmegiň barşynda, kärendä berlende ýa-da dolandyryş maksatlarynda peýdalanmak üçin niýetlenen;

b) bir ýyldan köp döwrüň dowamynda ulanylmagy göz öňünde tutulýan maddy aktiwlerdir.

**Balans gymmaty -** bu toplanan ulanyş tutumy we gymmaty gaçmakdan toplanan ýitgiler aýrylandan soň aktiwiň hasabatda ykrar edilýän gymmatydyr.

**Özüne düşýän gymmaty -** aktiwiň satyn alnan pursatynda ýa-da onuň gurulýan wagtynda tölenen pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň pul möçberi ýa-da aktiwi satyn almak maksady bilen berlen başga bir öwezlik töleginiň adalatly gymmaty ýa-da, muny ulanyp bolýan ýagdaýynda, KOT kärhanalary üçin standartynyň bölekleriniň anyk talaplaryna laýyklykda şunuň ýaly aktiw ilkibaşda ykrar edilen wagtynda görkezilen pul möçberi.

**Ulanyş tutumy hasaplanylýan ululyk -** aktiwiň hakyky gymmaty ýa-da onuň galyndy gymmatyny aýyrmak bilen hakyky gymmatyny çalyşýan başga bir pul möçberi.

**Adalatly gymmat -** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

**Öwezi dolunýan gymmat -** şu iki möçberiň ulusy, ýagny, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, aktiwiň adalatly gymmatynyň ýa-da ony peýdalanmakdan alynýan gymmatyň.

**Aktiwiň ýatyryş (galyndy) gymmaty -** eger aktiw peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyryna ýeten we peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyry üçin häsiýetli bolan ýagdaýa baran bolsa, kärhananyň ony çykyp gitmek üçin harajatlary aýyrmak bilen, aktiwiň çykyp giden häzirki pursatynda alyp biljek hasaplama pul möçberidir.

**Gymmaty gaçmakdan ýitgiler -** aktiwiň balans gymmatynyň onuň öwezi dolunýan gymmatyndan ýokary gelýän pul möçberi.

**Esasy serişdeleriň ulanyş tutumy -** aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda onuň gymmatynyň yzygiderli paýlanylmagy.

**Peýdaly ulanylýan möhleti -** bu:

a) belli bir döwür aralygy bolup, aktiwiň onuň dowamynda kärhana tarapyndan peýdalanylmagyna garaşylýar; ýa-da

b) kärhananyň aktiwi peýdalanmakdan almagyna garaşylýan önümiň birlikleriniň ýa-da şoňa meňzeş birlikleriň mukdary.

## ILKIBAŞDA YKRAR ETMEK

258. Esasy serişdeleriň obýektiniň özüne düşýän gymmaty diňe aşakdaky ýagdaýlarda aktiw hökmünde ykrar edilmäge degişlidir, eger-de:

a) kärhananyň geljekde şu obýekt bilen baglanyşykly ykdysady peýda almak ähtimallygy bar bolsa;

b) şu obýektiň özüne düşýän gymmatyny ygtybarly ölçäp bolýan bolsa.

259. Iri ätiýaçlyk şaýlary we ätiýaçlyk gorunda duran enjamlar, kärhana olary bir ýyldan köp ulanmagy maksat edinýän bolsa, esasy serişdeler hökmünde topara bölünýär. Edil şonuň ýaly, eger ätiýaçlyk şaýlaryny we hyzmat etmekde ulanylýan enjamlary diňe esasy serişdeleriň obýektlerini ulanmak bilen baglanyşykly peýdalanyp bolýan ýagdaýynda, olar esasy serişdeler hökmünde hasaba alynýar.

260. Esasy serişdeleriň käbir obýektleriniň bölekleri belli bir wagt geçenden soň çalşylmagyny talap edip biler. Eger subýekt esasy serişdeleriň obýektiniň bölekleriniň çalşylmagy geljekki ykdysady peýdalaryň gelmegini artdyrar diýip garaşýan bolsa, onda şunuň ýaly çalyşmagyň gymmaty bölegi çalyşmak üçin harajatlaryň ykrar edilen pursatynda obýektiň balans gymmatyna goşulmalydyr. Şeýle ýagdaýda çalşylýan şaýlaryň balans gymmatyny KOT kärhanalary üçin standartyň düzgünlerine laýyklykda ykrar etmek bes edilýär.

261. Obýektiň bölekleriniň çalşylýandygyna ýa-da çalşylmaýandygyna garamazdan, ýetmezçiligiň bardygy babatynda yzygiderli, düýpli tehniki barlaglaryň geçirilmegi esasy serişdeleriň obýektlerini ulanmagy dowam

etdirmegiň şerti bolup biler. Her gezekki düýpli tehniki barlaglar geçirilende onuň gymmaty, ykrar etme ölçegleri berjaý edilen şertlerinde, esasy serişdeleriň degişli obýektiniň balans gymmatynda çalyşma hökmünde ykrar edilýär. Ondan öňki tehniki barlagy geçirmek üçin harajatlaryň balans gymmatynyň galan bölegini (ätiýaçlyk şaýlardan tapawutlylykda) ykrar etmek bes edilýär. Bu ondan öňki tehniki barlagy geçirmek üçin harajatlaryň obýekti satyn almak ýa-da gurmak boýunça amalyň netijesinde tapawutlandyrylandygyna garamazdan geçirilýär. Zerur bolan halatynda geljekde şunuň ýaly tehniki barlagy geçirmek üçin harajatlaryň hasaplama bahasy obýektiň satyn alnan ýa-da gurlan pursatynda tehniki barlag üçin harajatlaryň bar bolan böleginiň gymmatynyň nähili bolandygynyň görkezijisi hökmünde peýdalanylyp bilner.

262. Ýer we jaýlar bölünip aýrylýan aktiwler bolup durýar we eger olar bilelikde satyn alynýan hem bolsa, aýratynlykda hasaba alynýar.

263. Kärhana esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmatynda obýekte gündelik tehniki hyzmat etmek üçin harajatlary ykrar etmeýär. Bu harajatlar olaryň ýüze çykyşyna görä çykdajylaryň düzüminde ykrar edilýär. Gündelik tehniki hyzmat etmek üçin harajatlar, esasan, zähmet hakyny tölemek we sarp edilýän materiallary satyn almak üçin harajatlardan ybarat bolýar, şeýle hem ownuk toplaýyş şaýlaryny satyn almak üçin harajatlary öz içine alyp biler. Bu harajatlaryň maksady esasy serişdeleriň obýektlerini “abatlamak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek” görnüşde beýan edilýär.

264. Esasy serişdeleriň obýekti ilkibaşda ykrar edilende subýekt bu obýekte onuň hakyky özüne düşýän gymmaty boýunça baha bermelidir.

265. Esasy serişdeleriň obýektiniň özüne düşýän gymmaty şulary öz içine alýar:

a) söwda ýeňilliklerini we öwezini dolmalary aýyrmak bilen, satyn alnan bahasyny hukukçylara we dellallara tölenýän haklary (gonorarlary), import üçin paçlary we satyn almak üçin öwezi dolunmaýan salgytlary goşmak bilen;

b) aktiwi bellenen ýere getirmek we kärhanyň ýolbaşçylygy tarapyndan kesgitlenen maksady boýunça peýdalanmaga ýaramly ýagdaýa getirmek üçin islendik göni harajatlar (obýekti oturtmak üçin ýeri taýýarlamak üçin harajatlar, ony getirmek we ýüklemek/düşürmek, oturtmak, ýygnamak we işe goýbermek-sazlamak işleri üçin harajatlar şunuň ýaly harajatlar bolup biler);

ç) kärhananyň bu obýekt satyn alnanda ýa-da ony belli bir döwrüň dowamynda haryt-maddy gymmatlyklary döretmek bilen bagly bolmadyk maksatlarda peýdalanmagyň netijesinde olar babatynda öz üstüne borçnama alan ýagdaýynda, esasy serişdeleriň obýektlerini sökmek we aýyrmak hem-de ony duran ýerinde dikeltmek üçin harajatlaryň ilkibaşky bahasyny.

266. Aşakdakylar şular ýaly göni harajatlaryň mysaly bolup durýar:

a) esasy serişdeleriň obýektlerini döretmegiň ýa-da satyn almagyň netijesinde gönüden-göni ýüze çykýan, işgärlere hak-heşdek tölemek üçin harajatlar;

b) çäkleri taýýarlamak üçin harajatlar;

ç) ilkibaşda getirmek we ýüklemek-düşürmek işleri üçin harajatlar;

d) oturtmak we gurnamak üçin harajatlar;

e) aktiwi bellenen ýerine getirmegiň we ony iş ýagdaýyna getirmegiň barşynda öndürilen önümleri (mysal üçin, enjam barlananda alnan nusgalary) ýerlemekden arassa gelip gowşan serişdeleri aýyrmak bilen, aktiwiň dogry işleýändigini barlamak üçin harajatlar; we

ä) hünärli hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegler.

267. Aşakdakylar esasy serişdeleriň obýektleriniň gymmatyna degişli bolmadyk harajatlaryň mysallary bolup durýar:

a) täze önümçilik toplumyny açmak üçin harajatlar;

b) täze önümleri ýa-da hyzmatlary ornaşdyrmak bilen baglanyşykly harajatlar (mahabat ediş ýa-da önümleri ýaýratmak boýunça çäreleri geçirmek üçin harajatlary goşmak bilen);

ç) täze ýerde ýa-da müşderileriň täze toparlary bilen täjirçilik işini alyp barmak bilen baglanyşykly harajatlar (işgärleri okatmak üçin harajatlary goşmak bilen);

d) dolandyryş we gaýry umumy goşmaça çykdajylar;

e) karzlar boýunça harajatlar ( "Karzlar boýunça harajatlar" bölegine seret).

268. Esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmatynda harajatlary ykrar etmek şunuň ýaly obýekt zerur bolan ýerine getirilen mahalynda we onuň kärhananyň ýolbaşçylygynyň maksatlaryna laýyklykda hereket etmegini üpjün edýän ýagdaýa getirilen wagtynda bes edilýär. Şeýlelikde, obýekt peýdalanylanda ýa-da ondan-oňa geçirilende çekilen harajatlar bu obýektiň balans gymmatyna goşulmaýar. Mysal üçin, şu harajatlar esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmatyna goşulmaýar:

a) ýolbaşçylygyň maksatlaryna laýyklykda hereket etmäge ukyply obýektiň ulanylmaga berilmedik ýa-da doly güýjünde işlemeýän döwrüniň dowamynda çekilen harajatlar;

b) amallar bilen bagly ilkibaşky ýitgiler: mysal üçin, bu obýektiň kömegi bilen öndürilýän önüme bolan islegi emele getirmegiň barşynda ýüze çykýan amallar bilen bagly ýitgiler;

ç) kärhanany bölekleýin ýa-da dolulygyna başga ýere göçürmek ýa-da onuň işini üýtgedip guramak üçin harajatlar.

269. Käbir amallar esasy serişdeleriň obýektini gurmak ýa-da özleşdirmek bilen bagly amala aşyrylýar, ýöne bu obýekti gerek ýerine alyp gitmek we onuň ýolbaşçylygyň maksatlaryna laýyklykda hereket etmegini üpjün edýän ýagdaýa getirmek üçin zerur bolup durmaýar. Bu goşmaça amallar gurluşyk we özleşdirmek boýunça işler başlanmazdan öň ýa-da işleriň geçirilýän wagtynda amala aşyrylyp bilner. Şunuň ýaly amallar boýunça girdejiler we olara degişli çykdajylar peýda ýa-da ýitgi hökmünde ykrar edilýär we degişli girdeji we çykdajy maddalarynyň düzümine goşulýar.

270. Kärhananyň öz güýji bilen döredilen aktiwiň özüne düşýän gymmaty satyn alynýan obýektiň özüne düşýän gymmatynyň kesgitlenilýän ýörelgeleriniň esasynda kesgitlenýär. Eger kärhana şuňa meňzeş aktiwleri adaty täjirçilik işiniň barşynda ýerlemek üçin öndürýän bolsa, onda şunuň ýaly aktiwiň özüne düşýän

gymmaty adatça, “Ätiýaçlyklar” bölegine laýyklykda, ýerlemek üçin aktiwi öndürmegiň gymmatyna laýyk gelýär. Degişlilikde, şunuň ýaly özüne düşýän gymmat kesgitlenende içerki girdejiler aýrylýar. Edil şunuň ýaly, aktiwiň özüne düşýän gymmatyna çig malyň we beýleki serişdeleriň ölçegden artyk sarp edilmegi, öz güýçleri bilen aktiw döredilende çekilen zähmet we beýleki harajatlar goşulmaýar.

271. Esasy serişdeleriň obýektiniň pul serişdeleriniň ekwiwalentindäki ykrar edilen senesindäki ýagdaýa görä bahasy onuň özüne düşýän gymmaty bolup durýar. Eger töleg karzlaşdyrmagyň adaty şertleriniň çäginden çykýan möhlete gaýra goýlan bolsa, onda pul serişdeleriniň ekwiwalentindäki baha bilen tölegiň umumy möçberiniň arasyndaky tapawut, eger şunuň ýaly göterim “Karzlar boýunça harajatlar” bölegine laýyklykda esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmatynda ykrar edilmeýän bolsa, karzlaşdyrylýan döwrüň göterimi hökmünde ykrar edilýär.

272. Eger esasy serişdeleriň obýekti pul däl aktiwe ýa-da aktiwleriň toparyna çalyşmak arkaly satyn alnan bolsa ýa-da eger esasy serişdeleriň obýekti üçin töleg garyşyk bolup, pul serişdeleriniň tölenmegini hem, haýsydyr bir monetar däl aktiwleriň berilmegini hem öz içine alýan bolsa, onda edinilýän aktiwiň balans gymmatyna adalatly gymmaty boýunça baha berilýär, şu aşakdakylar muňa girmeýär:

a) çalyşmak boýunça amalyň ýeterlik derejede täjirçilik mazmuny ýok bolan ýagdaýy; ýa-da

b) satyn alynýan aktiwiň adalatly gymmatyna hem, çalşylýan aktiwiň adalatly gymmatyna hem ygtybarly baha berip bolmaýan ýagdaýy. Şeýle ýagdaýlarda satyn alynýan aktiwiň gymmatyna ýerine berilýän aktiwiň balans gymmaty boýunça baha berilýär.

273. Eger kärhana alnan ýa-da berlen aktiwiň adalatly gymmatyny dogry kesgitlemäge ukyply bolsa, onda alnan aktiwiň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek üçin berlen aktiwiň adalatly gymmaty peýdalanylýar, alnan aktiwiň adalatly gymmatynyň has aýdyň görünýän ýagdaýlary muňa girmeýär.

## YKRAR EDILENDEN SOŇ BAHA BERMEK

274. Ilkibaşda ykrar edilenden soň kärhana esasy serişdeleriň ähli obýektlerine toplanan ulanyş tutumyny we gymmatyň gaçmagyndan toplanan ýitgileri aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha bermelidir. Kärhana esasy serişdeleriň obýektlerine gündelik hyzmat etmek üçin harajatlary, harajatlar haýsy döwürde çekilen bolsa, şol döwrüň peýdasynyň ýa-da ýitgisiniň düzüminde ykrar etmelidir.

## ULANYŞ TUTUMY

275. Esasy serişdeleriň obýektiniň özüne düşýän gymmaty obýektiň umumy özüne düşýän gymmatyna degişlilikde degerli möçberi tutýan her bir

bölegine ulanyş tutumlary aýratynlykda hasaplanylýar. Kärhana ilkibaşda esasy serişdeleriň obýektiniň düzüminde hasaba alnan pul möçberini onuň degerli bölekleriniň arasynda paýlaýar we her bir bölegi boýunca ulanyş tutumlaryny aýratynlykda hasaplaýar.

276. Esasy serişdeleriň obýektiniň bir degerli böleginiň peýdaly ulanylýan möhleti we ulanyş tutumlarynyň usuly şol bir obýektiň beýleki degerli böleginiň peýdaly ulanylýan möhletine we ulanyş tutumlaryny almagyň usulyna doly laýyk gelip biler. Şunuň ýaly bölekleri ulanyş tutumlarynyň ululygy kesgitlenende toparlara birleşdirip bolar.

277. Ulanyş tutumlarynyň her bir döwür üçin möçberi jemi peýda barada hasabatyň düzüminde ykrar edilmelidir, onuň beýleki aktiwiň balans gymmatynyň düzümine goşulýan ýagdaýlary muňa girmeýär. Şeýle ýagdaýda ulanyş tutumlarynyň möçberi beýleki aktiwiň özüne düşýän gymmatynyň bir bölegi bolup durýar we onuň balans gymmatyna goşulýar. Mysal üçin, esasy önümçilik serişdeleriniň ulanyş tutumlary ätiýaçlyklary gaýtadan işlemek üçin harajatlaryň düzümine goşulýar (“Ätiýaçlyklar” bölegine seret).

278. Aktiwiň ulanyş tutumlarynyň ululygy, bu aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda gyradeň üzülmäge degişlidir.

279. Aktiwden peýdalanmagyň usulynyň üýtgemegi, çak edilmeýän degerli derejede fiziki taýdan könelme, täze tehnologik işläp taýýarlamalar we bazar bahalarynyň üýtgemegi ýaly ýagdaýlar aktiwiň ýatyryş (galyndy) gymmatynyň ýa-da onuň peýdaly ulanylýan möhletiniň soňky ýyllyk hasabat senesinden bäri döwürde üýtgändigini görkezip biler. Eger şunuň ýaly alamatlar bar bolsa, onda kärhana özüniň ozalky buhgalterçilik baha bermelerine gaýtadan seretmelidir we eger gündelik çaklamalar şular ýaly buhgalterçilik baha bermelerden tapawutlanýan bolsa, aktiwiň ýatyryş gymmatyna, ondan ulanyş tutumyny almagyň usulyna ýa-da peýdaly ulanylýan möhletine düzediş girizmelidir. Kärhana ýatyryş gymmatyndaky, ulanyş tutumyny almagyň usulyndaky ýa-da peýdaly ulanylýan möhletindäki üýtgemeleri “Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar” bölegine laýyklykda buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgeme hökmünde hasaba almalydyr.

280. Aktiwlerden ulanyş tutumlaryny almak onuň peýdalanmak üçin elýeterli bolan mahalynda, ýagny, aktiwiň ýerleşýän ýeri we ýagdaýy ony ýolbaşçylygyň maksatlaryna laýyklykda ulanmagy amala aşyrmaga mümkinçilik berýän wagtynda başlanýar. Aktiwiň hasapdan öçürilen senesinden başlap onuň ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmak bes edilýär. Ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmak aktiwiň boş duran ýa-da aktiwiň işjeň peýdalanylmagy bes edilen halatynda bes edilmeýär, aktiwden ulanyş tutumlarynyň doly alnan ýagdaýy muňa girmeýär. Şeýle-de bolsa, aktiwi peýdalanmagyň esasynda ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmak usuly ulanylanda ulanyş tutumlarynyň pul möçberi, eger aktiw önümçilik işine gatnaşmaýan bolsa, nola deň bolar.

281. Aktiwiň peýdaly ulanylmaly möhleti kesgitlenende subýekt şu ýagdaýlary hasaba almalydyr:

a) aktiwi peýdalanmagyň garaşylýan düzgüni (iş bilen üpjün edilişi). Iş bilen üpjün edilişine aktiwiň garaşylýan kuwwatyndan ýa-da fiziki öndürijiliginden ugur alnyp baha berilýär;

b) garaşylýan fiziki taýdan könelme, ol şu aktiwi peýdalanýan çalşyklaryň sany, abatlamak we gündelik hyzmat etmek boýunça meýilnama, şeýle hem boş duran wagtynda aktiwi saklamagyň we gündelik hyzmat etmegiň şertleri ýaly önümçilik ýagdaýlaryna baglydyr;

ç) önümçilik işiniň üýtgemeginiň ýa-da kämilleşdirilmeginiň netijesinde ýa-da aktiwi peýdalanmak bilen öndürilýän önüme ýa-da edilýän hyzmatlara bolan bazar isleginiň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykýan tehniki we täjirçilik nukdaýnazaryndan moral taýdan könelme; we

d) degişli kärende şertnamalarynyň möhletiniň tamamlanmagy ýaly aktiwi ulanmak boýunça hukuk ýa-da şoňa meňzeş çäklendirmeler.

282. Ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmak üçin peýdalanylýan usul aktiwden geljekde alynjak ykdysady peýdany kärhana tarapyndan sarp etmegiň göz öňünde tutulýan gurluşyny görkezmelidir.

283. Aktiw babatynda ulanylýan ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmagyň usulyna her hasabat ýylynyň ahyrynda azyndan bir gezek gaýtadan seredilmelidir we aktiwde jemlenen geljekki ykdysady peýdany sarp etmegiň göz öňünde tutulýan gurluşy degerli üýtgän ýagdaýynda, gurluşdaky şunuň ýaly üýtgemeleri görkezmek maksady bilen usul üýtgedilmelidir. Bu üýtgetme hasaba alyşda buhgalterçilik baha bermedäki üýtgetme hökmünde görkezilmelidir, ýagny, ulanyş tutumlaryna girizilen soňky düzedişler geljegi göz öňünde tutup geçirilmelidir. Şunuň ýaly ýagdaýda ulanyş tutumy alynýan gymmat şu standartyň “Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar” bölegine laýyklykda, häzirki we geljekki döwürleriň dowamynda hasapdan öçürilmäge degişlidir.

284. Aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda onuň ulanyş tutumy bellenýän ululygyny üzmek üçin ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmagyň dürli usullary ulanylyp bilner. Olara şular degişlidir:

a) gönümel usul;

b) azalýan galyndy usuly;

ç) önümiň öndürilen birligi usuly.

285. Esasy serişdeleriň gönümel ulanyş tutumlary usuly, eger şunda aktiwiň ýatyryş gymmaty üýtgemeýän bolsa, aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda ulanyş tutumlarynyň hemişelik möçberini hasaplap ýazmakdan ybaratdyr. Azalýan galyndy usulyny ulanmagyň netijesinde aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda hasaplanyp ýazylýan ulanyş tutumlarynyň möçberi azalýar. Önümiň öndürilen birligi usuly ulanyş tutumlarynyň möçberini garaşylýan peýdalanyşyň ýa-da garaşylýan öndürijiligiň esasynda hasaplap ýazmakdan ybaratdyr.

286. Kärhana aktiwde jemlenen geljekki ykdysady peýdany sarp etmegiň çak edilýän gurluşyny has takyk görkezip biljek usuly saýlap alýar. Saýlanyp alnan usul bir hasabat döwründen beýleki hasabat döwrüne çenli yzygiderli ulanylýar, geljekki ykdysdady peýdany sarp etmegiň gurluşynda üýtgemeleriň bolýan ýagdaýlary muňa girmeýär.

## GYMMATYŇ GAÇMAGY

287. Kärhana her bir hasabat döwrüniň ahyrynda esasy serişdeleriň obýektinde ýa-da obýektler toparynda gymmatyň gaçmagynyň bolandygyny kesgitlemek maksady bilen, "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" böleginde göz öňünde tutulan çäreleri görmelidir we eger-de gymmatyň gaçmagy bolup geçen bolsa, onda gymmatyň gaçandygyny ykrar etmegiň we ondan çekilen ýitgä baha bermegiň tertibini kesgitlemelidir. Bu bölek kärhananyň öz aktiwleriniň balans gymmatyna haçan we nähili görnüşde gaýtadan seretmelidigini, aktiwiň öwezi dolunýan ululygy nähili kesgitlemelidigini we gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini haçan ykrar etmelidigini ýa-da dikeltmelidigini düşündirýär.

288. 368 ä) bölümi aktiwi ozalky garaşylýan senesine çenli elden almagyň meýilnamalaşdyrylmagynyň gymmatyň gaçmagynyň alamaty bolup durýandygyny görkezýär, bu bolsa aktiwiň gymmatynyň gaçandygyny kesgitlemek maksady bilen aktiwiň öwezi dolunýan ululygy hasaplap çykarmak üçin esas bolup durýar.

## YKRAR ETMEGI BES ETMEK

289. Esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmatyny ykrar etmek şu ýagdaýlarda bes edilýär:

a) ol çykyp gidende; ýa-da

b) onuň peýdalanylmagyndan ýa-da çykyp gitmeginden hiç hili geljekki ykdysady peýda garaşylmaýan bolsa.

290. Esasy serişdeleriň obýektini ykrar etmegi bes etmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan peýda ýa-da ýitgi şunuň ýaly obýekti ykrar etmek bes edilende hökmany suratda hasabat döwrüniň peýdasyna ýa-da ýitgisine goşulmalydyr. Peýda düşewünt hökmünde kesgitlenmeli däldir.

291. Esasy serişdeleriň obýektini ykrar etmegi bes etmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan peýda ýa-da ýitgi, hökmany suratda, eger ol bar bolsa, çykyp gitmeden arassa gelip gowuşmalar bilen şu obýektiň balans gymmatynyň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenmelidir.

292. Esasy serişdeleriň obýektiniň çykyp gitmegi dürli usullar bilen bolup geçip biler (mysal üçin, ýerlemek, kärende şertnamasyny baglaşmak ýa-da peşgeş bermek ýoly bilen). Obýektiň çykyp gidýän senesi kesgitlenende kärhana harytlary ýerlemekden alnan düşewündi ykrar etmek üçin, "Düşewünt" böleginde bellenen ölçegleri peýdalanýar. "Kärende" bölegi çykyp gitmegiň yzyna kärendä almagy amala aşyrmagyň netijesinde bolup geçen halatlarynda ulanylýar.

293. Eger-de kärhana esasy serişdeleriň obýektiniň balans gymmatyna obýektiň bir bölegini çalyşmak üçin harajatlary goşýan bolsa, onda ol, bu bölegiň ulanyş tutumlarynyň aýratynlykda geçirilýändigine ýa-da geçirilmeýändigine garamazdan, çalşylan bölegiň balans gymmatyny hasapdan öçürýär. Eger-de kärhana üçin çalşylan bölegiň balans gymmatyny kesgitlemek mümkin bolmasa, onda ol çalşylan bölegiň gymmatyny çalşylan bölegiň satyn alnan ýa-da gurlan pursadyndaky gymmat görkezijisi hökmünde peýdalanyp biler.

## MAGLUMATY AÇMAK

294. Maliýe hasabatlylygynda esasy serişdeleriň her bir derejesi boýunça şu maglumatlar açylmalydyr:

a) balans gymmatyny (ilkibaşky gymmat) kesgitlemek üçin peýdalanylýan baha berme ýörelgeleri. Eger-de kärhana baha bermegiň birnäçe usullaryny peýdalanýan bolsa, onda her bir usul boýunça jemi balans gymmaty her bir topar boýunça açylmalydyr;

b) ulanyş tutumynyň peýdalanylýan usullary;

ç) ulanylýan peýdaly ulanylýan möhletleri ýa-da ulanyş tutumlarynyň ölçegleri;

d) hasabat döwrüniň başynda we ahyrynda esasy serişdeleriň jemi balans gymmaty we toplanan ulanyş tutumlary (gymmatyň gaçmagyndan toplanan ýitgiler bilen birlikde);

e) degişli döwrüň başynda we ahyrynda aşakdakylary görkezýän balans gymmatyň deňeşdirmesi:

gelip gowuşýan serişdeler;

çykyp gitmeler;

telekeçiligi birleşdirmek ýoly bilen satyn almak;

adalatly gymmatyna baha bermegiň mümkin bolmadyk halatynda maýa goýum emlägini esasy serişdeler toparyna geçirmek (334-nji bölüme seret);

“Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine laýyklykda, gymmatyň gaçmagyndan çekilen, jemi peýda barada hasabata goşulan ýitgiler;

gymmatyň gaçmagyndan çekilen, jemi peýda barada hasabatda dikeldilen ýitgiler;

şol döwürdäki ulanyş tutumlary;

beýleki üýtgetmeler.

295. Şeýle hem maliýe hasabatlylygy şulary açyp görkezmelidir:

a) esasy serişdelere bolan eýeçilik hukugynda çäklendirmeleriň bardygyny we onuň ululygyny, şeýle hem borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek hökmünde girew goýlan esasy serişdeleri;

b) esasy serişdeleri satyn almak boýunça şertnama borçnamalarynyň möçberini.

# 10-NJY BÖLEK. “GUDWILI AÝYRMAK BILEN MADDY DÄL AKTIWLER”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

296. Şu bölegiň maksady - olar babatynda beýleki standartlarda anyk görkezmeler ýok bolan maddy däl aktiwleri hasaba almagyň tertibini kesgitlemek bolup durýar. Şeýle hem standart maddy däl aktiwleriň balans gymmatyny ölçemegiň tertibini belleýär we maddy däl aktiwler barada belli bir maglumatlaryň açylmagyny talap edýär.

297. Şu bölek maddy däl aktiwler hasaba alnanda ulanylýar, şu aşakdakylar muňa girmeýär:

a) gudwil (“Kärhanalary birleşdirmek we gudwil” bölegine seret);

b) maliýe aktiwleri;

ç) nebit, tebigy gaz we şoňa meňzeş gaýtadan döremeýän serişdeler ýaly ýerasty baýlyklary we gazylyp alynýan peýdaly magdanlary işlemäge hukuklar.

## KESGITLEMELER

298. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Maddy däl aktiw –** tapawutlandyrylýan, monetar däl, fiziki görnüşi bolmadyk aktiw.

**Monetar aktiwler –** kesgitli ýa-da kesgitlenilýän pul serişdeleri görnüşinde alynmaga degişli, bar bolan pul serişdeleri we aktiwleri.

**Ylmy barlaglar –** täze ylmy ýa-da tehniki bilimleri almak maksady bilen amala aşyrylýan meýilnamalaýyn geçirilýän özboluşly barlaglar.

**Işläp taýýarlamak –** olaryň täjirçilik maksatlary üçin öndürilip, ýa peýdalanyp başlanmazyndan öň täze materiallar ýa-da düýpli gowulandyrylan materiallar, abzallar, önümler, iş ýagdaýlary, ulgamlar ýa-da hyzmatlar meýilnamalaşdyrylanda ýa-da taslama düzülende ylmy barlaglaryň netijelerini ýa-da beýleki bilimleri ulanmak.

**Özüne düşýän gymmaty –** aktiwiň satyn alnan pursadynda ýa-da onuň gurulýan wagtynda tölenen pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň pul möçberi ýa-da aktiwi satyn almak maksady bilen berlen başga bir öwezlik töleginiň adalatly gymmaty ýa-da, muny ulanyp bolýan ýagdaýynda, maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň anyk talaplaryna laýyklykda şunuň ýaly aktiw ilkibaşda ykrar edilen wagtynda görkezilen pul möçberi.

**Balans gymmaty –** bu toplanan ulanyş tutumy we gymmaty gaçmakdan toplanan ýitgiler aýrylandan soň aktiwiň hasabatda ykrar edilýän gymmatydyr.

**Ulanyş tutumy hasaplanylýan ululyk -** aktiwiň hakyky gymmaty ýa-da onuň galyndy gymmatyny aýyrmak bilen hakyky gymmatyny çalyşýan başga bir pul möçberi.

**Adalatly gymmat -** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

**Aktiwiň ýok ediliş (galyndy) gymmaty -** eger aktiw peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyryna ýeten we peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyry üçin häsiýetli bolan ýagdaýa baran bolsa, kärhananyň ony çykyp gitmek üçin harajatlary aýyrmak bilen, aktiwiň çykyp giden häzirki pursatynda alyp biljek hasaplama pul möçberidir.

**Gymmaty gaçmakdan ýitgiler -** aktiwiň balans gymmatynyň onuň öwezi dolunýan gymmatyndan ýokary gelýän pul möçberi.

**Ulanyş tutumy -** aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda onuň gymmatynyň yzygiderli paýlanylmagy.

**Peýdaly ulanylýan möhleti -** bu:

belli bir döwür aralygy bolup, aktiwiň onuň dowamynda kärhana tarapyndan peýdalanylmagyna garaşylýar; ýa-da

kärhananyň aktiwi peýdalanmakdan almagyna garaşylýan önümiň birlikleriniň ýa-da şoňa meňzeş birlikleriň mukdary.

## YKRAR ETMEK WE BAHA BERMEK

299. Maddy däl aktiw diňe şu ýagdaýlarda ykrar edilmäge degişlidir, ýagny:

a) kärhananyň aktiwden gelip çykan, garaşylýan geljekki ykdysady peýdalary aljakdygynyň ähtimallygy bar bolanda;

b) aktiwiň özüne düşýän gymmatyny ygtybarly ölçäp bolanda;

ç) aktiwiň özi maddy däl maddany emele getirmek bilen baglanyşykly kärhana tarapyndan çekilen harajatlaryň netijesi bolup durmaýar.

300. Kärhana garaşylýan geljekki ykdysady peýdalaryň ähtimallygyna oýlanyşykly we esaslandyrylan ýol bermeleri peýdalanmak bilen baha bermelidir, bu ýol bermeler ýolbaşçylygyň aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda bolup biljek jemi ykdysady şertler babatynda iň gowy hasaplama bahalaryndan ybarat bolýar.

301. Kärhana aktiwi peýdalanmakdan alynjak geljekki ykdysady peýdalaryň akymyna degişli kesgitlilik derejesine baha bermek üçin, daşarky çeşmelerden alnan maglumatlara uly ähmiýet bermek bilen, ilkibaşda ykrar edilen pursatynda bar bolan maglumatlaryň esasynda hünärli garaýyşlary peýdalanýar.

302. Ykrar etmegiň 299 a) bölümindäki ähtimallyga esaslanýan ölçegi aýratynlykda satyn alynýan maddy däl aktiwler üçin hemişe kanagatlanarly hasap edilýär.

303. Kärhana birleşdirilende satyn alynýan maddy däl aktiw adatça aktiw diýip ykrar edilýär, çünki bu aktiwiň adalatly gymmatyna ýeterlik derejede ygtybarly baha berip bolýar. Şeýle-de bolsa, kärhana birleşdirilende satyn alnan maddy däl aktiw şunuň ýaly aktiwiň ýuridiki ýa-da beýleki şertnama hukuklarynyň netijesinde ýüze çykýan we aşakdaky sebäplere görä onuň adalatly gymmatyna ýeterlik derejede ygtybarly baha berip bolmaýan halatlarda ykrar edilmeýär:

a) aktiwi gudwilden bölüp aýryp bolmaýan bolsa; ýa-da

b) aktiwiň bölünip aýrylýan, ýöne şunda şular ýaly ýa-da şoňa meňzeş aktiwler bilen çalyşmak tejribesiniň we çalyşma amallary hakynda maglumatlaryň ýok bolsa we beýleki ähli ýagdaýlarda adalatly gymmata baha bermek üýtgäp durýan, baha bermek mümkin bolmadyk görkezijilere esaslanýan bolsa.

304. Aktiw şu ýagdaýlarda tapawutlandyryş ölçeglerini kanagatlandyrýar, eger-de:

a) aýryp bolýan bolsa, ýagny, kärhananyň şeýle etmek maksadynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, kärhanadan bölünip aýrylýan ýa-da goparylyp alynýan we satylýan, berilýän, ygtyýarnama bilen goralýan, kärendä berilýän ýa-da özbaşdak çalşylýan ýa-da oňa degişli bolan şertnama, aktiw ýa-da borçnama bilen bilelikde çalşylyp bilinýän bolsa; ýa-da

b) bu hukuklary berip ýa-da kärhanadan ýa-da beýleki hukuklardan we borçnamalardan bölüp aýryp bolýandygyna ýa-da däldigine garamazdan, şertnama ýa-da beýleki ýuridik hukuklaryň netijesi bolup durýan bolsa.

305. Maddy däl aktiwe ilkibaşda özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýär.

306. Aýratynlykda satyn alnan maddy däl aktiwiň özüne düşýän gymmaty şulary öz içine alýar:

a) söwda arzanlatmalary we ýeňillikler aýrylandan soň, import paçlaryny we satyn almak üçin öwezi dolunmaýan salgytlary goşmak bilen, maddy däl aktiwiň satyn alnan bahasyny; we

b) aktiwi bellenen maksadyna laýyklykda peýdalanmak üçin taýýarlamaga gönüden-göni degişli islendik harajatlary.

307. Maddy däl aktiwiň kärhana birleşdirilende satyn alynýan halatynda bu maddy däl aktiwiň satyn alnan senesindäki adalatly gymmaty onuň özüne düşýän gymmaty bolup durýar.

308. Käbir ýagdaýlarda maddy däl aktiw döwlet subsidiýasynyň kömegi bilen alnyp bilner. “Döwlet subsidiýalary” bölegine laýyklykda, grantyň alynmaga degişli senesindäki ýagdaýa görä adalatly gymmaty bu maddy däl aktiwiň özüne düşýän gymmaty bolup durýar.

309. Bir ýa-da ondan köp maddy däl aktiwler pul däl aktiwe ýa-da aktiwlere ýa-da pul we pul däl aktiwleriň utgaşmasyna çalşylyp bilner. Şunuň ýaly maddy däl aktiwiň ilkibaşky gymmatyna adalatly gymmaty boýunça baha berilýär, şu ýagdaýlar muňa girmeýär:

a) çalşyk amalynyň täjirçilik mazmuny ýok bolanda; ýa-da

b) aktiwiň ýerine alnan, berlen aktiwiň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolmaýan bolsa. Şeýle ýagdaýda aktiwiň gymmatyna ýerine berilýän aktiwiň balans gymmaty boýunça baha berilýär.

## ÖZBAŞDAK DÖREDILEN MADDY DÄL AKTIWLER

310. Kärhana barlaglar we işläp taýýarlamalar üçin ähli harajatlary goşmak bilen, maddy däl madda boýunça özbaşdak çekilen harajatlary diňe olaryň ýüze

çykýan wagtynda çykdajy hökmünde ykrar edýär, “Konsepsiýada” görkezilen ykrar etme ölçeglerine laýyk gelýän beýleki aktiwiň gymmatyna goşulýan harajatlar muňa girmeýär. Mysal hökmünde aşakda kärhananyň olar boýunça çykdajylary ykrar etmeli bolan maddalary we maddy däl aktiwleriň düzümine goşmaly däl harajatlary getirilýär:

a) söwda markalary, logotipler, neşir etmek hukuklary, müşderileriň sanawy we manysy boýunça şoňa meňzeş maddalar;

b) işe başlanmagy bilen baglanyşykly harajatlar (başlangyç harajatlar), olar hukukçylar üçin harajatlar ýaly esaslandyryş çykdajylaryny öz içine alýar;

ç) edara görnüşli tarap döredilende çekilen harajatlar;

d) täze desgany ýa-da kärhanany açmak üçin harajatlar (ýagny, işe goýbermezden öňki harajatlar);

e) täze amal işini başlamak üçin harajatlar;

ä) täze önüm öndürýän önümçiligi ýa-da prosesleri işe girizmek (amallar başlanmazyndan öňki harajatlar);

g) işgärleri okatmak bilen baglanyşykly iş üçin harajatlar;

h) mahabatlandyrmak we harydy öňe sürmek boýunça iş üçin harajatlar;

i) tutuş kärhanany ýa-da onuň bir bölegnini ondan-oňa geçirmek ýa-da üýtgedip guramak üçin harajatlar;

j) özbaşdak döredilen gudwil.

311. 310-njy bölüm eger harytlaryň iberilendigi ýa-da hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegler harytlar iberilmezinden we hyzmatlar edilmezinden öň geçirilen bolsa, öňünden geçirilen tölegi aktiw hökmünde ykrar etmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

312. Ilkibaşda çykdajy hökmünde ykrar edilen, maddy däl madda üçin çykdajylar soňundan aktiwiň özüne düşýän gymmatynyň bir bölegi hökmünde ykrar edilmeli däldir.

## YKRAR EDILENDEN SOŇ BAHA BERMEK

313. Kärhana maddy däl aktiwi toplanan ulanyş tutumynyň we gymmatyň gaçmagyndan toplanan ýitgileriň ähli möçberini aýyrmak bilen, onuň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba almalydyr. “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” böleginde gymmatyň gaçmagyny ykrar etmek boýunça talaplar bellenýär.

## PEÝDALY ULANYLÝAN MÖHLETI

314. KOT kärhanalary üçin şu standartda ähli maddy däl aktiwlere bar bolan peýdaly ulanylýan möhletini hasaba almak bilen seredilýär.

315. Şertnama ýa-da beýleki ýuridik hukuklardan gelip çykýan, maddy däl aktiwiň peýdaly ulanylýan möhleti bu hukuklaryň hereket edýän möhletinden ýokary bolmaly däldir, ýöne kärhananyň bu aktiwi peýdalanmagy göz öňünde tutýan döwrüne baglylykda gysga bolup biler. Eger şertnama ýa-da beýleki ýuridik hukuklar, soňundan täzeden dowam etdirilip bilinjek çäkli möhlete berilýän bolsa,

onda bu maddy däl aktiwiň peýdaly ulanylýan möhleti kesgitlenende dowam etdirilýän möhlet (möhletler) diňe kärhananyň möhleti kän çykdajy çykarman uzaldyp biljekdiginiň peýdasyna subutnamalar bar bolanda hasaba alynmalydyr.

316. Eger kärhana maddy däl aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletine ygtybarly baha berip bilmeýän bolsa, onda bu möhlet 10 ýyla deň bolmalydyr.

## ULANYŞ TUTUMY

317. Her bir döwür üçin hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumy peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilmelidir, şu KOT kärhanalary üçin standartyň ony beýleki aktiwiň balans gymmatyna goşmaga rugsat berýän ýa-da talap edýän ýagdaýlary muňa girmeýär. Şeýle ýagdaýda hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumy şunuň ýaly beýleki aktiwiň özüne düşýän gymmatynyň bir bölegini emele getirýär we onuň balans gymmatyna goşulýar. Mysal üçin, önümçiligiň barşynda peýdalanylýan maddy däl aktiwleriň hasaplanylýan ulanyş tutumy ätiýaçlyklaryň balans gymmatynyň düzümine goşulýar (“Ätiýaçlyklar” bölegine seret).

318. Ulanyş tutumyny almak bu aktiwiň peýdalanmak üçin elýeterli bolan pursatyndan, ýagny, onuň ýerleşýän ýeriniň we ýagdaýynyň onuň ýolbaşçylygyň maksatlaryna laýyklykda peýdalanmak mümkinçiligini üpjün edýän pursatyndan başlanmalydyr. Aktiw balansdan öçürilen mahalynda ulanyş tutumyny almak bes edilmelidir.

319. Aktiwiň ulanyş tutumynyň alynýan ululygyny onuň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda yzygiderli esasda paýlamak üçin ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň dürli usullary ulanylyp bilner:

a) gönümel usul;

b) azalýan galyndy usuly;

ç) öndürilen önümleriň birligi usuly.

320. Peýdalanylýan usul aktiwde jemlenen geljekki ykdysady peýdalary sarp etmegiň garaşylýan häsiýetiniň esasynda saýlanyp alynýar we ol döwürden bu döwre yzygiderli ulanylýar, bu geljekki ykdysady peýdalary sarp etmegiň garaşylýan häsiýetiniň üýtgemegi bolup geçen ýagdaýlar muňa girmeýär. Eger sarp edişiň görkezilen häsiýetini ygtybarly kesgitlemek mümkin bolmasa, onda gönümel usul peýdalanylmalydyr.

321. Gutarnykly peýdaly ulanylýan möhleti bolan maddy däl aktiwiň ýok ediliş gymmaty nola deňdir, aşakdaky ýagdaýlar muňa girmeýär:

a) gutarnykly peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyrynda üçünji tarapyň bu aktiwi satyn almak borjy bar bolanda; ýa-da

b) bu aktiw üçin işjeň bazar bar bolanda we ýok ediliş gymmatyny şu bazaryň maglumatlaryny peýdalanmak bilen kesgitläp bolanda;

ç) şunuň ýaly bazaryň şu aktiwiň gutarnykly peýdaly ulanylýan möhletiniň ahyrynda boljakdygynyň ýokary ähtimallygy bolanda.

322. Maddy däl aktiwleriň peýdanylyşyndaky, tehniki progresdäki üýtgemeler we bazar bahasyndaky üýtgemeler ýaly ýagdaýlar ýatyryş gymmatynyň ýa-da peýdaly ulanylýan möhletiniň soňky ýyllyk hasabat senesinden bäri üýtgändigini

görkezip biler. Şunuň ýaly görkezijiler bolan mahalynda kärhana özüniň öňki baha bermelerine barlag geçirmelidir we eger häzirki netijeler öňkülerden tapawutlanýan bolsa, onda kärhana ýatyryş gymmatyna, ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň usulyna ýa-da peýdaly ulanylýan möhletine üýtgetmeler girizmelidir. Kärhana şular ýaly üýtgemeleri "Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgemetler we ýalňyşlyklar" bölegine laýyklykda, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler hökmünde görkezmelidir.

323. "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" bölegine laýyklykda, kärhana maddy däl aktiwiň gymmatynyň gaçmagynyň bolup geçendigini kesgitleýär. "Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" bölegi kärhananyň öz aktiwleriniň balans gymmatyna haçan we nähili görnüşde gaýtadan seretmelidigini, onuň aktiwiň öwezi dolunýan möçberini nähili kesgitlemelidigini we gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini onuň haçan ykrar etmelidigini ýa-da dikeltmelidigini düşündirýär.

## YKRAR ETMEGI BES ETMEK WE ÇYKYP GITMEGI

324. Kärhana şu aşakdaky ýagdaýlarda maddy däl aktiwi ykrar etmegi bes etmelidir we girdejileri ýa-da çykdajylary peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir:

a) aktiw çykyp gidende; ýa-da

b) bu aktiwiň peýdalanmagyndan ýa-da onuň çykyp gitmeginden hiç hili geljekki ykdysady peýdalara garaşylmaýan bolsa.

## MAGLUMATY AÇMAK

325. Kärhana maddy däl aktiwleriň her bir derejesi boýunça şu maglumaty açmalydyr:

a) nähili peýdaly ulanylýan möhletleriň ulanylandygyny ýa-da ulanyş tutumynyň ulanylan kadalaryny;

b) ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň ulanylan usullaryny;

ç) degişli hasabat döwrüň başyndaky we ahyryndaky jemi balans gymmatyny we toplanan ähli ulanyş tutumlaryny (gymmaty gaçmakdan çekilen toplanan ýitgiler bilen bilelikde);

d) jemi peýda barada hasabatyň maddy däl aktiwleriň islendik ulanyş tutumlary goşulan maddasyny (maddalaryny);

e) hasabat döwrüniň başyndaky we ahyryndaky jemi balans gymmatynyň deňeşdirmesini, gelip gowuşmalary, çykyp gitmeleri, kärhanany birleşdirmegiň çäklerinde satyn almalary, ulanyş tutumlaryny, gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgileri we beýleki üýtgetmeleri aýratynlykda görkezmek bilen;

ä) beýan etme, balans gymmatyny we subýektiň maliýe hasabatlylygy üçin möhüm bolup durýan islendik aýratyn maddy däl aktiwiň ulanyş tutumyny almak üçin galan möhleti;

f) döwlet subsidiýasy görnüşinde edinilen we ilkibaşda adalatly gymmaty boýunça ykrar edilen maddy däl aktiwler üçin:

bu aktiwler üçin ilkibaşda ykrar edilen adalatly gymmaty;

olaryň balans gymmatyny;

g) olara eýeçilik hukugy çäklendirilen maddy däl aktiwleriň bardygyny we olaryň balans gymmatyny, şeýle hem borçnamalary üpjün etmek hökmünde girew berlen maddy däl aktiwleriň balans gymmatyny;

h) maddy däl aktiwleri satyn almak baradaky şertnama boýunça borçnamalaryň pul möçberini.

326. Kärhana döwrüň dowamynda çykdajylar hökmünde ykrar edilen, barlaglar we işläp taýýarlamalar üçin harajatlaryň jemi pul möçberini (ýagny, barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň netijesinde ýüze çykan, ykrar etme ölçeglerine laýyk gelýän beýleki aktiwiň bir bölegi hökmünde maýalaşdyrylmadyk harajatlaryň pul möçberini) açyp görkezmäge borçlydyr.

## 11-NJI BÖLEK. “MAÝA GOÝUM EMLÄGI”

## ULANYLÝAN ÇYGRY

327. Şu bölek ýere ýa-da gozgalmaýan emläge goýlan maýa goýum emlägi kesgitlemesine laýyk gelýän maýa goýumlarynyň hasaba alnyşyna, şeýle hem kärendeçiniň gozgalmaýan emläkdäki amal kärendesi şertnamasy boýunça eýelik edýän käbir paýlarynyň hasaba alnyşyna seredýär. Şu bölege laýyklykda, üýtgemeleri peýdada ýa-da ýitgide görkezilýän adalatly gymmat boýunça diňe maýa goýum emlägi hasaba alynýar, adalatly gymmatyna adatdan daşary harajat ýa-da güýç sarp etmezden islendik pursatda ygtybarly baha berip bolýan gozgalmaýan emläk hasaba alynýar. Beýleki maýa goýum emläginiň ählisi ulanyş tutumyny we “Esasy serişdeler” böleginde beýan edilen gymmatyň gaçan möçberini aýyrmak bilen, hakyky harajatlar (özüne düşýän gymmaty) boýunça hasaba alyş modelini peýdalanmak bilen esasy serişdeleriň düzüminde hasaba alynýar we eger adalatly gymmatyna ygtybarly baha bermek mümkin bolýança we islendik pursatda adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip boljagyna garaşylýan bolsa, “Esasy serişdeler” böleginiň çäklerinde galýar.

## KESGITLEMELER

328. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Balans gymmaty –** bu toplanan ulanyş tutumy we gymmaty gaçmakdan toplanan ýitgiler aýrylandan soň aktiwiň hasabatda ykrar edilýän gymmatydyr.

**Özüne düşýän gymmaty –** tölenen pul serişdeleriniň we pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň pul möçberi ýa-da aktiwi satyn almak maksady bilen berlen beýleki öwezlik tölegiň satyn alnan pursatyndaky ýa-da onuň gurulýan wagtyndaky adalatly gymmaty ýa-da, muny ulanyp bolýan ýerinde, maliýe hasabatlylygynyň şu standartyň beýleki bölekleriniň anyk talaplaryna laýyklykda ilkibaşda ykrar edilende şunuň ýaly aktiwe baha berlen pul möçberi.

**Adalatly gymmat –** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

**Maýa goýum emlägi –** kärende töleglerini almak ýa-da maýanyň gymmatyny artdyrmak, ýa-da olaryň ikisini hem almak maksady bilen eýeçilikde (eýesiniň ýa-da maliýe kärendesi şertnamasy boýunça kärendeçiniň eýeçiliginde) saklanýan gozgalmaýan emläk (ýer ýa-da jaý ýa-da jaýyň bir bölegi, ýa-da olaryň ikisi hem), ýöne:

a) harytlary öndürmek ýa-da ibermek, hyzmat etmek üçin, edara ediş maksatlarynda peýdalanmak üçin däl; ýa-da

b) adaty hojalyk işiniň barşynda satmak üçin däl.

**Eýesi tarapyndan eýelenýän gozgalmaýan emläk –** eýesiniň (hususyýetçiniň ýa-da maliýe şertnamasy boýunça kärendeçiniň) eýeçiligindäki,

harytlary öndürmekde we ibermekde peýdalanmak, hyzmat etmek ýa-da edara ediş maksatlary üçin niýetlenen gozgalmaýan emläk.

## MAÝA GOÝUM EMLÄGINI TOPARA BÖLMEK

329. Kärendeçiniň gozgalmaýan emläkdäki amal kärendesi şertnamasy boýunça eýeçilik edýän paýy, diňe şeýle maýa goýum emlägi beýleki ähli babatlarda maýa goýum emlägi kesgitlemesine laýyk gelýän bolsa we kärendeçi gozgalmaýan emläkdäki paýyň adalatly gymmatyna islendik pursatda adatdan daşary harajat we güýç sarp etmezden baha berip bilýän şertlerinde hasaba alyşda maýa goýum emlägi hökmünde topara bölünip we hasaba alnyp bilner. Şu alternatiw topara bölme gozgalmaýan emlägiň aýry-aýry desgalaryna degişli ulanylyp bilner.

330. Garyşyk peýdalanylýan gozgalmaýan emläk maýa goýum emlägi bilen esasy serişdeleriň arasynda bölünmelidir. Emma, maýa goýum emläginiň düzüm böleginiň adalatly gymmatyna adatdan daşary harajat we güýç sarp etmezden baha berip bolmajak bolsa, ähli gozgalmaýan emläk “Esasy serişdeler” bölegine laýyklykda esasy serişdeleriň düzüminde hasaba alynmalydyr.

## YKRAR ETMEK WE BAHA BERMEK

### Ilkibaşda ykrar edilende baha bermek

331. Ilkibaşda ykrar edilende kärhana maýa goýum emlägine özüne düşýän gymmaty boýunça baha bermelidir. Edinilen maýa goýum emläginiň özüne düşýän gymmaty satyn alynýan bahany we hukukçylaryň hem-de dellallaryň gonorarlary ýaly şeýle gozgalmaýan emläge gönüden-göni degişli edilýän çykdajylary (göni harajatlar), gozgalmaýan emlägiň berlendigi üçin salgytlary we geleşik boýunça beýleki harajatlary öz içine alýar. Eger tölegiň soňa süýşürilen döwri adaty möhletlerden ýokary bolsa, geljekki ähli tölegleriň getirilen gymmaty onuň özüne düşýän gymmaty bolup durýar. Kärhana gurlan maýa goýum emläginiň özüne düşýän gymmatyny “Esasy serişdeler” bölegine laýyklykda özbaşdak kesgitlemelidir.

332. Kärende şertnamasy boýunça kärhananyň ygtyýarynda bolýan we maýa goýum emlägi hökmünde kesgitlenýän gozgalmaýan emläk paýyň özüne düşýän gymmaty, eger kärende amal kärendesi hökmünde topara bölünip, “Kärende” böleginiň ulanýylýan çygryna düşýän ýagdaýynda hem, maliýe kärendesindäki ýaly kesgitlenýär. Başga sözler bilen aýdylanda aktiw şu ululyklaryň, ýagny, gozgalmaýan emlägiň adalatly gymmatynyň we iň pes kärende tölegleriniň getirilen gymmatynyň haýsy biri pes bolsa, şol boýunça ykrar edilmelidir. Ekwiwalent pul möçberi borçnama hökmünde ykrar edilmelidir.

**Ykrar etmekden soň baha bermek**

333. Adalatly gymmatyna adatdan daşary harajat ýa-da güýç sarp etmezden ygtybarly baha berip bolýan maýa goýum emlägine her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä adalatly gymmaty boýunça baha berilmelidir, şunda adalatly gymmatdaky üýtgemeler peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde görkezilmelidir. Eger gozgalmaýan emlägiň kärende şertnamasy boýunça kärhananyň ygtyýarynda bolýan paýy maýa goýum emlägi hökmünde topara bölünýän bolsa, onda, esasy gozgalmaýan emläk däl-de, şu paý adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan madda bolup durýar. “Maliýe gurallary” böleginde adalatly gymmata baha bermek boýunça gollanma berilýär. Kärhana beýleki maýa goýumlarynyň ählisini ulanyş tutumyny we “Esasy serişdeler” böleginde beýan edilen gymmatyň gaçan möçberini aýyrmak bilen, hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş modelini peýdalanyp esasy serişdeleriň düzüminde hasaba alýar.

**Geçirmeler**

334. Eger adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modelini peýdalanmak bilen baha berilýän maýa goýum emläginiň obýektiniň adalatly gymmatyna mundan beýläk adatdan daşary harajat ýa-da güýç sarp etmezden ygtybarly baha bermek mümkin bolmasa, onda kärhana şunuň ýaly obýekti adalatly gymmatyna ygtybarly baha bermäge mümkinçiligiň peýda bolýan wagtyna çenli “Esasy serişdeler” bölegine laýyklykda esasy serişdeleriň düzüminde hasaba almalydyr. Şeýle senedäki ýagdaýa görä “Esasy serişdeler” bölegi esasynda maýa goýum emläginiň balans gymmaty onuň özüne düşýän gymmaty bolup durýar. Bu üýtgeme baradaky maglumat açylmalarda görkezilmelidir. Bu üýtgeme hasaba alyş syýasatynyň üýtgemegi däl-de, ýagdaýlaryň üýtgemegi bolup durýar.

335. 476-njy bölümde beýan edilen ýagdaýlardan başga halatlarda kärhana gozgalmaýan emlägi maýa goýum emlägi toparyna diňe gozgalmaýan emläk obýekti maýa goýum emlägi kesgitlemesine laýyk gelýän (ýa-da mundan beýläk laýyk gelmeýän) mahalynda geçirmelidir (ýa maýa goýum emlägi toparyndan çykarmalydyr).

## MAGLUMATY AÇMAK

336. Kärhana üýtgemeleri peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde görkezilýän adalatly gymmat boýunça hasaba alynýan ähli maýa goýum emlägi babatynda şu maglumatlary açmalydyr:

a) maýa goýum emläginiň adalatly gymmaty kesgitlenende peýdalanylan usullary we düýpli ýol bermeleri;

b) maýa goýum obýektiniň (maliýe hasabatlylygynda baha berlen ýa-da açylan obýektiň) adalatly gymmatynyň ykrar edilen we degişli hünär derejesi, şeýle hem baha berilýän obýektiň degişli bolan toparyndaky we onuň ýerleşen ýerindäki maýa goýum obýektine baha bermegi geçirmek tejribesi bolan garaşsyz

nyrh kesijiniň berýän bahasyna näderejede esaslanýandygyny. Şunuň ýaly baha bermegiň ýokdugy baradaky ýagdaý açylmaga degişlidir;

ç) maýa goýum emläginiň ýerlenmeginden ýa-da çykyp gitmeginden alnan girdejini ýa-da düşewündi paýlamak babatyndaky çäklendirmeleriň bardygyny we olaryň möçberini;

d) maýa goýum emlägini satyn almak, gurmak ýa-da durkuny täzelemek boýunça ýa abatlamak, gündelik hyzmat etmek ýa-da gowulandyrmak boýunça şertnamalaýyn borçnamalary;

e) maýa goýum emläginiň ýylyň başyndaky we ahyryndaky döwürleriniň balans gymmatynyň deňeşdirmesini, şu aşakdakylary aýratynlykda görkezmek bilen:

gelip gowuşmalary, kärhanalary birleşdirmek arkaly satyn almalaryň netijesi bolup durýan gelip gowuşmalary aýratynlykda açmak bilen;

adalatly gymmata düzediş girizmekden alnan arassa peýdalary ýa-da ýitgileri;

adalatly gymmatyna mundan beýläk adatdan daşary harajat ýa-da güýç sarp etmezden ygtybarly baha bermek mümkin bolmadyk mahalynda, esasy serişdeler toparyna geçirmegi;

ätiýaçlyklar toparyndan eýesi tarapyndan eýelenilýän gozgalmaýan emläk toparyna we tersine geçirmegi;

gaýry üýtgetmeleri.

Geçen döwürler üçin şu hili deňeşdirmäni bermek gerek däldir.

337. “Kärende” bölegine laýyklykda, maýa goýum emläginiň eýesi kärendä berijiler tarapyndan maglumatlaryň açylmagyna bildirilýän talaplara laýyklykda, baglaşylan kärende şertnamalary barada maglumatlary açmalydyr. Maliýe ýa-da amal kärendesi şertnamasynyň şertleri boýunça maýa goýum emlägine eýelik edýän kärhana maliýe kärendesi üçin kärendeçiler tarapyndan we amal kärendesi üçin kärendä berijiler tarapyndan maglumatlaryň açylmagyna bildirilýän talaplara laýyklykda, baglaşylan kärende şertnamalary barada maglumatlary açmalydyr.

## 12-NJI BÖLEK. “ÝÖRITELEŞDIRILEN IŞ”

## ULANYLÝAN ÇYGRY

338. Şu bölekde maliýe hasabatlylygyny bermek boýunça gollanma getirilýär, ol ýöriteleşdirilen işiň üç görnüşini, ýagny, oba hojalygyny, gazylyp alynýan magdanlary çykarmak boýunça işi we hyzmat etmek işini öz içine alýar.

339. Şu bölek diňe oba hojalyk önümleri alnan (ýygnalan) pursatynda olaryň (ýagny, biologik aktiwlerden alnan önümleri) hasaba almak üçin ulanylýar. Ony soňundan hasaba almak üçin “Ätiýaçlyklar” bölegi ýa-da başga bir ulanarlykly bölek ulanylýar.

340. Şu bölekde oba hojalyk önümleri ýygnalandan soň olary gaýtadan işlemek meselelerine seredilmeýär, sebäbi, şunuň ýaly gaýtadan işlemek, KOT kärhanalary üçin standartynda getirilen kesgitlemä laýyklykda, oba hojalyk işine degişli däldir.

## KESGITLEMELER

341. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Oba hojalyk işi –** kärhana tarapyndan amala aşyrylýan biotransformasiýany hem-de satmak ýa-da oba hojalyk önümine gaýtadan işlemek ýa-da goşmaça biologiki aktiwleri öndürmek maksady bilen biologiki aktiwleri ýygnamaklygy dolandyrmak.

**Oba hojalyk önümi –** kärhananyň biologiki aktiwlerinden alnan (ýygnalan) önüm.

**Biologik aktiw –** diri (ýaşaýan) mal ýa-da ösümlik.

**Biotransformasiýa –** olaryň netijesinde biologiki aktiwde hil we mukdar üýtgemeleri bolup geçýän ösüş, tohumyň üýtgemegi, produsirlemek we köpelmek işleri.

**Ýerlemek üçin çykdajylar –** aktiwi ýerlemäge göni degişli edilýän goşmaça harajatlar, maliýeleşdirmek üçin we peýdadan alynýan salgytlar üçin harajatlar muňa girmeýär.

**Biologik aktiwleriň topary –** meňzeş häsiýetnamalary bolan, janly (diri) haýwanlaryň ýa-da ösümlikleriň jemi.

**Oba hojalyk önümini ýygnamak –** önümi biologik aktiwden bölüp almak ýa-da biologik aktiwiň ýaşamagyny bes etmegi.

**Işjeň bazar –** aşakda sanalyp geçilýän ähli şertleriň ýerine ýetirilýän bazary:

a) şu bazarda dolanyşykda bolýan harytlaryň birmeňzeş bolmagy;

b) geleşigi amala aşyrmak isleýän satyn alyjylaryň hem-de satyjylaryň adatça, islendik wagtda tapylmagy; we

ç) baha baradaky maglumatlaryň hemmeler üçin elýeterli bolmagy.

**Adalatly gymmat –** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi. Aktiwiň adalatly

gymmaty onuň şu pursatda ýerleşýän ýerinden we ýagdaýyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Meselem, fermadaky gara mallaryň degişli bazardaky bahasy (ondan bu mallary görkezilen bazara alyp gitmek üçin ulag we gaýry çykdajylary aýyrmak bilen) olaryň adalatly gymmaty bolup durýar.

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak boýunça aktiwler –** kärhananyň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda aktiwler hökmünde ykrar edilýän, gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar.

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak üçin harajatlar –** kärhananyň gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigi we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygy esasly tassyklanmazyndan öň gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak bilen baglanyşykly çekýän harajatlary.

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ätiýaçlyklaryny gözlemek we bahalandyrmak –** kärhana tarapyndan anyk bir etrapda gözleg işlerini geçirmek üçin ýuridik hukuklar alnandan soň, şeýle hem gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagy tehniki taýdan amala aşyrmagyň mümkindigi we täjirçilik taýdan maksadalaýykdygy kesgitlenenden soň, minerallary, nebiti, tebigy gazy we şolara meňzeş gaýtadan dikeldilmeýän serişdeleri goşmak bilen, gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözläp tapmak işleri.

**Hyzmat etmek üçin konsessiýa ylalaşygy –** bu ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda hökümet ýa-da döwlet böleginiň beýleki bir subýekti (konsessiýany berýän tarap) konsessiýany berýän tarapyň ýollar, köprüler, ötükler, aeroportlar, energetika bölegi, türmeler ýa-da hassahanalar ýaly amatlyklar aktiwini ösdürmek (ýa-da döwrebaplaşdyrmak), dolandyrmak ýa-da saklamak hakynda hususy operator bilen şertnama baglaşýar. Şunuň ýaly ylalaşyga laýyklykda konsessiýany berýän tarap operatoryň şu aktiwleri peýdalanmak bilen kime we näçeden nähili hyzmatlar etjekdigine gözegçilik edýär ýa-da bu işi dolandyrýar, şeýle hem ylalaşygyň hereket edýän döwrüniň ahyrynda aktiwdäki degerli derejedäki islendik galyndy paýyna gözegçilik edýär.

## OBA HOJALYK

342. KOT kärhanalary üçin şu standarty ulanýan we oba hojalyk işi bilen meşgullanýan kärhana özüniň biologik aktiwleriniň her bir derejesi üçin öz hasaba alyş syýasatyny şu görnüşde bellemelidir:

a) kärhana adalatly gymmaty adatdan daşary harajat we güýç sarp etmezden kesgitlenip bilinjek biologik aktiwleri hasaba almak üçin 345, 346, 347-nji we 350-nji bölümlerde beýan edilen, adalatly gymmaty boýunça hasaba alyş modelini peýdalanmalydyr;

b) kärhana galan ähli biologik aktiwler üçin 348, 349-njy we 351-nji bölümlerde beýan edilen, hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş modelini peýdalanmalydyr.

**Ykrar etmek we baha bermek**

343. Kärhana biologik aktiwi ýa-da oba hojalyk önümini diňe şu ýagdaýlarda ykrar etmelidir, eger-de:

a) şu kärhana aktiwe geçen wakalaryň netijesinde gözegçilik edýän bolsa;

b) kärhana tarapyndan şu aktiw bilen baglanyşykly geljekki ykdysady peýdalaryň alynmagynyň ýokary ähtimallygy bar bolanda; we

ç) aktiwiň adalatly gymmatyna ýa-da özüne düşýän gymmatyna adatdan daşary harajat we güýç sarp etmezden ygtybarly baha berip bolanda.

344. Döwlet tabşyrygy bolup durýan oba hojalyk önümine, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, döwlet tarapyndan bellenen kesgitli bahalar boýunça baha berilýär.

**Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş modeli**

345. Ilkibaşda ykrar edilen pursatynda we her bir hasabat döwrüne biologik aktiwe ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, adalatly gymmaty boýunça baha berilýär. Ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen adalatly gymmatdaky üýtgemeler peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilmelidir.

346. Kärhananyň biologik aktiwlerinden alnan oba hojalyk önümine önümiň alnan pursatynda kesgitlenilýän ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, adalatly gymmaty boýunça baha berilýär. Şunuň ýaly baha bermegiň netijesinde alnan ululyk “Ätiýaçlyklar” böleginiň ýa-da şu standartyň başga ulanarlykly böleginiň ulanylyp başlanýan senesindäki ýagdaýa görä özüne düşýän gymmaty bolup durýar.

347. Adalatly gymmat kesgitlenende, kärhana şu aşakdakylary hasaba almalydyr:

a) eger biologik aktiw ýa-da oba hojalyk önümi üçin olaryň şu wagtky ýagdaýlarynda we ýerleşýän ýerlerinde işjeň bazar bar bolsa, onda şol bazarda bellenen baha şu aktiwiň adalatly gymmatyny kesgitlemek üçin amatly esas bolup durýar. Eger kärhananyň birnäçe işjeň bazarlara çykmak mümkinçiligi bar bolsa, onda bazarda bar bolan we kärhananyň ulanmagy göz öňünde tutýan bahasy peýdalanylýar. Mysal üçin, eger kärhana iki işjeň bazara çykyp bilýän bolsa, onda ol özüniň geleşik baglaşmagy göz öňünde tutýan bazarynyň bahasyny peýdalanyp biler;

b) işjeň bazaryň ýok wagtynda kärhana adalatly gymmaty kesgitlemek üçin aşakda getirilýän görkezijileriň birini ýa-da birnäçesini peýdalanýar:

bazardaky iň soňky geleşikleriň bahasyny, geleşikleriň geçirilen senesi bilen hasabat döwrüniň tamamlanýan wagtynyň arasyndaky döwürde hojalyk şertlerinde düýpli üýtgetmeleriň bolup geçmedik ýagdaýynda;

şuňa meňzeş aktiwleriň tapawutlaryny hasaba almak bilen düzediş girizilen bazar bahalaryny; we

degişli pudaklaýyn görkezijileri, mysal üçin, bir eskport nowasyna ýa-da gektara hasaplanyňda baglaryň gymmatyny we etiň bir kilogrammyna hasaplanyňda gara mallaryň gymmatyny;

ç) käbir ýagdaýlarda, ýokarda görkezilen a) ýa-da b)-de, biologik aktiwiň ýa-da oba hojalyk önüminiň adalatly gymmaty babatynda dürli netijelere getirip biler. Kärhana bu tapawutlaryň sebäplerine esasly baha bermeleriň belli bir derejede dar çäginde adalatly gymmata berilýän has ygtybarly bahany kesgitlemek üçin seredýär.

**Hakyky harajatlar (özüne düşýän gymmat) boýunça hasaba alyş modeli**

348. Kärhana adalatly gymmatyny adatdan daşary harajat we güýç sarp etmezden kesgitläp bolmaýan biologik aktiwlere toplanan ulanyş tutumyny we gymmatyň gaçmagyndan toplanan ýitgileri aýyrmak bilen baha bermelidir.

349. Kärhana biologik aktiwlerden alnan oba hojalyk önümlerine, alnan pursatynda kesgitlenýän, ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir. Şunuň ýaly baha bermegiň netijesinde alnan ululyk “Ätiýaçlyklar” böleginiň ýa-da şu standartyň başga bir ulanarlykly böleginiň ulalynyp başlanan senesindäki ýagdaýa görä özüne düşýän gymmaty bolup durýar.

**Maglumaty açmak**

350. Kärhana özüniň adalatly gymmaty boýunça baha berilýän biologik aktiwleri babatynda şu maglumatlary açmalydyr:

a) özüniň biologik aktiwleriniň her bir derejesiniň beýanyny;

b) oba hojalyk önüminiň alnan (ýygnalan) pursatynda onuň her bir toparynyň we biologik aktiwleriň her bir toparynyň adalatly gymmaty kesgitlenende ulanylýan usullary we degerli ýol bermeleri;

ç) biologik aktiwleriň balans gymmatynyň şu döwrüň başyndaky we ahyryndaky üýtgemeleriniň deňeşdirmesini. Deňeşdirme şulary öz içine almalydyr:

ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, adalatly gymmatyň üýtgemeginden alnan peýdany ýa-da ýitgini;

aktiwleri satyn almagyň netijesinde gymmatyň ýokarlanyşyny;

oba hojalyk önümini ýygnamak (almak) bilen baglanyşykly gymmatyň peselmegini;

gaýry üýtgemeleri.

351. Kärhana özüniň hakyky harajatlar boýunça baha berilýän biologik aktiwleri babatynda şulary açmalydyr:

a) her bir biologik aktiwleriň toparynyň beýanyny;

b) adalatly gymmaty ygtybarly ölçemegiň mümkin bolmazlygynyň sebäpleriniň düşündirişini;

ç) ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň peýdalanylýan usulyny;

d) peýdaly ulanylýan möhletini ýa-da ulanyş tutumlarynyň ulanylýan ölçeglerini; we

e) döwrüň başyndaky we ahyryndaky jemi balans gymmatyny we toplanan ulanyş tutumyny (gymmaty gaçmakdan çekilen toplanan ýitgiler bilen bilelikde).

## GAZYLYP ALYNÝAN MAGDANLARY ÇYKARMAK BOÝUNÇA IŞ

352. KOT kärhanalary üçin şu standarty ulanýan we gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gözlemek, ätiýaçlyklaryna baha bermek we çykarmak (gazylyp alynýan magdanlary çykarmak boýunça iş) bilen meşgullanýan kärhana gazylyp alynýan magdanlary çykarmak boýunça işde peýdalanmaga niýetlenen maddy we maddy däl aktiwleri satyn almak we işläp taýýarlamak üçin harajatlary "Esasy serişdeler" bölegini we "Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler" bölegini ulanmak bilen (degişlilikde, gudwili aýryp) hasaba almalydyr. Eger kärhanada obýekti söküp aýyrmak ýa ýok etmek ýa-da ýer bölegini dikeltmek borjy bar bolsa, onda şunuň ýaly borçnamalar we harajatlar "Esasy serişdeler" bölegine we "Baha birilýän gorlar" bölegine laýyklykda hasaba alynýar.

## HYZMAT ETMEK

353. Hyzmat etmek boýunça konsessiýa ylalaşyklarynyň iki esasy topary bardyr:

a) olaryň bir topary boýunça operator maliýe aktiwini – belli bir döwür aralygynda döwlet böleginiň aktiwini gurmak ýa-da döwrebaplaşdyrmak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin hökümetden ýörite ýa-da belli bir pul möçberini ýa-da başga bir maliýe aktiwini almaga bolan hökmany şertnama hukugyny alýar. Jemgyýetçilik hyzmatlaryndan peýdalanyjylardan alnan pul möçberleri bilen öňünden şertleşilen ýa-da kesgitlenilýän pul möçberleriniň arasynda ýetmeýän islendik pul möçberini tölemek boýunça hökümet tarapyndan kepillendirmeler hem şu topara girýär;

b) beýleki topar boýunça operator maddy däl aktiwi, ýagny, döwlet böleginiň operatoryň özi tarapyndan gurulýan ýa-da döwrebaplaşdyrylýan we soňra belli bir wagtda dolandyrylýan we saklanylýan aktiwiniň peýdalanylandygy üçin töleg almak hukugyny alýar. Peýdalanyjylardan töleg almak hukugy pul serişdelerini almaga bolan hökmany hukuk bolup durmaýar, sebäbi pul möçberleri jemgyýetçiligiň hyzmatlardan peýdalanyş derejesine baglydyr.

354. Kähalatlarda bir şertnamada iki topar hem bolup biler:

döwlet böleginiň aktiwini gurmak üçin tölegler boýunça hökümetiň hökmany kepillendirmäni beren bölegi babatynda operator maliýe aktiwini alýar; we

operatoryň töleg almak üçin hyzmatlardan peýdalanýan jemgyýetçilige bil baglaýan bölegi babatynda, şu ýagdaýda operatorda maddy däl aktiw bolýar.

**Maliýe aktiwini hasaba alyş modeli**

355. Operator maliýe aktiwini gurluşyk boýunça hyzmatlaryň ýerine ýetirilendigi üçin konsessiýa berýän tarapdan ýa-da onuň görkezmesi boýunça pul serişdelerini ýa-da beýleki maliýe aktiwini almaga bolan hökmany şertnama hukugynyň bar bolan derejesinde ykrar etmelidir. Operator maliýe aktiwine adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir. Şonuň üçin hem ol maliýe aktiwi hasaba alanda "Maliýe gurallary" böleginiň düzgünlerine gollanmalydyr.

**Maddy däl aktiwi hasaba alyş modeli**

356. Operator maddy däl aktiwi jemgyýetçilik hyzmatlaryndan peýdalanyjylardan töleg almaga bolan hukugyny (ygtyýarnamany) alan derejesinde ykrar edýär. Operator maddy däl aktiwe ilkibaşky baha bermegi adalatly gymmaty boýunça geçirmelidir. Degişlilikde, ol maddy däl aktiwler hasaba alnanda "Gudwili aýyrmak bilen, maddy däl aktiwler" böleginiň düzgünlerine gollanmalydyr.

**Amallar peýdasy**

357. Hyzmat etmek üçin konsessiýa ylalaşygynyň operatory özüniň edýän hyzmatlary boýunça düşewünt hakyndaky maglumatlary "Düşewünt" bölegine laýyklykda ykrar etmelidir, baha bermelidir we açmalydyr.

## 13-NJI BÖLEK. “AKTIWLERIŇ GYMMATYNYŇ GAÇMAGY”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

358. Şu bölegiň maksady kärhananyň öz aktiwlerini olaryň öwezi dolunýan gymmatyndan ýokary bolmadyk ululyk boýunça hasaba almak üçin ulanýan düzgünlerini bellemekden ybaratdyr. Aktiwiň balans gymmatynyň onuň öwezi dolunýan gymmatyndan ýokary gelen wagtynda aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy bolup geçýär.

359. Şu bölek ähli aktiwleriň gymmatynyň gaçyşyny hasaba almak üçin ulanylmalydyr, emele getiriji birligiň we gudwiliň gymmatynyň gaçmagy muňa girmeýär, olar babatynda kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty ulanylýar.

360. Şu bölek ähli aktiwler hasaba alnanda ulanylýar, olar babatynda KOT kärhanalary üçin şu standartyň beýleki bölekleriniň talaplarynyň hereket edýän ýagdaýlary muňa girmeýär:

a) gaýra goýlan salgyt aktiwleri (“Peýdadan alynýan salgytlar” bölegine seret);

b) işgärlere hak-heşdek tölemegiň netijesinde ýüze çykýan salgytlar (“Işgärlere hak-heşdek tölemek” bölegine seret);

ç) “Maliýe gurallary” böleginiň ulanylýan çygrynda bolýan maliýe aktiwleri;

d) gozgalmaýan emläge goýlan maýa goýumlar, olara “Maýa goýum emlägi” bölegine laýyklykda adalatly gymmat boýunça baha berilýär;

e) oba hojalyk işi bilen baglanyşykly we “Ýöriteleşdirilen iş” bölegine laýyklykda, ýerlemek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, adalatly gymmaty boýunça baha berilýän biologik aktiwler.

## KESGITLEMELER

361. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Işjeň bazar –** aşakda sanalyp geçilýän ähli şertleriň ýerine ýetirilýän bazary:

a) şu bazarda dolanyşykda bolýan harytlaryň birmeňzeş bolmagy;

b) geleşigi amala aşyrmak isleýän satyn alyjylaryň hem-de satyjylaryň islendik wagtda tapylmagy;

ç) baha baradaky maglumatlaryň hemmeler üçin elýeterli bolmagy.

**Balans gymmaty –** bu toplanan ulanyş tutumy we gymmaty gaçmakdan toplanan ýitgiler aýrylandan soň aktiwiň hasabatda ykrar edilýän gymmatydyr.

**Emele getiriji birlik –** beýleki aktiwlerden ýa-da aktiwleriň toparlaryndan gelýän pul serişdeleriniň akymlaryna degerli derejede bagly bolmadyk pul serişdeleriniň gelmegini üpjün edýän aktiwleriň tapawutlandyrylýan iň kiçi toparydyr.

**Çykyp gitme üçin harajatlar –** bu aktiwiň ýa-da emele getiriji birligiň çykyp gitmegi bilen göni bagly bolan goşmaça harajatlardyr, maliýe harajatlary we peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajylar muňa girmeýär.

**Ulanyş tutumy hasaplanylýan ululyk –** aktiwiň hakyky gymmaty ýa-da onuň galyndy gymmatyny aýyrmak bilen hakyky gymmatyny çalyşýan başga bir pul möçberi.

**Ulanyş tutumy –** aktiwiň ulanyş tutumy hasaplanylýan ululygynyň onuň peýdaly ulanylýan möhletine yzygiderli paýlamak.

**Ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly gymmat –** bu, aktiwiň çykyp gitmegi üçin harajatlary aýyrmak bilen, onuň gowy habarly, şu amaly geçirmäge islegi bolan garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi ýa-da emele getiriji birligi ýerlemek ýoly bilen alnyp bilinjek pul möçberidir.

**Gymmaty gaçmakdan ýitgi –** bu aktiwiň ýa-da emele getiriji birligiň balans gymmatynyň onuň öwezi dolunýan gymmatyndan ýokary bolan pul möçberidir.

**Aktiwiň ýa-da emele getiriji birligiň öwezi dolunýan gymmaty** şu iki ululygyň, ýagny, ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly gymmatynyň ýa-da peýdalanma gymmatynyň ýokary möçberi bolup durýar.

**Peýdaly ulanylýan möhleti –** bu:

a) kärhananyň aktiwi peýdaly ulanmagy göz öňünde tutýan wagt aralygydyr; ýa-da

b) kärhananyň aktiwi peýdalanmakdan almaga garaşýan önümleriň birliginiň ýa-da şoňa meňzeş birlikleriň mukdarydyr.

**Peýdalanma gymmaty –** bu aktiwden ýa-da emele getiriji birlikden alynmagyna garaşylýan, pul serişdeleriniň geljekki akymlarynyň diskontirlenen gymmatydyr.

## ÄTIÝAÇLYKLARYŇ GYMMATYNYŇ GAÇMAGY

362. Kärhana her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä ätiýaçlyklara gymmatyň gaçmagy babatynda barlag geçirmelidir. Kärhana şunuň ýaly baha bermegi ätiýaçlyklaryň her bir maddasynyň (ýa-da meňzeş maddalar toparynyň) balans gymmatyny onuň tamamlamak we ýerlemek üçin harajatlar aýrylan ýerleme bahasy bilen deňeşdirmek ýoly bilen geçirmelidir. Eger maddanyň (ýa-da meňzeş maddalar toparynyň) gymmaty gaçan bolsa, onda kärhana ätiýaçlyklaryň (ýa-da toparyň) balans gymmatyny, tamamlamak we ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, özüniň satuw bahasy babatynda azaltmalydyr.

363. Eger tamamlamak we ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, ätiýaçlyklaryň ýerlemek bahasyny maddalaýyn esasda kesgitlemek iş ýüzünde mümkin bolmasa, onda kärhana, gymmatyň gaçyşyna baha bermek üçin, önümleriň şol bir görnüşine degişli bolan we bellenen maksady we ahyrky peýdalanyşy bir meňzeş, bir georgafik sebitde öndürilýän we satylýan ätiýaçlyklar maddalaryny bir topara jemläp biler.

364. Kärhana tamamlamak we ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä, satuw bahasyna gaýtadan baha bermegi geçirmelidir. Eger ozal ätiýaçlyklaryň gymmatynyň gaçmagyna sebäp bolan ýagdaýlar aradan aýrylan bolsa ýa-da ykdysady şertleriň üýtgändigi sebäpli gymmatyň gaçmagy bilen baglanyşykly harajatlary aýyrmak bilen, ýerleme

bahalarynyň ýokarlanýandygy aýdyň görünýän bolsa, kärhana gymmatyň gaçan möçberini (ýagny, rewersirlenýän pul möçberi gymmatyň gaçmagyndan çekilen ilkibaşky ýitgiden ýokary bolmadyk möçberi) täze balans gymmaty aşakdaky ululyklaryň iň pes derejesi bolar ýaly görnüşde rewersirlemelidir:

özüne düşýän gymmaty; we

tamamlamak we ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, gaýtadan seredilen ýerlemek bahasy.

## ÄTIÝAÇLYKLARY AÝYRMAK BILEN, AKTIWLERIŇ GYMMATYNYŇ GAÇMAGY

365. Eger aktiwiň öwezi dolunýan gymmaty onuň balans gymmatyndan pes bolsa, onda balans gymmaty aktiwiň öwezi dolunýan ululygyna çenli azaldylmalydyr. Bu azaldylma hem gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgi bolup durýar.

366. Kärhana gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini haýal etmän peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir.

367. Kärhana her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä aktiwiň gymmatynyň gaçmagynyň mümkindigini görkezýän islendik alamatlary ýüze çykarmalydyr. Şunuň ýaly islendik alamat ýüze çykarylanda kärhana aktiwiň öwezi dolunýan gymmatyna baha bermelidir. Eger gymmatyň gaçandygyny görkezýän alamat ýok bolsa, onda öwezi dolunýan gymmata baha bermegi geçirmek talap edilmeýär.

368. Aktiwiň gymmatynyň gaçmagynyň mümkindigini görkezýän alamatlary ýüze çykarmagyň barşynda kärhana, iň bolmanda şu ýagdaýlara seretmelidir:

**Daşarky maglumat çeşmeleri**

a) döwrüň dowamynda aktiwiň bazar gymmaty wagtyň geçmegine görä ýa-da kadaly peýdalanyşynyň netijesinde garaşylyp bilinjek möçbere garanyňda has ýokary ululyk derejesinde azalypdyr;

b) döwrüň dowamynda kärhananyň işleýän tehnologik, bazar, ykdysady we hukuk şertlerinde ýa-da aktiwiň niýetlenen bazarynda kärhana üçin ýaramaz netijeleri bolan düýpli üýtgetmeler bolup geçipdir ýa-da ýakyn geljekde bolup geçmegine garaşylýar;

ç) döwrüň dowamynda maýa goýumlarynyň bazar göterim möçberleri ýa-da olaryň peýdalydygynyň beýleki bazar görkezijileri ýokarlanypdyr we bu ýokarlanmalaryň aktiwiň peýdalanma gymmaty hasaplananda peýdalanylýan diskont möçberine düýpli täsir etmegi we ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, onuň öwezi dolunýan gymmatyny düýpli azaltmagy ähtimaldyr;

d) kärhananyň arassa aktiwleriniň balans gymmaty tutuş kärhananyň baha berlen adalatly gymmatyndan ýokarydyr (ýagny, baha bermek, mysal üçin, tutuş kärhananyň ýa-da onuň bir böleginiň mümkin bolan ýerlenmegi babatynda geçirilip bilner);

**Içerki maglumat çeşmeleri**

e) aktiwiň könelýändigine ýa-da fiziki zeper ýetendigine subutnamanyň bolmagy;

ä) döwrüň dowamynda aktiwiň häzirki ýa-da göz öňünde tutulýan ulanyş derejesinde ýa-da usulynda kärhana üçin ýaramaz netijeleri bolan düýpli üýtgemeler bolup geçipdir ýa-da ýakyn geljekde bolup geçmegine garaşylýar. Şunuň ýaly üýtgemelere: aktiwiň boş durmagy, aktiwiň peýdalanylýan işini bes etmek ýa-da bu işi gurluş taýdan üýtgedip guramak meýilnamalary, aktiwi ozal göz öňünde tutulan çykyp gitmeli senesinden öň ýerlemek meýilnamalary, şeýle hem aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletine bu möhleti näbellilikden wagt boýunça çäklendirilen möhlete geçirmek bilen gaýtadan seredilmegi degişlidir;

f) içerki hasabatlylyk aktiwi peýdalanmagyň häzirki ýa-da geljekki ykdysady görkezijileriň çak edilýän ykdysady görkezijilerden ýaramazdygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda ykdysady görkezijiler amallaryň netijelerini we pul serişdeleriniň akymlaryny öz içine alýar.

369. Eger-de aktiwiň gymmatynyň gaçmagynyň mümkindigini görkezýän alamat bar bolsa, onda bu ýagdaý aktiwiň peýdaly hyzmat etmeli möhletiniň galan bölegine, ondan ulanyş tutumyny almagyň usulyna ýa-da ýatyryş gymmatyna, oňa degişlilikde gymmaty gaçmakdan çekilen haýsydyr bir ýitgi ykrar edilmeýän hem bolsa, şu aktiwe degişli ulanylýan KOT kärhanalary üçin standartyna laýyklykda (mysal üçin, “Esasy serişdeler” bölegine we “Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler” bölegine laýyklykda) gaýtadan seredilmelidigine we düzediş girizilmelidigine şaýatlyk edip biler.

## ÖWEZI DOLUNÝAN GYMMATA BAHA BERMEK

370. Aktiwiň öwezi dolunýan gymmaty, ýerlemek üçin harajatlary we olaryň peýdalanma gymmatyny aýyrmak bilen, olaryň adalatly gymmatyndan ýokary bolýar. Ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, aktiwiň adalatly gymmatyny we peýdalanma gymmatyny kesgitlemek ähli ýagdaýlarda zerur bolup durmaýar. Eger bu pul möçberleriniň islendigi aktiwiň balans gymmatyndan ýokary bolsa, onda bu aktiw gymmatyny gaçmandygyny we beýleki pul möçberine baha bermegiň zerurlygynyň ýokdugyny aňladýar.

371. Aktiwiň peýdalanma gymmaty ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen onuň adalatly gymmatyndan düýpli ýokary gelýär diýip hasap etmäge esaslaryň bolmadyk wagtynda bu soňky ululyk onuň öwezi dolunýan gymmaty hökmünde kabul edilip bilner. Bu köplenç ýagdaýda çykyp gitmek üçin niýetlenen aktiw üçin adalatly bolup durýar.

**Ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly gymmat**

372. Aktiwi ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen, onuň adalatly gymmatynyň iň gowy subutnamasy garaşsyz taraplaryň arasynda baglaşylan,

hökmany güýji bar bolan satmak hakyndaky şertnama boýunça şertleşilen baha ýa-da işjeň bazardaky bazar bahasy bolup durýar.

373. Satmak hakynda hökmany güýji bar bolan şertnama ýa-da aktiw üçin işjeň bazar ýok bolsa, gowy habarly, şunuň ýaly amallary geçirmegi isleýän biri-birinden garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende kärhananyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä, çykyp gitmegi üçin harajatlary aýyrmak bilen, aktiwiň çykyp gitmeginden alyp biljek pul möçberini has dogry görkezýän maglumat ýerlemek üçin harajatlary aýyrmak bilen adalatly gymmaty kesgitlemek üçin esas bolup hyzmat edýär. Bu pul möçberi kesgitlenende kärhana şol pudagyň çäklerinde meňzeş aktiwler bilen geçirilen soňky amallaryň netijelerini hasaba alýar.

**Peýdalanma gymmaty**

374. Aktiwiň peýdalanma gymmatyna baha bermek şu tapgyrlary öz içine alýar:

a) aktiwi peýdalanmagyň dowam etdirilmegi we onuň gutarnykly çykyp gitmegi bilen baglanyşykly geljekde pul serişdeleriniň gelip gowuşmagyna we gitmegine baha bermek; we

b) bu geljekki pul serişdeleriniň akymlaryna degişli diskont möçberini ulanmak.

375. Aktiwiň peýdalanma gymmaty hasaplananda şu bölekler görkezilmelidir:

a) kärhananyň aktiwiň ulanmagyndan almaga garaşýan geljekki pul serişdeleriniň akymlaryna baha bermek;

b) bu pul serişdeleriniň akymlarynyň möçberinde we möhletlerinde mümkin bolan üýtgemelere degişli garaşmalar;

ç) pullaryň göterimiň töwekgelçiliksiz gündelik bazar möçberi arkaly görkezilen wagtlaýyn gymmaty;

d) şu aktiwe mahsus bolan näbellilik üçin goşmaça töleg; we

e) kärhananyň aktiwden almaga garaşýan geljekki pul serişdeleriniň akymlarynyň ululygy bellenilende bazara gatnaşyjylar tarapyndan görkezilýän, geçginlilik ýaly beýleki ýagdaýlar.

376. Geljekki pul serişdeleriniň akymlaryna baha bermek şulary öz içine almalydyr:

a) aktiwi peýdalanmagy dowam etdirmekden pul serişdeleriniň gelip gowuşmagyna degişli çaklamalar;

b) aktiwi peýdalanmagy dowam etdirmekden pul serişdeleriniň gelmegini (aktiwi peýdalanmaga taýýarlamak üçin pul serişdeleriniň gitmegini goşmak bilen) emele getirmek üçin gutulgysyz ýagdaýda ýüze çykjak we aktiwe göni degişli edilip ýa-da oňa esasly we yzygiderli paýlanyp bilinjek pul serişdeleriniň gitmegine degişli çaklamalar;

ç) garaşsyz, gowy habarly we geleşik baglaşmak isleýän taraplaryň arasyndaky geleşikleriň netijesinde, aktiwiň peýdaly ulanylmaly möhletiniň

ahyrynda ol ýatyrylanda alynmagy (ýa-da tölenmegi) göz öňünde tutulýan pul serişdeleriniň arassa akymlary.

377. Kärhana soňky maliýe çykdajy sanawlarynyň ýa-da çaklamalarynyň maglumatlaryny, eger olar elýeter bolsa, pul serişdeleriniň hereketine baha bermek üçin peýdalanyp biler. Soňky çykdajy sanawlarynda ýa-da çaklamalarda görkezilen döwür tamamlanandan soň pul serişdeleriniň hereketine bahany emele getirmek üçin kärhana çykdajy sanawlaryna we çaklamalara esaslanýan bahany soňky ýyllar üçin ösüş depginiň durnukly ýa-da peselýän görkezijjilerini (ösüş depginleriniň ýokarlanýan görkezijilerini ulanmagyň esasly bolmadyk ýagdaýynda) peýdalanmak bilen ekstrapolýasiýa edip biler.

378. Geljekki pul serişdeleriniň akymlaryna baha bermek şulary öz içine almaýar:

a) maliýe işinden pul serişdeleriniň gelmegini ýa gitmegini; we

b) peýdadan alynýan salgytlaryň gelip gowuşmagyny ýa-da tölenmegini.

**Diskontyň möçberi**

379. Salgydyň hasaba alynmazyndan öňki, gündelik bazar baha bermelerini görkezýän möçberi diskontyň möçberi (möçberleri) bolmalydyr:

a) pullaryň wagtlaýyn gymmaty; we

b) geljekki pul akymlaryna baha berlende düzediş girizilmedik, şu aktiwe aýratyn mahsus bolan töwekgelçilikler.

380. Aktiwiň peýdalanma gymmatyna baha bermek üçin ulanylýan diskont möçberi (möçberleri) geljekki pul serişdeleriniň akymlaryna baha berlende düzediş geçirilen töwekgelçilikleri görkezmeli däldir. Tersine bolan ýagdaýynda ýol bermeleriň netijeleri iki gezek hasaplanar.

## GYMMATY GAÇMAKDAN ÇEKILEN ÝITGINI REWERSIRLEMEK

381. Kärhana her bir hasabat döwründäki ýagdaýa görä, gudwili aýyrmak bilen, aktiw babatynda geçen döwürlerde ykrar edilen gymmaty gaçmakdan çekilen ýitginiň mundan beýläk ýokdugynyň ýa-da azalandygynyň haýsydyr bir alamatlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny ýüze çykarmalydyr. Şunuň ýaly islendik alamat ýüze çykarylanda kärhana bu aktiwiň öwezi dolunýan gymmatyna baha bermäge borçlydyr.

382. Eger ozal ykrar edilen, gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgi gymmatyň gaçma täsirine düşen aýratyn aktiwiň öwezi dolunýan gymmatyna esaslanýan bolsa, onda oňa degişlilikde şu talaplar ulanylýar:

a) kärhana häzirki hasabat senesindäki ýagdaýa görä, aktiwiň öwezi dolunýan gymmatyna baha bermelidir;

b) eger aktiwiň öwezi dolunýan gymmatynyň baha berlen möçberi onuň balans gymmatyndan ýokary bolsa, onda kärhana balans gymmatyny öwezi dolunýan gymmata çenli ýokarlandyrmalydyr, aşakda ç) bölümçede beýan edilen

çäklendirmeler muňa girmeýär. Kärhana rewersirlemegi haýal etmän peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir;

ç) gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini rewersirlemek aktiwiň balans gymmatyny geçen ýyllarda şu aktiw üçin gymmatyň gaçmagyndan hiç bir ýitginiň ykrar edilmedik ýagdaýynda kesgitlenip bilinjek balans gymmatyndan (ulanyş tutumlaryny aýyrmak bilen) ýokarlandyrmaly däldir;

d) gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini rewersirlemek ykrar edilenden soň, kärhana ulanylmaly möhletiniň galan böleginiň dowamynda yzygiderli esasda galyndy gymmatyny aýyrmak bilen (eger bu ýüze çykanda), aktiwiň balans gymmatyna gaýtadan seredilmegini hasaba almak bilen, geljekki döwürlerde aktiw boýunça ulanyş tutumlaryna düzediş girizmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

383. Aktiwleriň her bir topary boýunça kärhana şu maglumatlary açmaga borçlydyr:

a) döwrüň dowamynda peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilen, gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgileriň pul möçberini we bu ýitgileriň görkezilýän, jemi peýda barada hasabatyň gönümel maddasyny (maddalaryny);

b) döwrüň dowamynda peýdada ýa-da ýitgide ykrar edilen, gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgileriň rewersirlenen pul möçberini we bu ýitgileriň görkezilýän, jemi peýda barada hasabatyň gönümel maddasyny (maddalaryny);

384. Aktiwleriň şu görnüşleriniň her biri üçin kärhana maglumatlary 383-nji bölüme laýyklykda açmalydyr:

a) ätiýaçlyklar;

b) esasy serişdeler (hakyky harajatlar boýunça hasaba alynýan maýa goýum emlägini goşmak bilen);

ç) gudwil;

d) gudwili aýyrmak bilen, maddy däl aktiwler;

e) assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar;

ä) bilelikdäki işe maýa goýumlar.

## 14-NJI BÖLEK “ASSOSIRLENEN KÄRHANALARA MAÝA GOÝUMLAR”

### ULANYLÝAN ÇYGRY

385. Şu bölek jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda we maýa goýumçynyň maliýe hasabatlylygynda düýp kärhana bolup durmaýan, ýöne bir ýa-da birnäçe assosirlenen kärhanalarda maýa goýumlary bolan assosirlenen kärhanalary hasaba almak üçin ulanylýar. Şu KOT kärhanalary üçin standartyň “Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek” böleginde aýratyn maliýe hasabatlylygy üçin assosirlenen kärhanalary hasaba almaga bildirilýän talaplar bellenýär.

### KESGITLEMELER

386. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Assosirlenen kärhana –** maýa goýumçynyň uly täsiri bar bolan, ýöne maýa goýumçynyň golçur kärhanasy hem, bilelikdäki işi hem bolup durmaýan kärhana.

**Degerli täsir –** bu kärhananyň maliýe we önümçilik syýasaty boýunça çözgütleriniň kabul edilmegine gatnaşmak mümkinçiligidir, ýöne bu syýasata gözegçilik etmek däldir. Mysal üçin:

a) eger maýa goýumçy göni ýa-da gytaklaýyn (mysal üçin, golçur kärhanalaryň üstünden) assosirlenen kärhanadaky sesleriň 20 ýa-da ondan köp göterimine eýelik edýän bolsa, maýa goýumçynyň degerli täsiri bar diýip hasap edilýär, şunuň ýaly täsiriň ýokdugyny takyk görkezip bolýan ýagdaýlar muňa girmeýär;

b) we tersine, eger maýa goýumçy göni ýa-da gytaklaýyn (mysal üçin, golçur kärhanalaryň üstünden) assosirlenen kärhanadaky sesleriň 20-den az göterimine eýelik edýän bolsa, maýa goýumçynyň degerli täsiri ýok diýip hasap edilýär, şunuň ýaly täsiriň bardygyny takyk görkezip bolýan ýagdaýlar muňa girmeýär;

ç) beýleki bir maýa goýumçynyň eýeçilige bolan hukugyň düýpli ýa-da köp bölegine eýelik etmeginiň özi maýa goýumçy üçin degerli täsir mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

### HASABA ALYŞ SYÝASATYNY SAÝLAP ALMAK

387. Maýa goýumçy özüniň ähli assosirlenen kärhanalara goýan maýa goýumlaryny şu usullaryň biri boýunça hasaba almalydyr:

a) hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usuly;

b) paýly gatnaşmak usuly;

ç) adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usuly.

### Hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usuly

388. Maýa goýumçy özüniň assosirlenen kärhanalara goýan maýa goýumlaryny, olar üçin çap edilen kesilen nyrh bar bolan goýumlardan başga, “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine laýyklykda ykrar edilen, gymmatyň gaçmagyndan toplanan islendik ýitgileri aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça görkezmelidir.

389. Maýa goýumçy maýa goýumlaryndan alnan diwidendleri we beýleki paýlanan serişdeleri, olaryň assosirlenen kärhananyň satyn alnan senesinden öň ýa-da soň toplanan peýdasynyň netijesi bolan peýda bolup durýandygyna ýa-da durmaýandygyna garamazdan, girdejiniň düzüminde ykrar etmelidir.

390. Maýa goýumçy özüniň assosirlenen kärhanalara goýan, olar üçin çap edilen, kesilen nyrhlar bar bolan maýa goýumlaryny adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen görkezmelidir.

### Paýly gatnaşmak usuly

391. Paýly gatnaşmak usuly boýunça paýly maýa goýumy ilkibaşda amalyň bahasy boýunça (geleşik boýunça çykdajylary goşmak bilen) ykrar edilýär, soňra bolsa maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň peýdasyndaky ýa-da ýitgisindäki we gaýry jemi peýdasyndaky paýyny hasaba almak bilen düzediş girizilýär:

a) serişdeleri paýlamak we balans gymmatyna gaýry düzedişler - assosirlenen kärhanadan alnan paýlanan serişdeler maýa goýumlarynyň balans gymmatyny peseldýär. Balans gymmatyna düzediş girizmek assosirlenen kärhananyň maýasyndaky gaýry jemi peýdanyň maddalary bilen baglanyşykly ýüze çykýan üýtgemeler netijesinde hem talap edilip bilner;

b) mümkin bolan ses bermek hukugy - mümkin bolan ses bermek hukugyna degerli täsiriň bardygy barada çözgüt kabul edilende seredilýändigine garamazdan, maýa goýumçy özüniň assosirlenen kärhananyň peýdasyndaky ýa-da ýitgisindäki paýyna we özüniň assosirlenen kärhananyň maýasyndaky üýtgemelerdäki paýyna bar bolan gönüden-göni gatnaşma paýlarynyň esasynda baha bermelidir. Bu baha bermeler mümkin bolan ýerlemäni ýa-da mümkin bolan ses bermek hukuklarynyň çalyşylmagyny görkezmeli däldir;

ç) göz öňünde tutulýan gudwil we adalatly gymmata girizilýän düzedişler - assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlary edinilende maýa goýumçy hasaba alyşda satyn alnan gymmat bilen maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň tapawutlandyrylýan sap aktiwleriniň adalatly gymmatyndaky paýlarynyň arasyndaky islendik tapawutlary (oňyn we ýaramaz tapawutlar) görkezmelidir. Maýa goýumçy assosirlenen kärhananyň ulanyş tutumy alynýan aktiwleriniň (gudwili hem goşmak bilen) maýa goýumlarynyň edinilen pursatynda olaryň adalatly gymmatynyň balans gymmatyndan ýokary gelmeginiň esasynda goşmaça ulanyş tutumyny hasaba almak üçin, satyn alnandan soň özüniň assosirlenen kärhananyň peýdasyndaky we ýitgisindäki paýyna düzediş girizmelidir;

d) gymmatyň gaçmagy - assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň gymmatynyň gaçmagynyň mümkindiginiň alamatlary bar bolsa, maýa goýumçy “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine laýyklykda, maýa goýumlaryň ähli balans gymmatyny aýratyn aktiw hökmünde gymmatyň gaçmagy babatynda barlagdan geçirmelidir. Assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň balans gymmatyna goşulan islendik gudwil gymmatyň gaçmagy babatynda aýratynlykda däl-de, tutuşlygyna maýa goýumlarynyň gymmatynyň gaçmagy babatynda barlagdan geçirilýär;

e) maýa goýumçynyň assosirlenen kärhanalar bilen amallary - eger assosirlenen kärhana hasaba alyşda paýly gatnaşmak usulyny peýdalanmak bilen görkezilýän bolsa, onda maýa goýumçy amallardan alnan ýerlenmedik peýdalary we ýitgileri maýa goýumçynyň assosirlenen kärhanadaky paýyna deň bolan möçberde “aşakdan-ýokaryk” (assosirlenen kärhanadan maýa goýumça) we “ýokardan-aşak” (maýa goýumçydan assosirlenen kärhana) tertipde aýyrmalydyr. Şunuň ýaly amallardan alnan ýerlenmedik ýitgiler berlen aktiwiň gymmatynyň gaçandygynyň subutnamasy bolup hyzmat edip biler;

ä) assosirlenen kärhananyň maliýe hasabatlylygynyň senesi - paýly gatnaşmak usuly ulanylanda maýa goýumçy assosirlenen kärhananyň maýa goýumçynyň maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanan senesine görä taýýarlanan maliýe hasabatlylygyny peýdalanmalydyr, onuň iş ýüzünde mümkin bolmadyk ýagdaýlary muňa girmeýär. Eger bu iş ýüzünde mümkin bolmasa, onda maýa goýumçy assosirlenen kärhananyň iň soňky senedäki ýagdaýa görä taýýarlanan, hasabat döwürleriniň tamamlanan seneleriniň arasyndaky bolup geçen islendik degerli amallary ýa-da wakalaryň täsirini hasaba almak bilen düzediş girizilen maliýe hasabatlylygyndan peýdalanmalydyr;

f) assosirlenen kärhananyň hasaba alyş syýasaty - eger assosirlenen kärhana maýa goýumçynyň hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanýan hasaba alyş syýasatyny peýdalanýan bolsa, onda maýa goýumçy paýly gatnaşmak usulyny ulanmak maksady bilen, maýa goýumçynyň hasaba alyş syýasyny görkezmek üçin assosirlenen kärhananyň maliýe hasabatlylygyna düzediş girizmelidir, onuň iş ýüzünde mümkin bolmadyk ýagdaýlary muňa girmeýär;

g) maýa goýumlarynyň möçberinden ýokary bolan ýitgiler - eger maýa goýumçynyň assosirlenen kärhananyň ýitgilerindäki paýy onuň assosirlenen kärhana goýan maýa goýumlarynyň balans gymmatyna deň ýa-da ondan ýokary bolsa, onda maýa goýumçy geljekki ýitgilerde özüniň paýyny ykrar etmegi bes etmelidir. Maýa goýumçynyň paýy nola çenli peselenden soň maýa goýumçy goşmaça ýitgileri ykrar etmelidir, şunda ol diňe maýa goýumçynyň hukuk borçlarynyň ýa-da onuň emele gelen tejribe bilen şertlendirilen borçlarynyň ýa assosirlenen kärhananyň adyndan geçirilen tölegleriň möçberine deň bolan möçberde ätiýaçlyk goruny döredýär (“Baha berilýän gorlar” bölegine seret). Eger assosirlenen kärhana soňundan peýda berip başlasa, onda maýa goýumçy diňe özüniň peýdadaky paýy ykrar edilmedik ýitgilerdäki paý bilen deňleşenden soň bu peýdadaky özüniň paýyny täzeden ykrar edip başlamalydyr;

h) paýly gatnaşmak usulyny peýdalanmagy bes etmek - maýa goýumçy paýly gatnsaşmak usulyny peýdalanmagy degerli täsiriň gabat gelen senesinden başlap bes etmelidir:

eger assosirlenen kärhana golçur kärhana ýa-da bilelikde iş alnyp barylýan kärhana öwrülýän bolsa, maýa goýumçy özüniň maýadaky ozaldan bar bolan paýyna adalatly gymmatyna çenli gaýtadan baha bermelidir we şonuň netijesinde alnan peýdany ýa ýitgini (eger olar bar bolsa) peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir;

doly ýa-da bölekleýin çykyp gitmegiň netijesinde maýa goýumçy tarapyndan assosirlenen kärhana degerli täsir ýitirilen halatynda maýa goýumçy şu assosirlenen kärhanany ykrar etmegi bes etmelidir we bir tarapdan, saklanyp galan islendik paýyň adalatly gymmaty goşup, alnan gelip gowuşmalaryň pul möçberi bilen, beýleki tarapdan, assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň degerli täsiriň ýitirilen senesindäki ýagdaýa görä balans gymmatynyň arasyndaky tapawudy peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir. Soňundan maýa goýumçy saklanyp galan islendik paýy, ýagdaýa görä “Maliýe gurallary” bölegiň talaplaryny ulanmak bilen hasaba almalydyr;

eger maýa goýumçy beýleki sebäplere görä, ýöne maýa goýumlarynyň bölekleýin çykyp gitmeginiň netijesinde ýüze çykan sebäpden başga sebäbe görä degerli täsiri ýitiren bolsa, maýa goýumçy maýa goýumlarynyň görkezilen senedäki ýagdaýa görä balans gymmatyna özüne düşýän gymmatyň täze esasy hökmünde baha bermelidir we maýa goýumlaryny, ýagdaýa görä “Maliýe gurallary” bölegiň talaplaryny ulanmak bilen, hasaba alyşda görkezmelidir.

**Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usuly**

392. Assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlar ilkibaşda ykrar edilende maýa goýumçy oňa amalyň bahasy boýunça baha bermelidir. Amalyň bahasy geleşik boýunça harajatlary öz içine almaýar.

393. Her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä, maýa goýumçy özüniň assosirlenen kärhana goýan maýa goýumlaryna adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir, adalatly gymmatdaky üýtgemeleri bolsa adalatly gymmata baha bermek boýunça gollanmany peýdalanmak bilen, “Maliýe gurallary” böleginde berlen, peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir. Adalatly gymmaty boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanýan maýa goýumçy, assosirlenen kärhana goýlan, özüne düşýän gymmatyna adatdan daşary harajatlar ýa-da güýç sarp etmezden ygtybarly baha bermek iş ýüzünde mümkin bolmadyk islendik maýa goýumlary babatynda hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmalydyr.

## MALIÝE HASABATLYLYGYNY BERMEK

394. Maýa goýumçy assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlary uzak möhletli aktiwler hökmünde topara bölmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

395. Assosirlenen kärhananyň maýa goýumçysy şu maglumatlary açmalydyr:

a) assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlary babatynda özüniň hasaba alyş syýasatyny;

b) assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň balans gymmatyny;

ç) assosirlenen kärhanalar üçin çap edilen, kesilen nyrhlar ýok bolan, paýly gytnaşmak usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynýan, assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlarynyň adalatly gymmatyny.

396. Hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usuly bilen hasaba alynýan, assosirlenen kärhana goýlan maýa goýumlary babatynda maýa goýumçy diwidendleriň pul möçberini we girdejiniň düzüminde ykrar edilen gaýry paýlanan serişdeleri açmalydyr.

397. Paýly gatnaşmak usuly boýunça hasaba alynýan, assosirlenen kärhana goýan maýa goýumlary babatynda maýa goýumçy, şular ýaly assosirlenen kärhanalaryň peýdasyndaky ýa-da ýitgisindäki öz paýy baradaky maglumaty we şular ýaly assosirlenen kärhanalaryň bes edilen işiniň islendik görnüşlerindäki özüniň paýy barada maglumaty aýratynlykda açmalydyr.

398. Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usuly bilen hasaba alynýan, assosirlenen kärhana goýan maýa goýumlary babatynda maýa goýumçy açylmagy talap edilýän maglumatlary “Maliýe gurallary” bölegine laýyklykda açmalydyr.

## 15-NJI BÖLEK. “BILELIKDÄKI IŞE MAÝA GOÝUMLAR”

## ULANYLÝAN ÇYGRY

399. Şu bölek jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda we düýp kärhana bolup durmaýan, ýöne bir ýa-da ondan köp bilelikdäki işe gatnaşýan maýa goýumçynyň maliýe hasabatlylygynda bilelikdäki iş hasaba alnanda ulanylýar. Şu KOT kärhanalary üçin standartyň “Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek” bölegi bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikdäki işdäki paýyny aýratyn maliýe hasabatlylygynda görkezmäge bildirilýän talaplary belleýär.

## KESGITLEMELER

400. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Bilelikdäki gözegçilik** - şertnamada görkezilen, ykdysady işe gözegçiligiň bölünişi; bilelikdäki gözegçilik diňe strategik maliýe we amallar baradaky çözgütler bu ykdysady işe bilelikde gözegçilik edýän (ýagny, bilelikdäki telekeçilige gatnaşyjy) ähli taraplaryň biragyzdan goldamagyny talap edýän ýagdaýynda bolup biler.

**Bilelikdäki iş** - bu şertnamalaýyn ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iki ýa-da ondan köp tarap bilelikde gözegçilik etmek şerti bilen ykdysady işi amala aşyrýar. Bilelikdäki iş bilelikde gözegçilik edilýän aktiwler, bilelikde gözegçilik edilýän iş ýa-da bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalar görnüşinde bolup biler.

## BILELIKDE GÖZEGÇILIK EDILÝÄN AMALLAR

401. Bilelikdäki işiň käbir görnüşleriniň amallary korporasiýalary, şereketleri ýa-da başga bir kärhanany ýa-da bilelikdäki işe gatnaşyjylardan aýratyn maliýe gurluşyny döretmegi däl-de, bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň aktiwlerini we gaýry serişdelerini peýdalanmagy göz öňünde tutýar. Bilelikdäki işe her bir gatnaşyjy özüniň esasy serişdelerini peýdalanýar we öz ätiýaçlyklaryny döredýär. Şeýle hem öz çykdajylaryny we borçnamalaryny onuň özi çekýär we özünden maliýe serişdelerini alýar, bu bolsa onuň öz borçnamalary bolup durýar. Bilelikdäki iş bilelikdäki işe gatnaşyjynyň özüniň şoňa meňzeş işi bilen ugurdaş, onuň hakyna tutulan işgärleri tarapyndan amala aşyrylyp bilner. Bilelikdäki işi döretmek hakynda ylalaşyk adatça serişdeleri göz öňünde tutýar, bu serişdeleriň kömegi bilen bilelikdäki önümi ýerlemekden alnan düşewünt we bilelikde çekilen islendik çykadajylar bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasynda bölünýär.

402. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň her biri özüniň bilelikde gözegçilik edilýän amallaryndaky gatnaşma paýy babatynda şu aşakdakylary özüniň maliýe hasabatlylygynyň aýratyn görnüşlerinde ykrar etmäge borçlydyr:

a) özüniň gözegçilik edýän aktiwlerini we bar bolan borçnamalaryny; we

b) çekilen çykdajylary we özüniň bilelikdäki işde öndürilen harytlary ýa-da hyzmatlary ýerlemegiň netijesinde alynýan girdejidäki paýyny.

## BILELIKDE GÖZEGÇILIK EDILÝÄN AKTIWLER

403. Bilelikdäki işiň käbir görnüşleri bilelikdäki gözegçiligiň bolmagyny, köplenç ýagdaýda bolsa bilelikdäki işiň bähbitleri üçin geçirilen ýa-da satyn alnan we bilelikdäki işiň maksatlaryna ýetmek üçin niýetlenen bir ýa-da birnäçe aktiwlere bilelikdäki işe gatnaşyjylar tarapyndan bilelikde eýeçilik edilmegini göz öňünde tutýar.

404. Bilelikdäki işe gatnaşyjy bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerdäki gatnaşma paýy babatynda özüniň maliýe hasabatlylygynda şulary ykrar etmäge borçlydyr:

a) şol aktiwleriň häsiýetine baglylykda topara bölünen, bilelikde gözegçilik edilýän aktiwlerdäki öz paýyny;

b) öz üstüne kabul eden borçnamalaryny;

ç) bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylar bilen bir hatarda, bilelikdäki iş babatynda islendik borçnamalardaky paýyny;

d) bilelikdäki iş bilen baglanyşykly çekilen çykdajylardaky öz paýy bilen birlikde, bilelikdäki işin netijesinde öndürilen önümdäki öz paýyny ýerlemekden ýa-da peýdalanmakdan alnan girdejini; we

e) özüniň bilelikdäki işdäki gatnaşma paýy babatynda çeken çykdajylaryny.

## BILELIKDE GÖZEGÇILIK EDILÝÄN KÄRHANALAR

405. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhana – bu bilelikdäki iş bolup, ol korporasiýalaryň, şereketleriň ýa-da onda bilelikdäki işe gatnaşyjynyň her biriniň gatnaşma paýy bolan başga bir kärhananyň döredilmegini göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly kärhana edil beýleki kärhanalar ýaly işleýär, bir tapawutly ýeri onda bilelikdäki işe gatnaşyjylaryň arasyndaky şertnamalaýyn ylalaşyk onuň ykdysady işine bilelikdäki gözegçiligi belleýär.

## HASABA ALYŞ SYÝASATYNY SAÝLAP ALMAK

406. Bilelikdäki işe gatnaşyjy özüniň ähli bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara gatnaşma paýyny aşakda sanalýan usullaryň biriniň kömegi bilen hasaba almalydyr:

a) hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usuly;

b) paýly gatnaşmak usuly;

ç) adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usuly.

### Hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usuly

407. Bilelikdäki işe gatnaşyjy özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara goýan maýa goýumlaryny, olar üçin çap edilen, kesilen nyrh bar bolan goýumlardan başga, “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine laýyklykda

ykrar edilen, gymmatyň gaçmagyndan toplanan islendik ýitgileri aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha bermelidir.

408. Maýa goýumçy maýa goýumlaryndan alnan diwidendleri we beýleki paýlanan serişdeleri, olaryň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanada, satyn alnan senesinden öň ýa-da soň toplanan peýdasynyň netijesi bolan peýda bolup durýandygyna ýa-da durmaýandygyna garamazdan, girdeji hökmünde ykrar etmelidir.

409. Bilelikdäki işe gatnaşyjy özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara goýan, olar üçin yglan edilen, kesilen nyrhlar bar bolan maýa goýumlaryna adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen baha bermelidir.

**Paýly gatnaşmak usuly**

410. Bilelikdäki işe gatnaşyjy özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara goýan maýa goýumlaryna paýly gatnaşmak hasaba alyş usuly boýunça, “Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” böleginde beýan edilen amallary peýdalanmak bilen (görkezilen bölegindäki “degerli täsir” diýen jümläniň ýerine “bilelikdäki gözegçilik” diýen jümläni goýmak bilen) baha bermelidir.

**Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usuly**

411. Bilelikde gözegçilik edilýän kärhana goýlan maýa goýumlary ilkibaşda ykrar edilende bilelikdäki işe gatnaşyjy oňa geleşigiň bahasy boýunça baha bermelidir. Geleşigiň bahasy geleşik boýunça harajatlary öz içine almaýar.

412. Her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä, bilelikdäki işe gatnaşyjy özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhana goýan maýa goýumlaryna adalatly gymmat boýunça baha bermelidir, adalatly gymmatdaky üýtgemeleri bolsa adalatly gymmata baha bermek boýunça gollanmany peýdalanmak bilen, “Maliýe gurallary” böleginde berlen, peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir. Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanýan bilelikdäki işe gatnaşyjy, bilelikde gözegçilik edilýän kärhana goýlan, özüne düşýän gymmatyna adatdan daşary harajatlar ýa-da güýç sarp etmezden ygtybarly baha bermek iş ýüzünde mümkin bolmadyk islendik maýa goýumlary babatynda hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmalydyr.

## BILELIKDÄKI IŞI AMALA AŞYRMAGYŇ BARŞYNDA KÄBIR AMALLARY GÖRKEZMEK

413. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikdäki işe aktiwleri geçirýän ýa-da satýan mahalynda amaldan alynýan peýdanyň ýa-da ýitginiň islendik böleginiň ykrar edilmegi şu amalyň mazmunyny görkezmelidir. Aktiwleriň bilelikdäki işde saklanýan wagtynda we bilelikdäki işe gatnaşyjynyň eýelik etmek bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we hak-heşdekleri beren şertlerinde bilelikdäki işe gatnaşyjy peýdanyň diňe bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylaryň

gatnaşma paýyna degişli bolan bölegini ykrar etmäge borçlydyr.Bilelikdäki işe gatnaşyjy, eger şunuň ýaly goýum ýa-da satmak gymmatyň gaçmagyndan çekilýän ýitgä şaýatlyk edýän bolsa, ýitginiň islendik pul möçberini doly derejede ykrar etmelidir.

414. Bilelikdäki işe gatnaşyjynyň bilelikdäki işiň aktiwlerini satyn alýan mahalynda, eger ol aktiwi garaşsyz tarapa satmaýan bolsa, bilelikdäki işiň bu amaldan gelýän peýdasyndaky öz paýyny ykrar etmäge haky ýokdur. Bilelikdäki işe gatnaşyjy şunuň ýaly amallar netijesinde ýüze çykýan ýitgilerdäki öz paýyny peýdanyň ykrar edilişi ýaly tertipde ykrar etmelidir, şunda bir tapawut bilen, ýagny, ýitgiler gymmatyň gaçmagyndan çekilýän ýitgini görkezýän bolsa, badabat ykrar edilmelidir.

## MAÝA GOÝUMÇYNYŇ BILELIKDE GÖZEGÇILIK ETMEÝÄN ÝAGDAÝLARY

415. Bilelikde gözegçilik etmeýän maýa goýumçy şunuň ýaly maýa goýumlaryny “Maliýe gurallary” bölegine laýyklykda ýa-da bilelikdäki işe degerli gözegçiligi bar bolsa, “Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” bölegine laýyklykda hasaba almalydyr.

## MAGLUMATY AÇMAK

416. Bilelikdäki işe maýa goýumçy şu maglumatlary açmalydyr:

a) özüniň bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara gatnaşma paýyny ykrar etmek üçin peýdalanýan hasaba alyş syýasatyny;

b) bilelikde gözegçilik edilýän kärhana goýlan maýa goýumlarynyň balans gymmatyny;

ç) olar üçin yglan edilen, kesilen nyrhlar ýok bolan, paýly gytnaşmak usulyny peýdalanmak bilen hasaba alynýan, bilelikde gözegçilik edilýän kärhana goýlan maýa goýumlarynyň adalatly gymmatyny;

d) bilelikdäki işe beýleki gatnaşyjylar bilen bilelikde kabul edilen maýa goýum häsiýetli borçnamalardaky paýyny, şeýle hem bilelikdäki işiň maýa goýum häsiýetli borçnamalaryndaky gönüden-göni paýyny hem goşmak bilen, bilelikdäki iş bilen baglanyşykly öz borçnamalarynyň jemi pul möçberini.

417. Hakyky harajatlar boýunça hasaba alyş usuly boýunça hasaba alynýan, bilelikde gözegçilik edilýän kärhana babatynda bilelikdäki işe gatnaşyjy paýly gatnaşmak usuly boýunça hasaba alynýan maýa goýumlary üçin maglumatlary hem açmalydyr.

418. Adalatly gymmat boýunça hasaba alyş usuly bilen hasaba alynýan, bilelikde gözegçilik edilýän kärhana babatynda bilelikdäki işe gatnaşyjy “Maliýe gurallary” böleginde talap edilýän maglumatlary açmalydyr.

## 16-NJY BÖLEK. “MALIÝE GURALLARY”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

419. Şu bölegiň maksady maliýe aktiwlerini, maliýe borçnamalaryny we maliýe däl aktiwleri satyn almak ýa-da satmak hakyndaky käbir şertnamalary ykrar etmegiň we olara baha bermegiň ýörelgelerini bellemekden ybaratdyr.

420. Şu bölek ähli kärhanalar tarapyndan maliýe gurallarynyň ähli görnüşlerine degişlilikde ulanylýar, şular muňa girmeýär:

a) “Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek”, “Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” ýa-da “Bilelikdäki işe maýa goýumlar” böleklerinde hasaba alynýan golçur, assosirlenen kärhanalara we bilelikdäki işe gatnaşma paýlar;

b) olar babatynda “Kärende” böleginiň ulanylýan kärende şertnamalary boýunça hukuklar we borçnamalar;

ç) kärhanalar birleşdirilende şertli deregine berilýän aktiwler hakynda şertnamalar (“Kärhanalary birleşdirmek we gudwil” bölegine seret). Şu kadadan çykma diňe satyn alyjy kärhana babatynda hereket edýär;

d) kärhanalar birleşdirilende edinilýän kärhanany geljekde belli bir senede satyn almak ýa-da satmak hakynda satyn alyjy kärhana bilen satyjynyň arasyndaky şertnamalar;

e) kärhana tarapyndan “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda baha berilýän gor hökmünde ykrar edilen borçnamany ýa-da onuň üçin has irki döwürleriň birinde ol tarapyndan “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda baha berilýän gor ykrar edilen borçnamany üzmek üçin kärhananyň geçirmäge borçly bolan harajatlarynyň öwezlik töleglerine bolan hukuklar.

421. Şu bölek olar boýunça hasaplaşyklaryň garşylyklaýyn talaplary pul serişdeleri, beýleki maliýe gurallary arkaly hasap etmek ýoly bilen ýa-da maliýe gurallaryny çalyşmak ýoly bilen geçirilip bilinjek maliýe däl aktiwi satyn almak ýa-da satmak üçin şertnamalara degişlilikde ulanylýar, kärhananyň ony satyn almak, ýerlemek ýa-da sarp etmek babatynda garaşylýan isleglerini kanagatlandyrmak üçin maliýe däl aktiwi almak ýa-da ibermek maksady bilen baglaşylan we hereket edýän şertnamalar muňa girmeýär.

## KESGITLEMELER

422. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Maliýe guraly –** bu şertnama bolup, şonuň netijesinde bir kärhanada maliýe aktiwi, beýleki kärhanada bolsa maliýe borçnamasy ýa-da paý guraly ýüze çykýar.

Şu bölekde **“şertnama”** we **“şertnamalaýyn”** diýen adalgalar iki we ondan köp tarapyň arasynda baglaşylýan ylalaşyga degişlidir, bu ylalaşygyň takyk ykdysady netijeleri bolup, şunuň ýaly ylalaşygy ýerine ýetirmegiň hukuk çäresi bilen üpjün edilendigi sebäpli, düzgün bolşy ýaly, taraplar ony ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp bilmeýärler. Şertnamalaryň we, degişlilikde, maliýe gurallarynyň

hem dürli görnüşleri bolup biler we olaryň diňe ýazmaça görnüşde berilmegi hökmany däldir.

**Maliýe aktiwi -** bu:

a) pul serişdelerinden;

b) beýleki kärhananyň paý guralyndan;

ç) beýleki kärhanadan pul serişdelerini ýa-da başga bir maliýe aktiwini almaklyga, ýa-da özi üçin mümkin bolan amatly şertlerde beýleki kärhana bilen maliýe aktiwlerini ýa-da maliýe borçnamalaryny çalyşmaklyga bolan şertnamalaýyn hukukdan;

d) ol boýunça hasaplaşyklaryň kärhananyň öz paý gurallary bilen geçirilmeli ýa-da geçirilip bilinjek şertnamadyr.

**Maliýe borçnamasy -** bu:

a) bu borçnama:

şertnamada görkezilen pul serişdelerini ýa-da başga bir maliýe aktiwini başga bir kärhana bermek; ýa-da

kärhana üçin peýdaly däl bolmagy mümkin bolan şertlerde beýleki kärhana bilen maliýe aktiwlerini ýa-da maliýe borçnamalaryny alyşmak;

b) ol boýunça hasaplaşyklaryň kärhananyň öz paý gurallary bilen geçirilmeli ýa-da geçirilip bilinjek şertnamadyr.

**Paý guraly -** bu kärhananyň ähli borçnamalary aýrylandan soň onuň aktiwlerinde galan paýa bolan hukugy tassyklaýan şertnamadyr.

**Adalatly gymmat** – gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

**Peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän maliýe aktiwi ýa-da maliýe borçnamasy** aşakda sanalyp geçilýän şertleriň islendigine laýyk gelmelidir:

a) söwda üçin niýetlenen hökmünde topara bölünýänler. Maliýe aktiwi ýa-da maliýe borçnamasy aşakdaky ýagdaýlarda söwda üçin niýetlenen hökmünde topara bölünýär, eger ol:

esasan ýerlemek ýa-da gysga möhletiň dowamynda yzyna satyn almak maksady bilen satyn alynýan ýa-da kabul edilýän bolsa;

bilelikde dolandyrylýan we olar bilen golaýda geçirilen geleşikler gysga möhletlilik esasynda peýdanyň hakykatdan alnandygyna şaýatlyk edýän tapawutlandyrylýan maliýe gurallarynyň bukjasynyň bir bölegi bolup durýan bolsa;

b) ilkibaşda ykrar edilende ol kärhana tarapyndan peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän hökmünde topara bölünýän bolsa.

Işjeň bazarda nyrh kesilmedik we adalatly gymmatyna dogry baha berip bolmaýan paý gurallaryna goýlan maýa goýumlar peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän hökmünde topara bölünmäge degişli däldir.

**Üzülýänçä saklanylýan maýa goýumlar** - kesgitli ýa-da kesgitlenilýän tölegleri we kesgitli üzülmeli möhleti bolan döredilmedik maliýe aktiwleri, kärhana olary meýilnamalaşdyrýar we üzülýänçä saklap bilýär, olar aşakdakylardan tapawutlanýar:

ilkibaşda ykrar edilende kärhananyň üýtgemeleri peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde görkezilýän, adalatly gymmaty boýunça baha berilýän hökmünde kesgitleýän aktiwler;

kärhananyň ýerlemek üçin bar bolan hökmünde kesgitleýän aktiwler;

karzlar we debitor algylar kesgitlemesiniň täsirine düşýän aktiwler.

Kärhananyň, eger häzirki maliýe ýylynyň ýa-da ondan öňki iki maliýe ýylynyň dowamynda kärhananyň üzülmeli möhletinden öň satan ýa-da gaýtadan topara bölen üzülýänçä saklanýan maýa goýumlarynyň möçberi ujypsyz (üzülýänçä saklanýan maýa goýumlaryň tutuş bukjasy babatynda has ujypsyz) bolup durýan bolsa, haýsydyr bir maliýe akiwini üzülýänçä saklanýan hökmünde topara bölmäge haky ýokdyr:

üzülmeli möhletine ýa-da yzyna alynmaly senesine örän golaý wagtda (mysal üçin, üzülmegine üç aýdan az wagt galan bolsa) geçirilen;

kärhananyň yzygiderli tölegler ýa-da deslapky tölegler arkaly maliýe aktiwiniň ilkibaşdaky esasy pul möçberiniň ählisini ýygnanyndan soň bolup geçen; ýa-da

kärhana bagly bolmadyk sebäpler boýunça, adatdan daşary häsiýeti bolan we kärhana tarapyndan esasly ýagdaýda öňünden görlüp bilinmejek aýratyn wakanyň netijesinde bolup geçen satuwlar we gaýtadan topara bölmeler muňa girmeýär.

**Nesýeler we debitor algylar** işjeň bazarda nyrh kesilmedik, kesgitli ýa-da kesgitlenilýän tölegleri bolan maliýe aktiwlerinden ybaratdyr, muňa şular girmeýär:

kärhananyň haýal etmän ýa-da ýakyn geljekde satmak maksady bolan, söwda üçin niýetlenen hökmünde topara bölünmeli maliýe aktiwleri, ilkibaşda ykrar edilenden soň kärhana tarapyndan hasaba alyşda peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça görkezilmäge degişli hökmünde kesgitlenen maliýe aktiwleri;

ilkibaşda ykrar edilenden soň kärhananyň ýerlemek üçin bar bolan hökmünde kesgitleýän maliýe aktiwleri; ýa-da

eýesiniň karzyň hilini ýaramazlaşdyrylýan beýleki sebäpler bilen bagly özüniň ilkibaşky maýa goýumynyň esli bölegini yzyna alyp bilmejek we ýerlemek üçin bar bolan hökmünde topara bölünmeli maliýe aktiwleri.

Nesýeler ýa-da debitor algylar bolup durmaýan aktiwleriň bukjasynda edinilen, gatnaşma paýy (mysal üçin, özara gazna ýa-da şoňa meňzeş gazna gatnaşma paýy) nesýe ýa-da debitor algy hasap edilmeýär.

**Ýerlemek üçin bar bolan maliýe aktiwleri** ýerlemek üçin bar bolan hökmünde kesgitlenýän ýa-da:

a) nesýeler we debitor algylar;

b) üzülýänçä saklanylýan maýa goýumlar;

ç) peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça görkezilýän maliýe aktiwler hökmünde topara bölünmeýän maliýe aktiwleri bolup durýar.

**Maliýe kepillendirmeleri şertnamasy** - oňa laýyklykda emitent bergi guralynyň ilkibaşky ýa-da gaýtadan seredilen şertlerine laýyklykda bellenen möhletde belli bir bergidaryň tölegi geçirmäge ýagdaýynyň bolmandygy bilen baglanyşykly guraly saklaýjynyň çeken ýitgisiniň öwezini dolmak maksady bilen, belli bir tölegleri geçirmäge borçlydyr.

Maliýe aktiwlerini satyn almak ýa-da satmak boýunça **mysaly geleşik** şertleri kanunçylykda ýa-da şu anyk bazarda kabul edilen kadalarda bellenen möhletlerde bu aktiwi ibermegi talap edýän şertnama boýunça maliýe aktiwini satyn almakdan ýa-da ýerlemekden ybaratdyr.

**Ykrar etmegi bes etmek -** ozal ykrar edilen maliýe aktiwini ýa-da maliýe borçnamasyny kärhananyň maliýe hasabatlylygyndan hasapdan öçürmek bolup durýar.

**Netijeli göterim möçberi usuly -** maliýe aktiwiniň ýa-da maliýe borçnamasynyň ulanyş tutumy alynýan gymmatyny hasaplamak we degişli döwrüň dowamynda göterim girdejisini ýa-da göterimleri tölemek üçin çykdajylary hasaplap ýazmagyň usulydyr. Netijeli göterim möçberi geljekki pul möçberlerini ýa-da gelip gowuşmalaryň şu maliýe guralynyň üzülýän möhletine çenli ýa-da, eger bu ýerlikli bolsa, has ýakyn döwrüň dowamynda, maliýe aktiwiniň ýa-da maliýe borçnamasynyň arassa balans gymmatyna çenli takyk diskontirlenmegini üpjün edýän möçberden ybaratdyr. Netijeli göterim möçberi hasaplananda kärhana maliýe guralynyň ähli şertnama şertlerini hasaba almak bilen, pul serişdeleriniň akymlaryny kesgitlemäge borçlydyr, ýöne geljekki karz ýitgilere üns bermäge haky ýokdyr. Ähli hak-heşdekler we netijeli göterim möçberiniň aýrylmaz bölegi bolup durýan, taraplar tarapyndan tölenen ýa-da alnan gaýry pul möçberleri, şeýle hem beýleki baýraklar ýa-da ýeňillikler hasaba alynýar. Pul serişdeleriniň akymlary we şoňa meňzeş maliýe gurallarynyň toparynyň hasaplama möhletine dogry baha berlip bilner diýlip hasaplanýar. Emma, pul serişdeleriniň akymlaryna ýa-da maliýe guralynyň hereket eder diýip garaşylýan möhletine baha bermegi geçirmegiň mümkin bolmadyk seýrek halatlarynda kärhana şertnamada görkezilen pul akymlaryny maliýe guralynyň şertnamada görkezilen möhletiniň bütin dowamynda peýdalanmaga borçlydyr.

**Geleşik boýunça harajatlar** maliýe aktiwini ýa-da maliýe borçnamasyny satyn almak, çykarmak ýa-da olaryň çykyp gitmegi bilen göni baglanyşykly goşmaça çykdajylardyr. Goşmaça çykdajylar kärhana maliýe guralyny satyn almasa, çykarmasa ýa-da ýerlemese ýüze çykmaýar.

## YKRAR ETMEK

423. Kärhana özüniň maliýe hasabatlylygynda maliýe aktiwini ýa-da maliýe borçnamasyny diňe onuň şu maliýe guraly boýunça bir tarap bolup durýan ýagdaýynda ykrar etmäge borçlydyr.

**Ilkibaşda ykrar etmek**

424. Eger maliýe aktiwi ýa-da maliýe borçnamasy ilkinji gezek ykrar edilýän bolsa, kärhana oňa baha bermegi, şertleriň hakykatdan maliýeleşdirmek amalyny kesgitlemeýän ýagdaýynda, geleşigiň bahasy boýunça (geleşik boýunça harajatlary goşmak bilen, maliýe aktiwlerine we borçnamalaryna ilkibaşda baha bermek muňa girmeýär, olara peýdanyň ýa-da ýitginiň üsti bilen adalatly gymmaty boýunça baha berilýär) baha berýär. Maliýeleşdirmek amaly harytlary ýa-da hyzmatlary satmak bilen baglanyşykly ýüze çykyp biler, mysal üçin, tölegiň kadaly möhletlerden ýokary bolan möhlete gaýra goýulýan we bazar möçberi bolup durmaýan göterim möçberi boýunça maliýeleşdirilýän halatynda. Eger şertler maliýeleşdirmek amalyny kesgitleýän bolsa, kärhana maliýe aktiwine ýa-da maliýe borçnamasyna şonuň ýaly bergi guralynyň bazar göterim möçberi boýunça diskontirlenen geljekki tölegleriň getirilen gymmaty boýunça baha bermelidir.

425. Maliýe aktiwleri boýunça 424-nji bölüme degişli mysallar:

beýleki kärhana berlen uzak möhletli nesýe üçin debitor algy şol kärhanadan alynmaga degişli pul serişdeleriniň getirilen gymmaty boýunça ykrar edilýär (göterimleriň tölegini we esasy bergini tölemegi goşmak bilen);

gysga möhletli karz boýunça satyn alyja satylan harytlar üçin debitor algy şol kärhanadan alynmaga degişli pul serişdeleriniň diskontirlenmedik möçberi boýunça ykrar edilýär, ol adatça hasap boýunça baha bolup durýar;

iki ýyllyk göterimsiz karz hökmünde satyn alyja satylan haryt üçin debitor algy şol harydyň nagt hasaplaşyk bilen ýerlenen gündelik bahasy boýunça ykrar edilýär. Eger nagt hasaplaşmak bilen ýerlemegiň gündelik bahasy näbelli bolsa, onda ol debitor algynyň möçberine meňzeş, agdyklyk edýän bazar göterim möçberini peýdalanmak bilen diskontirlenen pul akymlarynyň getirilen gymmaty hökmünde hasaplanyp bilner;

beýleki kärhananyň adaty paýnamalaryny nagt pula satyn almak babatynda maýa goýum şol paýnamalary satyn almak üçin tölenen pul serişdeleriniň möçberi boýunça ykrar edilýär.

426. Maliýe borçnamalary boýunça 424-nji bölüme degişli mysallar:

bankdan alnan karz babatynda borçnama ilkibaşda banka tölenmeli pul serişdeleriniň getirilen gymmaty boýunça ykrar edilýär (göterimleri we esasy bergini tölemegi goşmak bilen);

gysga möhletli karz boýunça üpjün edijiden satyn alnan harytlar babatynda kreditor bergi üpjün edijä tölenen diskontirlenmedik pul möçberi boýunça ykrar edilýär, bu adatça hakyky baha bolup durýar.

**Soňundan baha bermek**

427. Her bir hasabat döwrüniň ahyrynda kärhana maliýe gurallaryna şular ýaly gurallar satylanda ýa-da olaryň çykyp gitmegi guralanda kärhananyň geleşik boýunça çekip biljek harajatlary babatynda haýsydyr bir aýyrmalary geçirmezden, şu aşakda getirilýän usullar bilen baha bermelidir:

a) bergileriň gurallaryna netijeli göterim usulyny peýdalanmak bilen ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilmelidir. Gysga möhletli aktiwler we gysga möhletli borçnamalar hökmünde topara bölünýän bergileriň gurallaryna tölenmäge ýa-da alynmaga degişli pul serişdeleriniň ýa-da gaýry bir öwez töleginiň diskontirlenmedik ululygy boýunça (ýagny, arassa gymmatyň gaçmagy) baha berilmelidir, hakykatdan maliýeleşdirmek boýunça amal bolup duran şertnama muňa girmeýär (424-nji bölüme seret). Eger şertnama maliýeleşdirmek boýunça amal bolup durýan bolsa, onda kärhana bergileriň guralyna meňzeş maliýe gurallary boýunça bazar göterim möçberi boýunça diskontirlenen geljekki ähli tölegleriň hakyky getirilen gymmaty boýunça baha bermelidir;

b) nesýe almak boýunça borçnamalara gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty (olar käwagt nola deňdir) boýunça baha berilmelidir;

ç) öwrülmeýän artykmaç hukukly paýnamalara, yzyna satmak hukugy bolmadyk adaty paýnamalara we yzyna satmak hukugy bolmadyk artykmaç hukukly paýnamalara goýlan maýa goýumlara şunuň ýaly baha berilmelidir:

eger paýnamalar açyk bazarda dolanyşykda bolýan bolsa ýa-da olaryň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolýan bolsa, onda maýa goýumlaryna adalatly gymmaty boýunça baha berilmelidir, şunda adalatly gymmatdaky üýtgemeler peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde görkezilmelidir;

şuňa meňzeş beýleki ähli maýa goýumlaryna gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilmelidir.

**Ulanyş tutumy alynýan gymmaty we netijeli göterim möçberi usuly**

428. Maliýe aktiwiniň ýa-da borçnamasynyň her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä ulanyş tutumy alynýan gymmaty şu aşakdaky ululyklaryň arassa pul möçberi bolup durýar:

a) maliýe aktiwi ýa-da maliýe borçnamasy ilkibaşda ykrar edilende olara baha berilýän ululyk;

b) berginiň esasy möçberini üzmegiň hasabyna tölegleri aýyrmak bilen;

ç) netijeli göterim möçberini peýdalanmak bilen toplanan ulanyş tutumynyň, ilkibaşky gymmaty bilen üzülen pul möçberiniň tapawudynyň möçberine görä azaldylan ýa-da köpeldilen ululyk;

d) gymmatyň gaçmagy ýa-da tölenjegine umyt bolmadyk berginiň derejesinde azaldylan pul möçberini aýyrmak bilen (göni ýa-da baha berilýän gor hasabyny peýdalanmak bilen).

Nominal göterim möçberi bolmadyk we gysga möhletli aktiwler we gysga möhletli borçnamalar hökmünde topara bölünýän maliýe aktiwlerine we maliýe borçnamalaryna ilkibaşda diskontirlenmedik pul möçberi boýunça baha berilýär.

429. Netijeli göterim möçberi maliýe aktiwiniň ýa-da borçnamasynyň ilkibaşda ykrar edilen wagtyndaky balans gymmatynyň esasynda kesgitlenýär. Netijeli göterim möçberi şulary öz içine alýar:

a) maliýe aktiwiniň (borçnamasynyň) ulanyş tutumy alynýan gymmatyny, ol netijeli göterim möçberi boýunça diskontirlenen, geljekde gelip gowuşmaly pul serişdeleriniň (tölegleriň) getirilen gymmaty bolup durýar; we

b) maliýe borçnamasynyň (aktiwiniň) döwrüň başyndaky balans gymmatynyň we şol döwürde netijeli göterim möçberiniň köpeltme hasylyna deň bolan göterim çykdajylaryny (göterim girdejilerini).

430. Netijeli göterim möçberi hasaplananda kärhana pul serişdeleriniň akymlaryny maliýe guralynyň şertnamalaýyn şertleriniň ählisini (mysal üçin, möhletinden öň üzmäge hukugy, satyn almak üçin opsiony we şoňa meňzeş opsionlary) hasaba almak bilen hasaplamalydyr we çekilen karz ýitgileri barada bilmelidir, ýöne geljekki karz ýitgilerine üns bermeli däldir.

431. Netijeli göterim möçberi hasaplananda kärhana guralyň dowam eder diýip garaşylýan döwrüniň dowamynda bagly ähli hyzmat hakyndan, tölenen ýa-da alnan maliýe çykdajylaryndan (“gaýry pul möçberleri” ýaly çykdyjylardan), geleşik boýunça harajatlardan we beýleki baýraklardan ýa-da ýeňilliklerden ulanyş tutumyny almalydyr, muňa şular girmeýär. Kärhana hak-heşdekleriň, tölenen ýa-da alnan maliýe çykdajylarynyň, geleşik boýunça harajatlaryň, baýraklaryň we ýeňillikleriň degişli gysga döwrüni peýdalanmalydyr. Hak-heşdekleriň, tölenen ýa-da alnan maliýe çykdajylarynyň, geleşik boýunça harajatlaryň, baýraklaryň we ýeňillikleriň üýtgäp duran görkezijilerine guralyň hereket edýän möhletiniň tamamlanar diýlip garaşylýan möhletine bazar möçberleri boýunça baha berilýän wagtynda şunuň ýaly ýagdaý ýüze çykýar.

432. Üýtgäp durýan göterim möçberi bolan maliýe aktiwleri we maliýe borçnamalary boýunça bazar göterim möçberiniň üýtgemegini görkezmek maksady bilen, pul akymlaryna döwürleýin gaýtadan baha bermek netijeli göterim möçberiniň üýtgemegine getirýär. Eger-de üýtgäp durýan göterim möçberi bolan maliýe aktiwleri we maliýe borçnamalary ilkibaşda möhleti gelende alynmaga ýa-da tölenmäge degişli pul möçberine deň möçberde ykrar edilýän bolsa, onda geljekki göterim möçberine gaýtadan baha berilmegi aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatyna degerli täsir etmeýär.

433. Eger kärhana tölegleriň ýa-da gelip gowuşmalaryň hasaplama möçberlerine gaýtadan seredýän bolsa, onda ol maliýe aktiwiniň ýa-da maliýe borçnamasynyň (ýa-da maliýe gurallary toparynyň) balans gymmatyna hakyky we gaýtadan seredilen hasaplama pul akymlaryny görkezer ýaly düzediş girizmelidir. Kärhana balans gymmatyny çak edilýän geljekki pul akymlarynyň geçirilen gymmatyny maliýe guralynyň ilkibaşky netijeli göterim möçberi hasaplamak ýoly bilen gaýtadan hasaplamalydyr. Kärhana girizilen düzedişi peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde gaýtadan seretmegiň geçirilen senesindäki ýagdaýa görä girdeji ýa-da çykdajy hökmünde ykrar etmelidir.

## ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATY ÝA-DA ULANYŞ TUTUMY ALYNÝAN GYMMATY BOÝUNÇA BAHA BERILÝÄN MALIÝE GURALLARYNYŇ GYMMATYNYŇ GAÇMAGY

### Ykrar etmek

434. Her bir hasabat döwrüniň ahyrynda kärhana gymmaty özüne düşýän gymmaty ýa-da ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilýän islendik maliýe guralynyň gymmatynyň gaçandygyna açyk subutnamanyň bardygyna ýa-da ýokdugyna seljerme geçirmelidir. Gymmatyň gaçandygyna açyk subutnamalar bar bolan halatynda, kärhana gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dessine peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir.

435. Maliýe aktiwiniň ýa-da aktiwler toparynyň gymmatynyň gaçandygyna açyk subutnamalar ýitgi çekilmegine getirýän şu aşakdaky wakalar barada aktiwi saklaýja mälim bolan syn edilýän maglumatlary öz içine alýar:

a) emitentiň ýa-da bergidaryň ep-esli maliýe kynçylyklary;

b) şertnamanyň bozulmagy, mysal üçin, göterimleri ýa-da berginiň esasy möçberini tölemek boýunça möhletleriň geçirilmegi ýa-da borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi;

ç) karz alanyň maliýe kynçylyklary bilen baglanyşykly ykdysady ýa-da hukuk sebäpleri boýunça karzdaryň bergidara şertnamanyň düzgünlerinden çykmaga rugsat bermegi, şunuň ýaly rugsady karzdar başga ýagdaýlarda bermän hem bilerdi;

d) karz alyjynyň haýsydyr bir başga görnüşde ähtimal bolan batyp galmagy ýa-da maliýe taýdan üýtgedilip guralmagy;

e) şeýle azalma topardaky aýry-aýry maliýe aktiwleri üçin kesgitlenip bilinmeýän hem bolsa, mysal üçin, döwletde ýa-da sebitde amatsyz ykdysady ýagdaý ýa-da pudaklarda amatsyz üýtgetmeler bolan halatynda, şunuň ýaly aktiwler ilkibaşda ykrar edilenden soň maliýe aktiwleriniň topary boýunça garaşylýan geljekki pul akymlarynyň möçberiniň azalmagyna şaýatlyk edýän syn edilýän maglumatlaryň bolmagy.

436. Beýleki ýagdaýlar, ýagny, emitentiň tehniki, bazar, ykdysady ýa-da kadalaşdyryjy-hukuk gurşawynda düýpli üýtgemeler hem gymmatyň gaçandygyna şaýatlyk edip biler.

437. Kärhana şu aktiwlere gymmatyň gaçmagy babatynda aýratynlykda baha bermelidir:

a) olaryň ähmiýetine garamazdan, ähli paý gurallaryna; we

b) aýratynlykda baha berilýän gaýry maliýe aktiwlerine.

438. Kärhana gaýry maliýe aktiwlerine gymmatyň gaçmagy babatynda ýa aýratynlykda ýa-da karz töwekgelçiliginiň meňzeş häsiýetnamalarynyň esasynda toparlar boýunça baha bermelidir.

**Baha bermek**

439. Kärhana özüne düşýän gymmaty ýa-da ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilýän gurallaryň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgä şu görnüşde baha bermelidir:

a) ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça hasaba alynýan maliýe gurallary üçin gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgi aktiwiň balans gymmaty bilen aktiw boýunça ilkibaşky netijeli göterim möçberi boýunça diskontirlenen, çak edilýän pul akymlarynyň getirilen gymmatynyň arasyndaky tapawuda deňdir. Eger şunuň ýaly maliýe guralynyň şertnama laýyklykda bellenen üýtgäp durýan göterim möçberi bar bolsa;

b) gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynýan gurallar üçin gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgi aktiwiň balans gymmaty bilen onuň satylan halatynda kärhananyň hasabat döwrüniň ahyrynda aktiw üçin alyp biljek pul möçberiniň (ol nola deň bolup biler) iň gowy bahasynyň (onuň hökmany suratda takmynan ähmiýeti bolar) arasyndaky tapawuda deňdir.

**Rewersirlemek**

440. Eger soňky döwürde gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitginiň ululygy azalýan bolsa we bu azalmany gymmatyň gaçmagy ykrar edilenden soň bolup geçen waka bilen (mysal üçin, debitoryň karza ukyplylyk reýtinginiň ýokarlanmagy bilen) baglap bolýan bolsa, gymmatyň gaçmagyndan çekilen, ozal ykrar edilen ýitgi, ýa göni, ýa-da baha berilýän goruň hasabyna düzediş girizmek ýoly bilen dikeldilmelidir. Gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgini rewersirlemek maliýe aktiwiniň balans gymmatynyň (baha berilýän gorlaryň möçberini aýyrmak bilen) gymmatyň gaçmagy öň ykrar edilmedik ýagdaýynda bolup biljek balans gymmatyndan ýokary bolmagyna getirmeli däldir. Kärhana rewersirlenen pul möçberini dessine peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir.

**Adalatly gymmat**

441. Adaty paýnamalara we artykmaç hukukly paýnamalara adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolýan şertlerinde, bu paýnamalara goýlan maýa goýumlara adalatly gymmaty boýunça baha berilýär. Kärhana paýnamalaryň adalatly gymmatyna baha bermek üçin şu basganҫaklaýyn görnüşi peýdalanmalydyr:

a) işjeň bazarda şol bir aktiwe düzedilýän (kesilýän) nyrhyň, adalatly gymmatyň iň gowy subutnamasy bolup durýar. Adatça bu islegiň gündelik bahasydyr;

b) kesilen nyrhlar barada maglumatlaryň bolmadyk ýagdaýynda, şol bir aktiw üçin soňky amalyň bahasy adalatly gymmaty kesgitlemek üçin esas bolup hyzmat edýär, amalyň geçirilen pursatyndan soň ykdysady şertlerde düýpli üýtgemeler bolup geçmedik bolsa ýa-da ondan bäri köp wagt geçmedik ýagdaýynda. Eger

kärhana soňky amalyň bahasynyň adalatly gymmatyň gowy bahasy bolup durmaýandygyny görkezip bilse (mysal üçin, bu bahanyň mejbury amal geçirilende, kärhana mejbury ýapylanda ýa-da örän pes baha bilen satylan halatynda kärhananyň alyp biljek ýa-da töläp biljek pul möçberini görkezýän bolsa), onda bu baha düzediş girizilýär;

ç) eger şu gural üçin bazar işjeň bolmasa we şu aktiw boýunça soňky amallar öz-özünden adalatly gymmatyň gowy bahasy bolup durmaýan bolsa, kärhana adalatly gymmata bahalandyryş usulyny peýdalanmak bilen baha berýär. Bahalandyryş usulyny ulanmagyň maksady garaşsyz taraplaryň arasynda kadaly işewür garaýyşlar bilen esaslandyrylan çalşyk amala aşyrylan halatynda ölçeg geçirilen senesindäki ýagdaýa görä amalyň bahasynyň nähili bolup biljekdigini kesgitlemekden ybaratdyr.

442. KOT kärhanalary üçin şu standartyň beýleki bölekleri, "Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar" bölegini, "Bilelikdäki işe maýa goýumlar" bölegini we "Maýa goýum emlägi" bölegini goşmak bilen, 441-447-nji bölümlerde adalatly gymmat boýunça gollanma salgylanmalary getirýärler. Şu böleklerde görkezilen aktiwler babatynda bu gollanma ulanylan mahalynda şu bölümdäki ýönekeý we artykmaç hukukly paýnamalara salgylanma aktiwleriň şu böleklerde görkezilýän görnüşlerini hasaba almak bilen seredilmelidir.

**Bahalandyryş usullary**

443. Bahalandyryş usuly, şunuň ýaly amal geçirilen bolsa, gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda şol bir aktiw üçin golaýda geçirilen bazar amallary hakyndaky maglumatlary peýdalanmagy, düýpli häsiýetnamasy baha berilýän aktiwe meňzeş bolan beýleki aktiwiň häzirki adalatly gymmaty bilen deňeşdirmäni, diskontirlenen pul akymlaryna seljermäni we opsionyň bahalandyrylýan modellerine seljermäni öz içine alýar. Eger aktiwiň bahasyny kesgitlemek üçin bazara gatnaşyjylar tarapyndan giňden peýdalanylýan bahalandyryş usuly bar bolsa we bu usul hakyky bazar amallarynda alnan ygtybarly hasaplama bahalaryny görkezýän bolsa, onda kärhana bu usuly ulanýar.

444. Bahalandyryş usulyny ulanmagyň maksady garaşsyz taraplaryň arasynda kadaly işewür garaýyşlar bilen esaslandyrylan çalşyk geçirilen ýagdaýynda ölçeg geçirilen senedäki ýagdaýa görä amalyň bahasynyň nähili bolup biljekdigini kesgitlemekden ybaratdyr. Adalatly gymmat bahalandyryş usulyny ulanmagyň netijeleriniň esasynda hasaplanýar, onda başlangyç bazar maglumatlary aňryçäk derejede peýdalanylýar we kärhananyň şertlendirilen maglumatlaryna az üns berilýär. Bahalandyryş usuly şu ýagdaýlarda adalatly gymmatyň ygtybarly bahasyny üpjün edýär diýip hasap edilýär:

a) aktiwe bazarda berilmegine garaşylýan bahany ýeterlik derejde görkezýän bolsa; we

b) bahalandyryş usuly üçin başlangyç maglumatlar bazar garaşmalaryndan we bu aktiwe mahsus bolan töwekgelçilik-girdejililik koeffisientleriniň ölçeginden ybarat bolsa.

**Işjeň bazaryň bolmazlygy**

445. Işjeň bazarda kesilen bazar bahasy bolmadyk aktiwlere goýulýan maýa goýumlaryň adalatly gymmatyna şu aşakdaky ýagdaýlarda ýeterlik derejede ygtybarly baha berilýär, eger-de:

a) esaslandyrylan adalatly gymmata hasaplama baha bermeleriň geçirilýän çäkleriniň üýtgäp durmagy şu aktiw üçin degerli däl bolup duran bolsa; ýa-da

b) şu çäklerde dürli hasaplama bahalarynyň ähtimallygyna esasly baha berip we ony adalatly gymmata baha bermekde peýdalanyp bolýan bolsa.

446. Bazarda nyrh kesilmedik aktiwleriň adalatly gymmatyna esaslandyrylan hasaplama bahalaryň bolup biljek diapozonynyň möhüm bolup durmaýan köp ýagdaýlary bardyr. Düzgün bolşy ýaly, kärhanada daşarky tarapdan alnan aktiwiň adalatly gymmatyny hasaplamak mümkinçiligi bolýar. Emma, eger adalatly gymmata esaslandyrylan hasaplama bahalaryň bolup biljek diapozony möhüm bolsa we dürli hasaplama bahalarynyň ähtimallygyna esasly baha berip bolmaýan bolsa, kärhana aktiwe adalatly gymmaty boýunça baha bermeýär.

447. Adalatly gymmaty boýunça aktiwiň (mysal üçin, gymmatyna peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän paý guralynyň) adalatly gymmatyna ygtybarly baha bermek üçin maglumat çeşmeleri ýiten ýagdaýynda ahyrky senedäki ýagdaýa görä ygtybarly baha berlen şunuň ýaly aktiwiň balans gymmaty onuň täze özüne düşýän gymmaty diýip ykrar edilýär. Şeýle ýagdaýda kärhana, adalatly gymmatyna ygtybarly baha bermek üçin maglumatlar çeşmesi peýda bolýança, şunuň ýaly aktiwiň gymmatyna gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgileri aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha berýär.

## MALIÝE AKTIWINI YKRAR ETMEGI BES ETMEK

448. Kärhana tarapyndan maliýe aktiwini ykrar etmegi bes etmek diňe şu ýagdaýlarda geçirilýär:

a) şu maliýe aktiwinden gelmeli pul serişdeleriniň akymyna şertnamada görkezilen hukuklaryň tamamlanan ýa-da doly möçberlerde ýerine ýetirilen halatynda; ýa-da

b) kärhananyň maliýe aktiwine eýeçilik etmek bilen baglanyşykly ähli düýpli töwekgelçilikleri we peýdalary beýleki tarapa beren halatynda; ýa-da

ç) kärhananyň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ähli düýpli töwekgelçilikleri we peýdalary saklap galýandygyna garamazdan, şu aktiwe gözegçiligi beýleki tarapa berýän we bu tarapyň hem şu aktiwi tutuşlygyna üçünji tarapa satmaga mümkinçiligi bar bolan, bu üçünji tarapyň bolsa şu hili bermäge goşmaça çäklendirmeleri bellemek zerurlygy bolmazdan bu mümkinçilikden bir taraplaýyn tertipde peýdalanyp biljek halatynda. Şeýle ýagdaýda kärhana:

aktiwi ykrar etmegi bes etmelidir; we

döredilen we bermegiň barşynda saklanyp galan ähli hukuklary we borçnamalary aýratynlykda ykrar etmelidir.

449. Berlen aktiwiň balans gymmaty, olaryň berlen mahalyndaky belli bir adalatly gymmatynyň esasynda, saklanyp galan we berlen hukuklaryň we borçnamalaryň arasynda paýlanmalydyr. Täze döredilen hukuklara we borçnamalara şol senedäki ýagdaýa görä olaryň adalatly gymmaty boýunça baha berilmelidir. Alnan öwezlik töleginiň gymmaty we ykrar edilen gymmatlar bilen şu bölüme laýyklykda ykrar edilmegi bes edilen gymmatlaryň arasyndaky tapawut berlen döwründäki peýdanyň ýa-da ýitginiň düzümine goşulýar.

450. Eger kärhananyň aktiwe eýelik etmek bilen baglanyşykly ähli düýpli töwekgelçilikleri we peýdalary saklap galandygy sebäpli aktiwiň berilmegi ykrar etmegi bes etmäge getirmeýän bolsa, onda kärhana aktiwe eýelik etmek bilen baglanyşykly ähli düýpli töwekgelçilikleri we peýdalary doly möçberde ykrar etmegi dowam etdirmelidir we alnan öwezlik tölegi babatynda maliýe borçnamasyny ykrar etmelidir. Şu aktiw hem-de borçnama özara hasap edilmeli däldir. Soňky döwürlerde kärhana berlen aktiwden alnan ähli girdejileri we maliýe borçnamasy boýunça çekilen ähli çykdajylary ykrar etmelidir.

451. Eger aktiwi geçirýän tarap kabul edýän tarapa pul däl üpjünçiligi (bergileriň ýa-da paý guraly ýaly) berýän bolsa, onda berýän we alýan taraplar tarapyndan şunuň ýaly üpjünçiligi hasaba almak alýan tarapyň bu üpjünçiligi satmaga ýa-da gaýtadan girew goýmaga hukugynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna we berýän tarapyň öz borçnamasyny ýerine ýetirendigine ýa-da ýerine ýetirmändigine bagly bolýar. Berýän we kabul edýän taraplar şu hili üpjünçiligi aşakdaky ýaly görnüşde hasaba almalydyrlar:

a) eger kabul edýän tarapyň şertnama ýa-da umumy kabul edilen iş tejribesine laýyklykda, bu üpjünçiligi satmaga ýa-da gaýtadan girew goýmaga hukugy bar bolsa, onda berýän tarap şunuň ýaly aktiwi özüniň maliýe ýagdaýy barada hasabatynda beýleki aktiwlerden aýratynlykda gaýtadan topara bölmelidir (mysal üçin, karz aktiw, girew goýlan paý gurallary ýa-da yzyna satyn almak boýunça debitor algy hökmünde);

b) eger kabul edýän tarap özüne girew berlen üpjünçiligi satýan bolsa, onda ol satmakdan gelip gowşan serişdeleri we adalatly gymmaty boýunça baha berilýän borçnamany ykrar etmelidir, bu üpjünçiligi yzyna gaýtarmalydyr;

ç) eger berýän tarap şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmeýän bolsa we onuň şunuň ýaly üpjünçiligi yzyna almaga hukugy ýok bolsa, onda ol bu üpjünçiligi ykrar etmegi bes etmelidir, kabul edýän tarap bolsa bu üpjünçiligi özüniň ilkibaşda adalatly gymmaty boýunça baha berlen aktiwi hökmünde ykrar etmelidir ýa-da ol bu üpjünçiligi eýýäm satan bolsa, onda bu üpjünçiligi gaýtarmak boýunça öz borçnamasyny ykrar etmelidir;

d) berýän tarap ç) bölümçesinde göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda bu üpjünçiligi öz aktiwi hökmünde hasaba almagy dowam etdirmelidir, kabul edýän tarap bolsa bu üpjünçiligi aktiw hökmünde hasaba almaly däldir.

452. Ykrar etmegi bes etmek üçin talaplary kanagatlandyrýan geçirmä degişli mysallar: kärhana özüniň debitor algylar toparyny banka olaryň nominal

gymmatyndan pes baha boýunça satýar. Kärhana her aýky hasabatlary ibermegi goşmak bilen, bankyň adyndan bergidarlardan ýygymlary almagy dowam etdirýär, bank bolsa kärhana debitor alga hyzmat edendigi üçin bazar göterim möçberi boýunça gonorar töleýär. Kärhana bergidarlardan gelen islendik pul möçberlerini we alnan ähli pul möçberlerini haýal etmän banka gönükdirmäge borçlydyr, ýöne kärhana berginiň öz wagtynda tölenmändigi ýa-da asla tölenmändigi üçin jogap bermeýär. Şu ýagdaýda kärhana banka debitor alga eýeçilik hukugy bilen bagly ähli töwekgelçilikleriň we peýdalaryň köp bölegini berýär. Netijede, kärhana özüniň maliýe ýagdaýy barada hasabatdan debitor algyny öçürýär (ýagny, bu bergini balansdan öçürýär) we bankdan alnan girdeji babatynda maliýe jogapkärçiliginiň ýokdugyny görkezýär. Kärhana debitor algynyň satylan wagtyndaky balans gymmaty bilen bankdan alnan düşewündiň arasyndaky tapawut hökmünde hasaba alynýan ýitgini ykrar edýär. Kärhana özüniň bergidarlardan pul serişdelerini alan, ýöne olaryň heniz banka iberilmedik bölegi babatynda jogapkärçiligi ykrar edýär.

453. Ykrar etmegi bes etmek üçin talaplary kanagatlandyrmaýan geçirmä degişli mysallar: ýokarda mysaldaky ýaly beýan edilen ýagdaýlar, kärhananyň bankdan töleg möhleti 120 günden gowrak geçirilen islendik debitor algyny satyn almaga ylalaşýan halatlary muňa girmeýär. Şeýle ýagdaýda kärhana bergidarlar tarapyndan berginiň öz wagtynda tölenmändigi ýa-da asla tölenmändigi üçin töwekgelçilikleri, hususan-da, debitor algy babatynda esasy töwekgelçiligi saklap galýar. Diýmek, kärhana bu bergilere banka satylan bergi hökmünde seretmeýär we olary balansdan öçürmeýär. Onuň ýerine kärhana bankdan alynýan girdejä şol debitor algy bilen üpjün edilen karzlar hökmünde seredýär. Kärhana debitor algy alynmaga ýa-da tölenjegine umyt bolmadyk hökmünde hasapdan öçürilmäge degişli wagtynda ony aktiw hökmünde ykrar etmegi dowam edýär.

## MALIÝE BORÇNAMASYNY YKRAR ETMEGI BES ETMEK

454. Kärhana maliýe borçnamasyny (ýa-da maliýe borçnamasynyň bir bölegini) diňe ol üzülen ýagdaýynda, ýagny, şertnamada görkezilen borçnamanyň ýerine ýetirilen ýa-da ýatyrylan ýa-da onuň hereket edýän möhleti tamamlanan halatynda balansdan öçürmelidir.

455. Karz alyjy bilen karz berýäniň arasynda şertleri düýpli tapawutlanýan maliýe gurallarynyň çalşylmagy, kärhanalar tarapyndan ilkibaşky maliýe borçnamasyny üzmek we täze maliýe borçnamasyny ykrar etmek hökmünde hasaba alynmalydyr. Edil şonuň ýaly, bar bolan maliýe borçnamasynyň ýa-da onuň bir böleginiň şertleriniň degerli üýtgemegi (bu üýtgemäniň bergidaryň maliýe kynçylyklary bilen baglydygyna ýa-da bagly däldigine garamazdan) kärhana tarapyndan ilkibaşky maliýe borçnamasyny üzmek we täze maliýe borçnamasyny ykrar etmek hökmünde hasaba alynmalydyr.

456. Üzülen ýa-da beýleki tarapa berlen maliýe borçnamasyny (ýa-da maliýe borçnamasynyň bir bölegini) balans gymmaty bilen berlen pul däl aktiwleri ýa-da

kabul edilen borçnamalary goşup, tölenen islendik öwez töleginiň arasyndaky tapawut kärhana tarapyndan peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilmelidir.

## HASABA ALYŞ SYÝASATYNY SAÝLAP ALMAK

457. Kärhana özüniň ähli maliýe gurallary üçin hasaba alnyşy nämäniň esasynda alyp barmalydygyny, ýagny:

a) şu bölekde bar bolan ähli düzgünleriň esasynda; ýa-da

b) "Maliýe gurallary" täjirçilik kärhanalary üçin milli standartda görkezilen düzgünleri ykrar etmek we açmak esasynda alyp barmalydygyny saýlap almaga borçlydyr.

Kärhana tarapyndan ýokara görkezilen a) bölümçesiniň ýa-da b) bölümçesiniň saýlanyp alynmagy hasaba alyş syýasatyny saýlap almak bolup durýar.

## MAGLUMATY AÇMAK

458. 85-nji bölüme laýyklykda, hasaba alyş syýasatynyň köp bölekleriniň jeminde kärhana maliýe gurallaryny hasaba almak üçin peýdalanylýan esasy (ýa-da esaslary), şeýle hem maliýe gurallary bilen baglanyşykly peýdalanylýan we maliýe hasabatlylygyna düşünmek üçin ýerlikli bolan beýleki bölekleri açmalydyr.

459. Kärhana ýa maliýe ýagdaýy barada hasabatda ýa-da belliklerde aşakda sanalyp geçilýän maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň her bir toparynyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä balans gymmaty hakynda maglumatlary açmalydyr:

a) peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça hasaba alynýan maliýe aktiwleri;

b) ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilýän, bergileriň borçnamalary bolup duran maliýe aktiwleri;

ç) gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýän, paý borçnamalary bolup duran maliýe aktiwleri;

d) ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilýän maliýe borçnamalary; we

e) gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha berilýän, nesýeler boýunça borçnamalar.

460. Kärhana onuň maliýe ýagdaýy we işiniň netijeleri nukdaýnazaryndan maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara maliýe gurallarynyň ähmiýetine baha bermäge mümkinçilik berýän maglumaty açmaga borçlydyr. Mysal üçin, uzak möhletli bergi bolan ýagdaýynda şunuň ýaly maglumat, düzgün bolşy ýaly, bergi guralynyň şerterini (hak-heşdegiň möçberi, üzülmeli möhleti, üzülmeli wagt tertibi we bergi guralynyň kärhana belleýän çäklendirmeleri ýaly şertleri) öz içine alýar.

461. Adalatly gymmaty boýunça baha berilýän ähli maliýe aktiwleri we maliýe borçnamalary üçin kärhana adalatly gymmatyň kesgitlenýän binýady baradaky maglumatlary, ýagny, işjeň bazarda kesilen nyrhlary ýa-da bahalandyryş usullaryny açmalydyr. Eger kärhana bahalandyryş usulyny peýdalanýan bolsa,

onda kärhana maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň her bir derejesiniň adalatly gymmatyny kesgitlemek üçin peýdalanylýan esasy ýol bermeler hakyndaky maglumatlary açmalydyr. Mysal üçin, eger bu ulanarlykly bolsa, kärhana deslapky tölegiň derejesi, hasaplama karz ýitgileriniň derejesi, göterim möçberleri ýa-da diskontirleme möçberleri babatynda geçirilen ýol bermeler hakyndaky maglumatlary açmalydyr.

462. Peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden alalatly gymmaty boýunça baha berilýän paý guralynyň adalatly gymmatyna ygtybarly baha bermek üçin maglumat çeşmeleri ýiten bolsa, kärhana bu ýagdaýy açmalydyr.

463. Kärhana maliýe aktiwlerini ykrar etmegi bes etmegiň ölçeglerini kanagatlandyrmaýan amalyň çäklerinde beýleki tarapa beren bolsa, onda şular ýaly aktiwiň her bir derejesi üçin kärhana şu maglumatlary açýar:

a) aktiwleriň häsiýetini;

b) kärhanada galan, eýeçilik hukugy bilen bagly töwekgelçilikleriň we peýdalaryň häsiýetini;

ç) kärhananyň ykrar etmegi dowam etdirýän aktiwleriniň we olar bilen baglanyşykly ähli borçnamalarynyň balans gymmatyny.

464. Kärhananyň maliýe aktiwlerini borçnamalaryň ýa-da şertli borçnamalaryň üpjünçiligi hökmünde berýän ýagdaýynda, kärhana şu maglumatlary açmalydyr:

a) üpjünçilik hökmünde berlen maliýe aktiwleriniň balans gymmatyny;

b) şu hili girewiň şertlerini we möhletlerini.

465. Kärhana hasabat senesindäki ýagdaýa görä ykrar edilen, olar boýunça şertleriň bozulandygy ýa-da esasy bergini, göterimleri üzmek, üzmek gaznasy ýa-da üzmegiň şertleri babatynda borçnamalaryň ýerine ýetirilmeýändigi bellenilýän, hasabat senesindäki ýagdaýa görä düzgün bozmalaryň düzedilmedik karzlary boýunça bergiler barada şu maglumatlary açmalydyr:

a) şertleriň bozulandygy ýa-da borçnamalaryň ýerine ýetirilmändigi barada maglumatlary;

b) möhleti geçirilen kreditor berginiň hasabat senesindäki ýagdaýa görä balans gymmatyny;

ç) maliýe hasabatlylygy çykarmak üçin tassyklanmazyndan öň şertleriň bozulmagynyň ýa-da borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň düzedilendigi ýa-da karzlary üzmegiň şertlerine gaýtadan seredilendigi barada maglumatlary.

466. Kärhana girdejileriň, çykdajylaryň, peýdanyň ýa-da ýitgileriň aşakda getirilýän düzüm bölekleri barada maglumatlary açmalydyr:

a) adalatly gymmatdaky üýtgemeleri goşmak bilen, aşakda sanalyp geçilýänler boýunça ykrar edilen girdejileri, çykdajylary, peýdalary ýa-da ýitgileri:

peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän maliýe aktiwleri boýunça;

peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilýän maliýe borçnamalary boýunça;

ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilýän maliýe aktiwleri boýunça;

ulanyş tutumy alynýan gymmaty boýunça baha berilýän maliýe borçnamalary boýunça;

b) peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berilmeýän maliýe aktiwleri ýa-da maliýe borçnamalary boýunça umumy göterim girdejilerini we umumy göterim çykdajylaryny (netijeli göterim möçberi boýunça hasaplanýan);

ç) maliýe aktiwleriniň her bir derejesi üçin gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitginiň möçberini.

## 17-NJI BÖLEK. “BAHA BERILÝÄN GORLAR”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

467. Şu bölegiň maksady baha berilýän gorlar babatynda ulanylýan degişli ykrar etme ölçeglerini we baha bermegiň esaslaryny, şeýle hem maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara olaryň häsiýetine, wagtlaýyn ölçeglerine we pul möçberine düşünmäge mümkinçilik berer ýaly belliklerde ýeterlik derejede maglumatlary açmagy üpjün etmek bolup durýar.

468. Şu bölegiň talaplary baha berilýän gorlaryň ählisine degişlidir, olaryň beýleki böleklerde seredilýänleri muňa girmeýär. Şular ýaly baha berilýän gorlar şulary öz içine alýar:

a) “Kärende” bölegi, emma, bu bölek borç ýükleýän amala öwrülen amal kärendesine seredýär;

b) gurluşyk üçin şertnamalar (“Düşewünt” bölegi);

ç) işgärlere hak-heşdek tölemek boýunça borçnamalar (“Işgärlere tölenýän hak-heşdekler” bölegi);

d) peýdadan alynýan salgyt (“Peýdadan alynýan salgytlar” bölegi).

469. Şu bölegiň talaplary ýerine ýetirilýän döwründäki şertnamalar babatynda, eger olar çykdajy şertnamalary bolup durmaýan bolsa, ulanylmaýar.

## KESGITLEMELER

470. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

Kähalatlarda **“ätiýaçlyk gory”** adalgasy ulanyş tutumy, aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy we yzyna gaýtarylmaýan debitor bergiler ýaly maddalar bilen bagly hem ulanylýar. Görkezilen maddalar borçnamalary ykrar edilmegine garanyňda aktiwleriň balans gymmatyna düzediş girizilmegi bolup durýar we şonuň üçin hem olar şu bölegiň ulanylýan çygryna girmeýär.

**Baha berilýän gor (ätiýaçlyk) –** bu ululygy boýunça näbelli ýa-da ýerine ýetirilmeli möhleti näbelli bolan borçnamadyr.

**Borçnama (maliýe hasabatlylygynda ykrar etmek maksatlary üçin) –** bu kärhananyň geçen döwürlerdäki wakalardan ýüze çykan, bar bolan bergisidir, olaryň düzgünleşirilmegi kärhanadan ykdysady bähbidi bolan serişdeleriň gitmegine getirer.

**Borçlandyrýan wakalar –** hukuk ýa-da emele gelen tejribe bilen şertlendirilen borçnamany döredýän waka, şonuň netijesinde kärhanada bu borçnamany düzgünleşdirmek üçin hakyky alternatiwa bolmaýar.

**Hukuk borçnamasy –** şu aşakdakylardan gelip çykýan borçnamadyr:

a) şertnamadan (onuň göni kesgitlenen ýa-da çak edilýän şertlerinden);

b) kanunçylykdan; ýa-da

ç) hukuk kadalarynyň beýleki täsirlerinden.

**Emele gelen iş tejribesi bilen şertlendirilen borçnama (konklýudent borçnama) –** şu ýagdaýlarda kärhananyň hereketleriniň netijesinde ýüze çykýan borçnamadyr:

a) emele gelen iş tejribesi, çap edilen syýasat ýa-da ýeterlik derejede anyk beýannama arkaly kärhananyň öz üstüne belli bir borçnamalary alyp biljekdigini beýleki taraplara görkezen ýagdaýynda;

b) netijede kärhananyň beýleki taraplarda öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirjekdigine esasly garaşmalary döredýän ýagdaýynda.

**Çykdajyly şertnama –** şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýeririlmegi üçin gutulgysyz harajatlaryň şertnamany ýerine ýetirmekden garaşylýan ykdysady peýdalardan ýokary bolýan şertnamasydyr.

**Gurluş taýdan üýtgedip guramak –** ýolbaşçylyk tarapyndan meýilnamalaşdyrylýan hem-de gözegçilik edilýän we:

a) kärhana tarapyndan amala aşyrylýan işiň gerimini; ýa-da

b) bu işi alyp barmagyň usullaryny düýpli üýtgetýän maksatnamadyr.

**Ýerine ýetirilýän döwründäki şertnamalar –** bu taraplaryň biriniň hem özleriniň şertnama boýunça borçnamalarynyň hiç birini ýerine ýetirmedik ýa-da iki tarapyň hem öz borçnamalaryny deň derejede bölekleýin ýerine ýetiren şertnamalarydyr.

## ILKIBAŞDA YKRAR ETMEK

471. Kärhana baha berilýän gorlary diňe şu ýagdaýlarda ykrar etmelidir:

a) hasabat senesindäki ýagdaýa görä, kärhananyň geçen wakanyň netijesinde ýüze çykan gündelik borçnamasy bar bolanda;

b) borçnamany üzmek üçin kärhananyň ykdysady peýdalary bermeginiň gerek bolmagy ähtimal bolanda (ýagny, mümkin bolmazyndan mümkin bolmagy ýakyn bolanda); we

ç) borçnamanyň pul möçberine ygtybarly baha bermek mümkin bolanda.

472. Kärhana ätiýaçlyk goruny maliýe ýagdaýy barada hasabatda borçnama hökmünde ykrar etmelidir, şeýle hem çykdajyny, eger ol haýsydyr bir başga bölegiň talaplaryna laýyklykda, ätiýaçlyklar ýa-da esasy serişdeler ýa aktiwleriň özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlaryň bir bölegi bolup durmaýan bolsa, peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde borçnamanyň möçberine deň bolan pul möçberinde ykrar etmelidir.

## ILKIBAŞDA BAHA BERMEK

473. Kärhana ätiýaçlyk goruna hasabat senesindäki ýagdaýa görä borçnamany üzmek üçin zerur bolan pul möçberiniň iň gowy bahasynyň esasynda baha bermelidir. Bar bolan borçnamany düzgünleşdirmek üçin zerur bolan harajatlara berilýän iň gowy baha kärhananyň oýlanyşykly garaýyşa eýermek bilen, hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä borçnamany üzmek üçin ýa-da görkezilen wagtda üçünji tarapa bermek üçin sarp etjek pul möçberinden ybaratdyr.

474. Eger baha berilýän gor iri maddalary öz içine alýan bolsa, baha bermek mümkin bolaýjak ähli netijeleri ähtimallyk derejesi boýunça ölçemek ýoly bilen geçirilýär. Şeýlelikde, ätiýaçlyk gory şol pul möçberiniň ýitirilmek ähtimallygy, mysal üçin, onuň 60 ýa-da 90 göterime deň boljakdygyna baglylykda dürli-dürli bolup biler. Eger mümkin bolan netijeleriň hemişelik gerimi (diapozon) bar bolan we bu gerimiň ähli nokatlary birmeňzeş ähtimal bolan ýagdaýynda berlen gerimiň ortaça ähmiýeti alynýar.

475. Eger ätiýaçlyk gory aýratyn alnan borçnama bilen bagly bolsa, onda has ähtimal bolan aýratyn netije borçnamany ýerine ýetirmek üçin zerur bolan pul möçberiniň iň gowy bahasy bolup hyzmat edip biler. Emma, şeýle ýagdaýda hem kärhana mümkin bolan beýleki netijelere seredýär. Mümkin bolan beýleki netijeleriň has ähtimal netijeden esasan ýokary ýa-da esasan pes bolan ýagdaýynda iň gowy hasaplama baha degişlilikde, ýokary ululyk ýa-da kiçi ululyk bolup biler.

476. Kärhana aktiwleriň garaşylýan çykyp gitmeginden geljek girdejini ätiýaçlyk goruna berilýän bahadan aýyrmalydyr.

477. Eger baha berilýän gorlaryny düzgünleşdirmek üçin talap edilýän harajatlar ýa-da olaryň bir böleginiň öwezi beýleki tarap tarapyndan dolunýan bolsa (mysal üçin, ätiýaçlandyryş talaby boýunça), öwezini dolma diňe kärhananyň borçnamany üzen ýagdaýynda öwezlik töleginiň alynjakdygyna şübhe ýok bolanda ykrar edilmelidir. Şunuň ýaly öwezlik tölegi babatynda ykrar edilen pul möçberi degişli baha berilýän ätiýaçlyk goruň pul möçberinden artyk bolmaly däldir. Alynmaga degişli öwezlik tölegi maliýe ýagdaýy barada hasabatda aktiw hökmünde görkezilmelidir we degişli ätiýaçlyk gorunyň ýerine hasap edilmeli däldir. Jemi peýda barada hasabatda kärhana beýleki tarapdan alnan öwezlik tölegini degişli ätiýaçlyk goruna degişli bolan çykdajylaryň ýerine hasap etmegi geçirip biler.

## SOŇUNDAN BAHA BERMEK

478. Kärhana harajatlary, olar ilkibaşda haýsy ätiýaçlyk gorlar üçin ykrar edilen bolsa, şolaryň ýerine hasapdan öçürmelidir.

479. Kärhana ätiýaçlyk gorlaryna her bir hasabat senesiniň ahyrynda gaýtadan seretmelidir we gündelik bar bolan iň gowy hasaplama bahasyny hasaba almak bilen düzediş girizilmelidir. Ozal ykrar edilen pul möçberlerine girizilýän islendik düzedişler peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilmelidir, ätiýaçlyk gorunyň ilkibaşda aktiwiň özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlaryň bir bölegi hökmünde ykrar edilen ýagdaýlary muňa girmeýär.

## ŞERTLI BORÇNAMALAR WE AKTIWLER

480. Şertli borçnamalar – bu ýa mümkin bolan, ýöne kesgitli bolmadyk borçnamadyr ýa-da 471-nji bölümiň b) we ç) şertleriniň birini ýa iki şerti hem kananagatlandyrmaýandygy sebäpli ykrar edilip bilinmeýän, bar bolan borçnamadyr. Kärhana şertli borçnamany borçnama hökmünde ykrar etmeli däldir,

telekeçilik işi birleşdirilende kärhana tarapyndan edinilýän şertli borçnamalaryň ykrar edilmegi muňa girmeýär. Eger kärhana borçnamany ýerine ýetirmek babatynda raýdaş we aýratyn jogapkärçilik çekýän bolsa, onda borçnamanyň beýleki taraplaryň ýerine ýetirmegine garaşylýan bölegi kärhana tarapyndan şertli borçnama hökmünde hasaba alynýar.

481. Kärhana şertli aktiwi aktiw hökmünde ykrar etmeli däldir. Geljekki ykdysady peýdalaryň kärhana gelmek ähtimallygyna şübhe ýok bolsa, onda degişli aktiw şertli bolup durmaýar we onuň ykrar edilmegi ýerliklidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

482. Ätiýaçlyk gorlaryň her bir görnüşi üçin kärhana şu maglumatlary açmalydyr:

a) şulary görkezýän:

hasabat döwrüniň başyndaky we ahyryndaky balans gymmatyny;

döwrüň dowamynda ykrar edilen goşmaça ätiýaçlyk gorlarynyň artyşyny;

döwrüň dowamynda çekilen we baha berilýän goruň hasabyna hasapdan öçürilen pul möçberini; we

döwrüň dowamynda dikeldilen, peýdalanylmadyk pul möçberlerini;

b) borçnamanyň häsiýetiniň gysgaça beýanyny, onuň bilen baglanyşykly serişdeleriň çykyp gitmeginden garaşylýan pul möçberini we wagtyny;

ç) çykyp gitmegi mümkin bolan serişdeleriň ululygy we möhletleri babatynda näbellilik alamatlaryny;

d) şunuň ýaly garaşylýan öwezlik tölegi babatynda ykrar edilen islendik aktiwiň pul möçberini görkezmek bilen, garaşylýan islendik öwezini dolmalaryň pul möçberini.

483. Geçen döwürleriň deňeşdirilýän maglumatlary talap edilmeýär.

484. Üzmegiň netijesinde serişdeleriň haýsydyr bir çykyp gitmek ähtimallygy ujypsyz bolan mahalyndan başga ýagdaýlarda hasabat senesindäki ýagdaýa görä şertli borçnamalaryň her bir derejesi üçin kärhana şertli borçnamanyň häsiýetiniň gysgaça beýanyny, şeýle hem munuň iş ýüzünde mümkin bolan ýagdaýlarynda şulary açmalydyr:

a) baha bermek ýörelgelerine laýyklykda, onuň maliýe görkezijilerine edýän täsirine berilýän bahany;

b) çykyp gitmegi mümkin bolan serişdeleriň ululygy we möhletleri babatynda näbellilik alamatlaryny; we

ç) haýsydyr bir öwezlik töleginiň mümkindigini.

485. Eger 484-nji bölümde görkezilen, ýokarda sanalyp geçilen bir ýa-da birnäçe açyp görkezmeleri iş ýüzünde amala aşyrmak mümkin bolmasa, bu ýagdaý açylmaga degişlidir.

486. Eger ykdysady peýdalaryň gelip gowuşmagy ähtimal bolup (mümkin bolmazlygyndan mümkin bolmagy ýakyn bolanda), ýöne iş ýüzünde şübheli bolup durýan bolsa, kärhana hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä şertli aktiwleriň häsiýetiniň gysgaça beýanyny bermelidir we eger ony adatdan daşary harajat ýa-da

güýji sarp etmezden amala aşyrmak mümkin bolsa, baha bermek ýörelgelerine laýyklykda, olaryň maliýe görkezijilerine edýän täsirine berilýän bahany görkezmelidir. Eger bu maglumaty iş ýüzünde açmak mümkin bolmasa, bu ýagdaý açylmaga degişlidir.

487. Örän seýrek ýagdaýlarda 482-486-njy bölümlere laýyklykda açylmagy talap edilýän ähli maglumatlaryň we onuň bir böleginiň açylmagy ätiýaçlyk gor, şertli borçnama ýa-da şertli aktiw meselesi barada beýleki taraplar bilen jedelde kärhananyň ýagdaýyna düýpli zyýan ýetirer diýip hasap etmäge esas bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda kärhana bellenen maglumaty açman biler, ýöne bu maglumatyň açylmandygyny we onuň açylmandygynyň sebäbini görkezmek bilen, jedeliň umumy häsiýetini açmalydyr.

## 18-NJI BÖLEK. “IŞGÄRLERE TÖLENÝÄN HAK-HEŞDEKLER”

### MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

488. Şu bölegiň maksady işgärlere tölenýän hak-heşdekler hakyndaky maglumaty hasaba almagyň we açmagyň kadalaryny bellemekden ybaratdyr. Bölek kärhanadan:

a) işgäriň hak-heşdek almak bilen hyzmat eden halatynda geljekde tölenilmäge degişli borçnamany; we

b) eger başga bir bölek harajatlaryň aktiwiň özüne düşýän gymmatynyň bir böleginiň ätiýaçlyklar ýa-da esasy serişdeler hökmünde ykrar edilmegini talap etmeýän bolsa, işgäriň hak-heşdek almak bilen hyzmat etmeginiň netijesinde ýüze çykýan ykdysady peýdanyň peýdalanylan halatyndaky çykdajyny ykrar etmegi talap edýär.

489. Şu bölek iş beriji tarapyndan işgärlere tölenýän ähli hak-heşdekleri hasaba almak üçin ulanylýar, olar babatynda şu standartyň beýleki bölekleriniň ulanylýanlary muňa girmeýär.

490. Hak-heşdekler babatynda, şu bölegiň ulanylýan işgärlere tölenýän hak-heşdekler şulary öz içine alýar:

a) kärhana bilen onuň işgärleriniň ýa-da olaryň wekilleriniň arasyndaky ylalaşyklara laýyklykda tölenýän hak-heşdekleri;

b) kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda, kärhananyň amala aşyrmaly döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri.

491. Işgärlere tölenýän hak-heşdekler işgärlere, şeýle hem olaryň eklenjindäkilere berilýän hak-heşdekleri öz içine alýar we gönüden-göni işgärlere, olaryň ýanýoldaşlarynyň, çagalarynyň ýa-da onuň eklenjindäki beýleki adamlaryň ýa-da beýleki taraplaryň peýdasyna töleg geçirmek (ýa-da haryt bermek ýa-da hyzmat etmek) ýoly bilen amala aşyrylýar.

492. Işgär kärhana doly iş gününiň esasynda, bölekleýin işlemek, hemişelik ýa-da bir gezeklik ýa-da wagtlaýyn esasda hyzmat edip biler.

### KESGITLEMELER

493. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Işgärlere tölenýän hak-heşdekler** – kärhananyň işgärlere olaryň eden hyzmatlary üçin töleýän hak-heşdekleriniň ähli görnüşleri.

**Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler** – eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň şeýle hem şertnama esasynda zähmeti ulanýan hususy telekeçileriň we beýleki şahsy adamlaryň (mundan beýläk – iş berijiler), şeýle hem sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan şahsy adamlaryň geçirýän geçirimleri.

## IŞGÄRLERE TÖLENÝÄN HAK-HEŞDEKLER

494. Hak-heşdekler şu maddalary öz içine alýar:

a) işçilere we gullukçylara tölenýän zähmet haky we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler;

b) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölegli rugsatlar;

ç) peýda gatnaşmak we baýraklar;

d) häzirki wagtda işleýän işgärler üçin pul däl görnüşdäki hak-heşdekler (saglygy goraýyş hyzmaty, ýaşaýyş jaýy we ulag bilen üpjün etmek, mugt ýa-da dotasiýa berilýän harytlar we hyzmatlar ýaly tölegler).

495. Işgärlere hak-heşdek tölemek boýunça borçnamalara diskontirlenmedik esasda baha berilýär.

496. Işgäriň kärhana hasabat döwrüniň dowamynda hyzmat eden mahalynda, şol hyzmatlar üçin işgärlere tölenmäge degişli hak-heşdekleriň diskontirlenmedik ululygy:

a) eýýäm tölenen islendik pul möçberi aýrylandan soň borçnama (hasaplanyp ýazylan çykdajy) hökmünde ykrar edilmelidir. Eger eýýäm tölenen pul möçberi tölegleriň diskontirlenmedik ululygyndan ýokary bolsa, kärhana bu ýokary gelýän möçberi hakujy çykdajylarynyň, mysal üçin, geljekki tölegleriň azalmagyna ýa-da pul serişdeleriniň yzyna gaýtarylmagyna getirip biljek derejesinde aktiw (hakujy çykdajylary) hökmünde ykrar edilmelidir; we

b) çykdajy hökmünde ykrar edilmelidir, beýleki bölegiň (mysal üçin, "Ätiýaçlyklar" bölegi we "Esasy serişdeler" bölegi) aktiwiň özüne düşýän gymmatyna goşulmagyny talap edýän ýa-da rugsat edýän hak-heşdekleriniň pul möçberleri muňa girmeýär.

497. Kärhana işgärleriň dürli sebäpler boýunça, şol sanda her ýylky rugsat, näsaglyk we ş.m. boýunça işde bolmaýan wagtlary üçin töleg töläp biler.

498. Kärhana işgärlere rugsat tölegleri görnüşinde hak-heşdek tölemek üçin garaşylýan harajatlary gönüden-göni rugsadyň berilýän wagtynda ykrar etmelidir.

499. Kärhana peýda gatnaşmak we baýraklary tölemek üçin garaşylýan harajatlary diňe şu ýagdaýda ykrar etmelidir, eger-de:

a) kärhananyň şertnama ýa-da kanunçylyk bilen bagly ýüze çykýan ýa-da geçen wakalar sebäpli şunuň ýaly tölegleri geçirmek babatynda üstüne ýüklenen gündelik borçnamasy bar bolsa; we

b) borçnama ygtybarly baha berip bolýan bolsa.

500. Gündelik borçnama diňe kärhananyň tölegi geçirmezlik üçin hakyky mümkinçiligi ýok bolanda bar bolup bilýär.

501. Kärhananyň baýrak tölemek babatynda hukuk taýdan borçnamasy bolman biler. Şeýle-de bolsa, käbir ýagdaýlarda kärhanada baýrak tölemek tejribesi bar bolup biler. Şeýle ýagdaýlarda kärhananyň üstüne ýüklenen borçnamasy bolýar, sebäbi onuň baýragy tölemezlige hakyky mümkinçiligi ýokdur. Şu ýagdaýda üstüne ýüklenen borçnama berilýän baha kärhananyň käbir işgärleriniň baýrak almadyk ýagdaýlarynda ondan işden gitmek mümkinçiligini hasaba almalydyr.

502. Kärhana özüniň hukuk ýa-da üstüne ýüklenen borçnamalaryna diňe şu ýagdaýda ygtybarly baha berip biler, eger-de:

a) meýilnamanyň resmileşdirilen şertleri hak-heşdegiň ululygyny kesgitlemegiň formulasyny öz içine alýan bolsa;

b) kärhana tölenmäge degişli hak-heşdegiň ululygyny maliýe hasabatlylygynyň çykarmak üçin tassyklanmazyndan oň kesgitleýän bolsa; ýa-da

ç) geçen ýyllaryň iş tejribesi kärhananyň üstüne ýüklenen borçnamasynyň ululygyny anyk kesgitlemäge mümkinçilik berýän bolsa.

503. Peýda gatnaşmak meýilnamalary we baýraklar boýunça borçnamalar kärhananyň eýeleri bilen geleşikleriň netijesinde däl-de, işgärler tarapyndan edilen hyzmatlar bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Şonuň üçin kärhana peýda gatnaşmak meýilnamalary we baýraklary tölemek boýunça harajatlary arassa peýdany paýlamak hökmünde däl-de, çykdajy hökmünde ykrar edýär.

## DÖWLET DURMUŞ ÄTIÝAÇLANDYRMASYNA GEÇIRIMLER

504. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri hasaba almak, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, şol döwür üçin bellenen möçberleriň derejesinde kesgitlenýär.

505. Eger işgär kärhana şol döwrüň dowamynda hyzmat eden bolsa, kärhana bu hyzmatlaryň ýerine tölenýän döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri:

a) hasaplanyp ýazylan ozal tölenen tölegleri aýyrmak bilen, borçnama hökmünde ykrar edýär (hasaplanyp ýazylan çykdajy). Eger hasaplanyp ýazylan, ozal tölenen tölegleri hasabat senesine edilen hyzmatlar üçin tölenmäge degişli geçirimleriň ululygyndan ýokary gelýän bolsa, kärhana bu ýokary gelýän möçberi, hakujy töleginiň, mysal üçin, geljekki tölegleri peseltmäge ýa-da pul serişdelerini yzyna gaýtarmaga getirip biljek derejesinde aktiw hökmünde (hakujy çykdajysy) ykrar etmelidir; we

b) çykdajy hökmünde ykrar edilmelidir, beýleki bölegiň (mysal üçin, “Ätiýaçlyklar” bölegi we “Esasy serişdeler” bölegi) aktiwiň özüne düşýän gymmatyna goşulmagyny talap edýän ýa-da rugsat edýän hak-heşdekleriniň pul möçberleri muňa girmeýär.

## IŞDEN ÇYKYLANDA BERILÝÄN KÖMEK PULY

506. Kärhananyň kanunçylyga laýyklykda, şertnama boýunça ýa-da kärhana bilen işgärleriň ýa-da olaryň wekilleriniň arasyndaky beýleki ylalaşyklar boýunça ýa-da emele gelen hojalyk işiniň tejribesinden, däplerden ýa-da adalatly hereket etmek isleginden gelip çykýan üstüne ýüklenen borçnamalary bilen baglanyşykly işgärler işden çykanda olara töleg tölemek (ýa-da haýsydyr bir başga hak-heşdekleri bermek) borjy bolup biler. Şeýle tölegler kömek puly diýlip atlandyrylýar.

507. Kärhana işden çykylanda berilýän kömek puluny Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda borçnama ýa-da çykdajylar hökmünde ykrar etmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

508. Şu bölek işgärlere tölenen hak-heşdekler babatynda maglumatlaryň ýörite açylmagyny talap etmeýär, beýleki böleklerde göz öňünde tutulan açylmalar muňa girmeýär (mysal üçin, „Bagly taraplar hakyndaky maglumaty açmak“ bölegi esasy dolandyryjylara tölegler hakyndaky maglumatlary açmagy talap edýär. „Maliýe hasabatlylygyny bermek“ bölegi işgärlere hak-heşdek tölemek üçin çykdajylary açmagy talap edýär).

509. Kärhana döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler babatynda çykdajylar hökmünde ykrar edilen pul möçberleri hakyndaky maglumaty açmaga borçlydyr.

## 19-NJY BÖLEK. “PEÝDADAN ALYNÝAN SALGYTLAR”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

510. Şu bölegiň maksady peýdadan alynýan salgytlary hasaba almagyň tertibini kesgitlemek bolup durýar. Peýdadan alynýan salgytlary hasaba almagyň baş meselesi gündelik we geljekki salgyt netijelerini nähili hasaba almalydygyndan, ýagny:

a) kärhananyň maliýe hasabatlylygynda ykrar edilýän aktiwleriň (borçnamalaryň) balans gymmatynyň geljekde öwezini dolmak (üzmek) görnüşinde; we

b) kärhananyň maliýe hasabatlylygynda ykrar edilýän amallar we häzirki döwrüň beýleki wakalary hökmünde ykrar etmek görnüşinde hasaba alynmalydygyndan ybaratdyr.

511. Şu bölek peýdadan alynýan salgytlar hasaba alnanda ulanylmalydyr.

512. Şu bölegiň maksatlary üçin peýdadan alynýan salgytlar salgyt salynýan peýdalara esaslanýan ähli milli we daşary ýurt salgytlaryny öz içine alýar. Şeýle hem, peýdadan alynýan salgyt hökmünde çeşmeden tutulyp alynýan, golçur, assosirlenen kärhana tarapyndan ýa-da bilelikdäki işiň çäklerinde hasabat berýän kärhananyň peýdasyna paýlanýan pul möçberlerinden tölenýän peýdadan alynýan salgyt hökmündäki salgytlary öz içine alýar.

513. Eger aktiwleriň (borçnamalaryň) balans gymmatynyň öweziniň dolunmagynyň ýa-da üzülmeginiň, eger şunuň ýaly öwezini dolmagyň ýa-da üzmegiň hiç hili salgyt netijeleri bolmadyk ýagdaýynda kesgitlenip biljek ululyk bilen deňeşdirilende, geljekki salgyt tölegleriniň ululygynyň artmagyna (azalmagyna) getirmek ähtimallygy bar bolsa, şu bölek kärhananyň gaýra goýlan salgyt borçnamasyny (gaýra goýlan salgyt aktiwini) belli bir kadadan çykmalaryň çäkli möçberi bilen ykrar etmegi talap edýär.

514. Şeýle hem şu bölek peýdalanylmadyk salgyt ýitgilerinden ýa-da peýdalanylmadyk salgyt ýeňilliklerinden ýüze çykýan, gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň ykrar edilmegine, peýdadan alynýan salgytlaryň maliýe hasabatlylygynda görkezilişine we peýdadan alynýan salgytlara degişli maglumatlaryň açylyşyna degişlidir.

## KESGITLEMELER

515. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Buhgalterçilik peýdasy –** bu salgyt boýunça çykdajylar aýrylmazyndan öňki döwürdäki peýda ýa-da ýitgi.

**Salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgi)** – bu peýdanyň (ýitginiň) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenilýän kadalara laýyklykda kesgitlenilýän, ol babatynda peýdadan alynýan salgydyň tölenýän (öwezi dolunýan) pul möçberidir.

**Salgyt boýunça çykdajy (salgyt boýunça girdeji) –** bu gündelik we gaýra goýlan salgyt babatynda şol döwrüň peýdasynyň ýa-da ýitgisiniň hasaplamalaryna goşulan jebisleşdirilen pul möçberidir.

**Gündelik salgytlar –** şol döwürde salgyt salynýan peýda (salgyt salnanda hasaba alynan ýitgi) babatynda tölenýän (öwezi dolunýan) peýdadan alynýan salgydyň pul möçberidir.

**Gaýra goýlan salgyt borçnamalary –** bu salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlar babatynda geljek döwürlerde tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberidir.

**Gaýra goýlan salgyt aktiwleri –** peýdadan alynýan salgytlaryň pul möçberi, olar aşakdakylar babatynda geljek döwürlerde öwezi dolunmaga degişlidir:

a) aýrylýan wagtlaýyn tapawutlar;

b) soňa geçirilen peýdalanylmadyk salgyt ýitgileri;

ç) soňa geçirilen peýdalanylmadyk salgyt karzlary.

**Wagtlaýyn tapawutlar –** bu aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmaty bilen olaryň salgyt özeniniň arasyndaky tapawutdyr. Wagtlaýyn tapawutlar ýa-da:

a) salgyt salynýan wagtlaýyn tapawutlar, ýagny, aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatynyň öwezi dolunýan ýa-da üzülýän geljekki döwürlerde salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgi) kesgitlenende salgyt salynýan pul möçberleriniň döremegine getirjek wagtlaýyn tapawutlar; ýa-da

b) aýrylýan wagtlaýyn tapawutlar, ýagny, olaryň netijeleri aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatynyň öwezi dolunýan ýa-da üzülýän geljekki döwürlerde salgyt salynýan peýda (salgyt ýitgi) kesgitlenende aýyrmalar bolup durýan wagtlaýyn tapawutlar bolup biler.

**Aktiwiň ýa-da borçnamanyň salgyt özeni –** salgyt maksatlary üçin aktiwe ýa-da borçnama degişli edilýän pul möçberi.

**Aktiwiň salgyt özeni –** bu aktiwiň balans gymmatynyň öwezi dolunanda kärhananyň aljak, salgyt salynýan islendik ykdysady peýdalaryndan salgyt salmak maksatlary üçin aýryljak pul möçberidir. Eger bu ykdysady peýdalara salgyt salynmaýan bolsa, aktiwiň salgyt özeni onuň balans gymmatyna deň bolar.

**Borçnamanyň salgyt özeni** geljek döwürlerde bu borçnama babatynda salgyt salmak maksatlary üçin aýryljak islendik pul möçberini aýyrmak bilen, onuň balans gymmatyna deňdir. Hakujy hökmünde alnan düşewünt bolan ýagdaýynda ýüze çykýan borçnamanyň salgyt özeni geljek döwürlerde salgyt salynmajak düşewündiň islendik pul möçberini aýyrmak bilen, onuň balans gymmatyna deň bolar.

## PEÝDADAN ALYNÝAN SALGYDY HASABA ALMAGYŇ TAPGYRLARY

516. Kärhana peýdadan alynýan salgytlary şu tapgyrlara laýyklykda hasaba almalydyr:

a) salgyt edaralary tarapyndan geçirilýän barlagyň mümkin bolan netijelerini öz içine alýan jemi möçberi boýunça baha berlen gündelik salgydy ykrar etmek;

b) şol aktiwler we borçnamalar özüniň getirilen balans gymmaty boýunça öwezi dolunan ýa-da üzülen ýagdaýynda, haýsy aktiwleriň we borçnamalaryň salgyt salynýan peýda täsir etjekdigini kesgitlemek;

ç) hasabat senesiniň ahyryndaky ýagdaýa görä, aşakdakylaryň salgyt özenini kesgitlemek:

ýokarda b) bölümçede görkezilen aktiwler we borçnamalar. Aktiwleriň we borçnamalaryň salgyt özeni özüniň getirilen balans gymmaty boýunça aktiwleri ýerlemegiň ýa-da borçnamalary üzmegiň netijeleri boýunça kesgitlenýär;

salgyt özenleri bolan gaýry maddalar, olar aktiwler ýa-da borçnamalar hökmünde ykrar edilmeýän hem bolsa, ýagny, salgyt salynmaga ýa-da geljek döwürlerde salgyt aýyrmalaryna degişli girdeji ýa-da çykdajy hökmünde ykrar edilen maddalar;

d) islendik wagt tapawutlaryny, peýdalanylmadyk salgyt ýitgilerini we karzlaryny hasaplamak;

e) islendik wagt tapawutlarynyň, peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň we karzlarynyň netijesinde ýüze çykýan gaýra goýlan salgyt aktiwlerini we gaýra goýlan salgyt borçnamalaryny ykrar etmek;

ä) gaýra goýlan salgyt aktiwlerine we borçnamalaryna salgyt edaralary tarapyndan geçirilýän barlagyň mümkin bolan netijelerini öz içine alýan jemi möçberi boýunça baha bermek, şunda eger gaýra goýlan salgyt aktiwi ýerlenýän ýa-da gaýra goýlan salgyt borçnamasy üzülýän bolsa, hereket edýän kanunçylygyň esasynda hasabat senesiniň ahyrynda ulanylyp bilinjek möçber peýdalanylýar;

f) arassa pul möçberi häzirki ýa-da geljekki salgyt salynýan peýdanyň esasynda amala aşyrylyp bilinjek iň ýokary möçberine deň bolar ýaly görnüşde gaýra goýlan salgyt aktiwleri babatynda baha berilýän gory ykrar etmek;

g) gündelik we gaýra goýlan salgydy peýdanyň ýa-da ýitginiň, gaýry jemi peýdanyň we maýanyň degişli böleklerine bölmek;

h) talap edilýän maglumatlary görkezmek we açmak.

## SALGYT BORÇNAMALARYNY WE SALGYT AKTIWLERINI YKRAR ETMEK

517. Kärhana häzirki we geçen döwürleriň salgyt salynýan peýdasy babatynda gündelik salgyt borçnamalaryny ykrar etmelidir. Eger şu we geljek döwürler babatynda eýýäm tölenen pul möçberi şol döwürlerde tölenmäge degişli pul möçberinden ýokary bolsa, onda ýokary bolan ululyk aktiw hökmünde ykrar edilmelidir.

518. Salgyt ýitgisi bilen baglanyşykly, oňki döwrüň gündelik salgydynyň öwezini dolmak üçin geçen döwre geçirilip bilinjek peýda aktiw hökmünde ykrar edilmelidir.

519. Kärhana gündelik salgyt borçnamasyna hasabat döwründe hereket eden ýa-da hakykatdan hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna laýyklykda salgyt möçberlerini peýdalanmak bilen tölemek (öwezini dolmak) göz öňünde tutulýan pul möçberinde baha bermelidir. Kärhana salgyt möçberlerine, kabul

etmegiň barşynda göz öňünde tutulan geljekki wakalaryň taryhy taýdan eýýäm täsir edip bilmejek we täsir etmek ähtimallygy pes bolan wagtynda hereket edýän hökmünde seretmelidir.

520. Kärhana 517-nji we 518-nji bölümlere laýyklykda ykrar edilen pul möçberlerini salgyt edaralary tarapyndan geçirilýän barlagyň mümkin bolan netijelerine goşmalydyr.

521. Kärhana geljek döwürlerde öwezi dolunmaga ýa-da tölenmäge degişli gaýra goýlan salgyt aktiwini ýa-da salgyt boýunça borçnamany geçen amallaryň ýa-da wakalaryň netijesinde ykrar etmelidir. Şunuň ýaly salgyt kärhananyň aktiwleri we borçnamalary babatynda maliýe ýagdaýy barada hasabatda ykrar edilen pul möçberleri bilen şol aktiwleriň we borçnamalaryň salgyt edaralary tarapyndan ykrar edilmeginiň, şeýle hem peýdalanylmadyk gündelik salgyt ýitgileriniň we salgyt karzlarynyň geljek döwürlere geçirilmeginiň arasyndaky tapawudyň netijesinde ýüze çykýar.

522. Eger kärhana salgyt salynýan peýdany hasaba almazdan aktiwiň balans gymmatynyň öwezini dolmagy ýa-da borçnamanyň balans gymmatyny üzmegi göz öňünde tutýan bolsa, onda şol aktiw ýa-da borçnama babatynda gaýra goýlan salgyt ýüze çykmaýar.

**Salgyt özeni**

523. Kärhana aktiwiň, borçnamanyň ýa-da gaýry maddanyň salgyt özenini Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda kesgitlemelidir.

**Wagt tapawutlary**

524. Wagt tapawutlary şu ýagdaýlarda ýüze çykýar:

a) aktiwler we borçnamalar ilkibaşda ykrar edilende balans gymmaty bilen salgyt özeniniň arasynda tapawut bar bolanda ýa-da salgyt özeni bolmadyk, ýöne aktiwler ýa-da borçnamalar hökmünde ykrar edilmeýän maddalar boýunça salgyt özeni döredilýän pursatynda;

b) peýdanyň ýa-da girdejiniň bir hasabat döwründe jemi peýdanyň ýa-da maýanyň düzüminde ykrar edilýändigi, ýöne salgyt peýdasynyň düzüminde başga bir döwürde ykrar edilýändigi sebäpli, balans gymmaty bilen salgyt özeniniň arasynda tapawudyň ilkibaşky ykrar etmeden soň ýüze çykýan wagtynda;

ç) aktiwiň ýa-da borçnamanyň salgyt özeniniň üýtgeýän we bu üýtgemäniň hiç bir döwürde aktiwiň ýa-da borçnamanyň balans gymmatynda görkezilmeýän wagtynda.

**Gaýra goýlan salgyt borçnamalary we aktiwleri**

525. Kärhana 526-njy bölümde görkezilenlerden başga, şulary ykrar etmelidir:

a) geljekde salgyt salynýan peýdany artdyrar diýlip garaşylýan ähli wagt tapawutlary babatynda gaýra goýlan salgyt borçnamasyny;

b) geljekde salgyt salynýan peýdany azaldar diýlip garaşylýan ähli wagt tapawutlary babatynda gaýra goýlan salgyt borçnamasyny;

ç) geljek döwürlere geçirilen peýdalanylmadyk salgyt ýitgileri we peýdalanylmadyk salgyt karzlary babatynda gaýra goýlan salgyt aktiwini.

526. 525-nji bölümiň talaplaryna degişli kadadan çykmalar:

a) kärhana dowamlylygy boýunça hemişelik bolup duran maýa goýumlaryň derejesinde golçur kärhanalardan, şahamçalardan, assosirlenen kärhanalardan we bilelikdäki işden alynmadyk girdejiler bilen baglanyşykly wagt tapawutlary babatynda gaýra goýlan salgyt aktiwini ýa-da borçnamasyny ykrar etmeli däldir, wagt tapawudynyň ýakyn geljekde dikeldiljekdigi aýdyň bolan wagtlary muňa girmeýär;

b) kärhana gudwili ilkibaşda ykrar etmek bilen baglanyşykly wagt tapawudy babatynda gaýra goýlan salgyt borçnamasyny ykrar etmeli däldir.

527. Kärhana gaýra goýlan salgyt borçnamasyndaky ýa-da gaýra goýlan salgyt aktiwindäki üýtgemeleri peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde salgyt boýunça çykdajy hökmünde ykrar etmelidir. Ykrar edilen girdeji we çykdajy maddasyna degişli, KOT kärhanalary üçin şu standarta laýyklykda gaýry jemi peýda hökmünde ykrar edilen, gaýry jemi peýdanyň düzüminde görkezilmeli bolan üýtgetmeler muňa girmeýär.

## GAÝRA GOÝLAN SALGYDA BAHA BERMEK

528. Kärhana gaýra goýlan salgyt borçnamasyna (aktiwine) hasabat senesi tamamlanýança hereket eden ýa-da hakykatdan hereket edýän salgyt möçberlerini we salgyt kanunçylygyny peýdalanmak bilen baha bermelidir. Kärhana salgyt möçberine kabul edilýän wagtynda göz öňünde tutulan geljekki wakalaryň taryhy taýdan eýýäm täsir edip bilmejek we täsir etmek ähtimallygy pes bolan wagtynda hereket edýän hökmünde seretmelidir.

529. Salgyt salynýan peýdanyň dürli derejelerine dürli salgyt möçberleri ulanylýan wagtynda kärhana gaýra goýlan salgyt boýunça girdejä (çykdaja) we degişli gaýra goýlan salgyt borçnamalaryna (aktiwlerine) gaýra goýlan salgydyň ýerlenmegine ýa-da gaýra goýlan salgyt borçnamasynyň üzülmegine garaşylýan döwürleriň salgyt salynýan peýdasy (salgyt ýitgisi) babatynda ulanylar diýlip garaşylýan, hereket edýän ýa-da hakykatdan hereket edýän möçberleriň ortaça ululygyny peýdalanmak bilen baha bermelidir.

530. Gaýra goýlan salgyt borçnamalaryna we gaýra goýlan salgyt aktiwlerine berilýän baha kärhananyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä bu aktiwleriň we borçnamalaryň balans gymmatynyň öwezini dolmagy göz öňünde tutýan usulyna baglylykda ýüze çykyp biljek salgyt netjelerini görkezmelidir. Mysal üçin, eger wagt tapawudy geljekde maýanyň gymmatynyň ýokarlanmagy hökmünde salgyt salynjak girdeji maddasy boýunça ýüze çykýan bolsa, onda gaýra goýlan salgyt

boýunça çykdaja maýanyň gymmatynyň ýokarlanmagyndan ugur alýan salgyt möçberini peýdalanmak bilen baha berler.

531. Kärhana arassa balans gymmatynyň gündelik ýa-da geljekki salgyt peýdasynyň esasynda öwezi dolunyp bilinjek iň ýokary möçberine deň bolar ýaly görnüşde, gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň ýerine baha berilýän gory ykrar etmelidir.

532. Kärhana her bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä gaýra goýlan salgyt aktiwiniň arassa balans gymmatyna gaýtadan seretmelidir we geljekki salgyt salynýan peýdanyň gündelik bahasyny görkezmek üçin baha berilýän gora düzediş girizmelidir. Şu hili düzediş peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilmelidir, KOT kärhanalary üçin şu standartda ykrar edilen girdeji ýa-da çykdajy maddasyna gaýry jemi peýda hökmünde degişli, şeýle hem gaýry jemi peýdanyň düzüminde ykrar edilmeli düzediş muňa girmeýär.

## GÜNDELIK WE GAÝRA GOÝLAN SALGYDA BAHA BERMEK

533. Gündelik we gaýra goýlan salgyt aktiwleri we borçnamalary diskontirlenmeli däldir.

534. Kärhana gündelik we gaýra goýlan salgyt aktiwlerine we borçnamalaryna salgyt edaralarynyň berlen möçberlere gaýtadan seredip biljekdiklerinden we zerur bolan ähli maglumatlar barada doly düşünjeleriniň boljakdygyndan ugur almak bilen, ähli mümkin bolan netijeleriň ähtimal bolan ortaça ölçenen möçberini peýdalanyp baha bermelidir. Ähli mümkin bolan netijeleriň ähtimal bolan ortaça ölçenen möçberindäki üýtgemeler kärhananyň ozal elýeter bolan maglumatlara täze düşündirişlerine däl-de, täze maglumatlara esaslanmalydyr.

535. Käbir ýurisdiksiýalarda, eger peýdanyň bir bölegi ýa-da ählisi ýa-da paýlanmadyk peýda kärhananyň paýdarlaryna diwidendler görnüşinde tölenýän bolsa, peýdadan alynýan salgyt has ýokary ýa-da has pes möçber boýunça tölenmäge degişlidir. Beýleki ýurisdiksiýalarda, eger peýdanyň bir bölegi ýa-da ählisi ýa-da paýlanmadyk peýda kärhananyň paýdarlaryna diwidendler görnüşinde tölenýän bolsa, peýdadan alynýan salgyt yzyna gaýtarylyp ýa-da tölenip bilner. Birinji ýagdaýda-da, ikinji ýagdaýda hem kärhana gündelik we gaýra goýlan salgytlara özüniň diwidendleri tölemek borçnamasyny ykrar edýän pursatyna çenli paýlanmadyk peýda babatynda ulanylýan salgyt möçberi boýunça baha bermelidir. Kärhananyň diwidendleri tölemek borçnamasyny ykrar eden mahalynda, ol ýüze çykýan gündelik ýa-da gaýra goýlan salgyt borçnamasyny (aktiwini) we salgyt boýunça degişli çykdajyny (girdejini) ykrar etmelidir.

536. Kärhana salgyt boýunça çykdajyny şol bir bölekde we şol bir jemi peýdada (ýagny, dowam edýän işden, bes edilen işden ýa-da gaýry jemi peýdadan) ýa-da maýada amal ýa-da salgyt boýunça çykdaja getiren başga bir waka hökmünde ykrar etmelidir.

537. Eger kärhana gysga möhletli we uzak möhletli aktiwleri we gysga möhletli we uzak möhletli borçnamalary özüniň maliýe ýagdaýy barada

hasabatynda aýratyn derejeler hökmünde görkezýän bolsa, onda kärhana gaýra goýlan salgyt aktiwlerini (borçnamalaryny) gysga möhletli aktiwler (borçnamalar) hökmünde topara bölmeli däldir.

538. Kärhana gündelik salgyt aktiwleriniň we gündelik salgyt borçnamalarynyň özara hasaplaşygyny diňe şu ýagdaýlarda geçirmelidir, eger onuň:

a) ykrar edilen pul möçberlerini hasap etmek üçin ýuridik taýdan berkidilen hukugy bar bolsa; we

b) garşylyklaýyn talaplary hasap etmek ýoly bilen hasaplaşyk geçirmek ýa-da bir wagtda aktiwi ýerlemek we borçnamany ýerine ýetirmek maksady bolanda.

539. Kärhana gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we gaýra goýlan salgyt borçnamalarynyň özara hasaplaşygyny diňe şu ýagdaýlarda geçirmelidir:

a) kärhananyň gündelik salgyt aktiwlerini gündelik salgyt borçnamalarynyň ýerine hasap etmek üçin ýuridik taýdan berkidilen hukugy bar bolsa; we

b) gündelik salgyt aktiwleri we gündelik salgyt borçnamalary şol bir salgyt edarasy tarapyndan:

şol bir salgyt salynýan edara görnüşli tarapdan; ýa-da

gündelik salgyt borçnamalaryny we talaplaryny netto esasynda üzmek ýa-da gaýra goýlan salgyt borçnamalarynyň we talaplarynyň üzülmegi ýa-da olaryň ep-esli böleginiň öweziniň dolunmagy göz öňünde tutulýan her bir döwründe, bir wagtda aktiwleri ýerlemek we borçnamalary üzmek maksady bolan salgyt salynýan dürli edara görnüşli taraplardan alynýan, peýdadan alynýan salgyda degişli bolsa.

## MAGLUMATY AÇMAK

540. Kärhana maliýe hasabatlylygyndan peýdalanyjylara ykrar edilen amallaryň we beýleki wakalaryň gündelik we gaýra goýlan salgyt netijeleriniň häsiýetine we maliýe täsirine baha bermäge mümkinçilik berýän maglumatlary açmalydyr.

541. Peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajynyň (girdejiniň) esasy bölekleri aýratynlykda açylmalydyr. Peýdadan alynýan salgyt boýunça çykdajynyň (girdejiniň) bölekleri şulary öz içine alyp biler:

a) gündelik salgyt boýunça çykdajyny (girdejini);

b) şu döwürde ykrar edilen, geçen döwürleriň gündelik salgydyna girizilen islendik düzedişleri;

ç) wagtlaýyn tapawutlarynyň emele gelmegi we dikeldilmegi bilen baglanyşykly gaýra goýlan çykdajynyň (girdejiniň) pul möçberini;

d) salgyt möçberlerindäki üýtgemeler ýa-da täze möçberleriň girizilmegi bilen baglanyşykly gaýra goýlan çykdajynyň (girdejiniň) pul möçberini;

e) salgyt edaralary tarapyndan geçirilýän barlagyň mümkin bolan jeminiň netijesinde üýtgemeler sebäpli ýüze çykýan, gaýra goýlan salgyt boýunça çykdaja edilýän täsiri;

ä) kärhananyň ýa-da onuň paýdarlarynyň salgyt derejesiniň üýtgemegi sebäpli ýüze çykýan, gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajylara girizilýän düzedişleri;

f) baha berilýän gordaky islendik üýtgemeleri;

g) hasaba alyş syýasatyndaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar bilen baglanyşykly salgyt boýunça çykdajynyň pul möçberini.

542. Aşakda getirilýän maglumatlar hem aýratynlykda açylmalydyr:

a) gaýry jemi peýda hökmünde ykrar edilýän maddalara degişli bolan, birleşdirilen gündelik we gaýra goýlan salgydy;

b) jemi peýda barada hasabatda berlen pul möçberleri bilen salgyt edaralaryna berlen pul möçberleriniň arasyndaky düýpli tapawutlara degişli düşündirişleri;

ç) geçen hasaba alyş döwri bilen deňeşdirilende ulanylýan salgyt möçberindäki (möçberlerindäki) üýtgetmeleriň düşündirişi;

d) wagt tapawutlarynyň her bir görnüşi babatynda we peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň we peýdalanylmadyk salgyt soňa süýşürmeleriniň (karzlarynyň) her bir görnüşi babatynda:

gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we borçnamalarynyň pul möçberini, şeýle hem hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä baha berilýän gorlary; we

döwrüň dowamynda gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we borçnamalarynyň, şeýle hem baha berilýän gorlaryň üýtgemelerine seljermäni;

e) wagt tapawutlarynyň, peýdalanylmadyk salgyt ýitgileriniň we salgyt karzlarynyň hereket edýän tamamlanýan senesini, eger bu ýagdaý bar bolsa;

ä) 535-nji bölümde beýan edilen ýagdaýlar bar bolan mahalynda kärhana özüniň paýdarlaryna diwidendleri tölemegiň netijesinde ýüze çykýan, peýdadan alynýan salgydyň mümkin bolan netijeleriniň häsiýetini düşündirmelidir.

## 20-NJI BÖLEK. “KARZLAR BOÝUNÇA HARAJATLAR”

### ULANYLÝAN ÇYGRY

543. Şu bölek karzlar boýunça harajatlary hasaba almak üçin ulanylýar.

544. Karzlar boýunça harajatlar şulary öz içine alýar:

a) “Maliýe gurallary” bölegine laýyklykda, netijeli göterim möçberi usuly bilen hasaplanylýan, göterimler boýunça çykdajylary;

b) “Kärende” bölegine laýyklykda hasaba alynýan maliýe kärendesi bilen baglanyşykly maliýe harajatlary;

ç) daşary ýurt pulunda karzlary çekmegiň netijesinde ýüze çykýan hümmet tapawutlary, olaryň göterimleri tölemek üçin harajatlaryň azalmagynyň öwezini dolýan derejesinde.

### KESGITLEMELER

545. Şu bölekde şu adalga görkezilen manysynda peýdalanylýar:

**Karzlar boýunça harajatlar –** bu kärhananyň karz serişdelerini almak bilen baglanyşykly çekýän göterim we beýleki çykdajylary.

### YKRAR ETMEK

546. Kärhana karzlar boýunça ähli harajatlary olaryň çekilen döwründe peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde çykdajy hökmünde ykrar etmelidir.

### MAGLUMATY AÇMAK

547. 65-nji bölüm maliýeleşdirmek üçin çykdajylar barada maglumatlaryň açylmagyny talap edýär. 466 b) bölümi peýdanyň ýa-da ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça hasaba alynmaýan maliýe borçnamalary bilen baglanyşykly jemi göterim çykdajylary barada maglumatlaryň açylmagyny talap edýär (netijeli göterim möçberi usuly boýunça). Şu bölek goşmaça maglumatlaryň açylmagyny talap etmeýär.

## 21-NJI BÖLEK. “DÜŞEWÜNT”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

548. Şu bölegiň maksady amallaryň we wakalaryň belli bir görnüşlerinden ýüze çykýan düşewündi hasaba almagyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr. Düşewünt hasaba alnanda esasy mesele onuň ykrar edilmeli pursatyny kesgitlemek bolup durýar. Düşewünt kärhananyň geljeki ykdysady bähbitleri aljakdygynyň we bu peýdalara ygtybarly baha berip boljakdygynyň ähtimallygy bar bolanda ykrar edilýär. Şu bölek bu ölçegleriň ýerine ýetirilýän, diýmek, düşewündiň ykrar edilýän şertlerini kesgitleýär.

549. Şu bölek şu amallaryň we wakalaryň netijesinde alynýan düşewünt hasaba alnanda ulanylýar:

a) önümler ýerlenende (subýektiň özi tarapyndan ýerlemek maksady bilen öndürilen, şeýle hem gaýtadan satmak üçin satyn alnan önümler);

b) hyzmatlar edilende;

ç) kärhananyň göterimler, roýalti we diwidendler getirýän aktiwleriniň beýleki taraplar tarapyndan peýdalanylanda;

d) gurluşyk üçin şertnamalary, olar boýunça kärhananyň potratçy bolup duran.

550. Käbir amallaryň we wakalaryň netijesinde alynýan düşewünde we gaýry girdejilere KOT kärhanalary üçin şu standartyň beýleki böleklerinde seredilýär:

kärende şertnamalary (“Kärende” bölegine seret);

paýly gatnaşmak usuly boýunça hasaba alynýan maýa goýumlaryndan alynýan diwidendler we gaýry girdejiler (“Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” bölegine we “Bilelikdäki işe maýa goýumlar” bölegine seret);

maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň adalatly gymmatynyň üýtgemeginden ýa-da olaryň çykyp gitmeginden (“Maliýe gurallary” bölegine seret);

maýa goýum emläginiň adalatly gymmatynyň üýtgemegi (“Maýa goýum emlägi” bölegine seret);

oba hojalyk işi bilen baglanyşykly, biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň ilkibaşda ykrar edilmeginden we onuň üýtgemeginden “Ýöriteleşdirilen iş” bölegine seret);

oba hojalyk önümini ilkibaşda ykrar etmek (“Ýöriteleşdirilen iş” bölegine seret).

## KESGITLEMELER

551. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Düşewünt –** maýa gatnaşyjylaryň gatançlary bilen bagly bolmadyk maýanyň artmagyna getirýän, kärhananyň adaty işiniň barşynda belli bir döwürde jemi gelip gowşan ykdysady bähbitler.

**Adalatly gymmat –** gowy habarly, şunuň ýaly amaly geçirmek isleýän garaşsyz taraplaryň arasynda geleşikler geçirilende aktiwi çalşyp bolýan ýa-da borçnama boýunça hasaplaşyklary geçirip bolýan pul möçberi.

## DÜŞEWÜNDI YKRAR ETMEK

552. Kärhana düşewünde alnan ýa-da alynmaga degişli öwezlik töleginiň adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir. Alnan ýa-da alynmaga degişli öwezlik töleginiň adalatly gymmaty kärhana tarapyndan berilýän islendik söwda ýeňillikleri, möhletinden öň üzülendigi üçin ýeňillik we lomaý ýeňillikleriniň pul möçberini aýyrmak bilen hasaplanmalydyr.

553. Kärhana düşewünde diňe kärnananyň öz adyndan alnan ýa-da alynmaga degişli ykdysady bähbitleriň jemi gelip gowuşmalaryny goşýar. Goşmaça tölegler, goşulan baha üçin salgyt ýaly üçünji taraplaryň peýdasyna alnan pul möçberleriniň ählisi düşewüntden aýrylýar. Agentlik ylalaşyklary boýunça işde kärhana diňe hyzmat üçin hak-heşdekleriň möçberini düşewünde goşmalydyr. Prinsipalyň adyndan ýygnalan pul möçberleri düşewünt bolup durmaýarlar.

554. Kärhana şu ýagdaýlarda düşewündi ykrar etmeli däldir:

a) harytlar ýa-da hyzmatlar häsiýeti we gymmaty boýunça meňzeş bolan harytlara ýa-da hyzmatlara çalşylýan bolsa; ýa-da

b) harytlar ýa-da hyzmatlar häsiýeti we gymmaty boýunça meňzeş bolmadyk harytlara ýa-da hyzmatlara çalşylýan bolsa, ýöne çalşyk amalynyň täjirçilik manysy ýok bolsa.

555. Kärhana düşewündi diňe harytlaryň satylan ýa-da hyzmatlar häsiýeti we gymmaty boýunça meňzeş bolmadyk harytlara ýa-da hyzmatlara çalşylan, çalşyk amalynyň täjirçilik manysy bolan wagtynda ykrar etmelidir. Şeýle ýagdaýda kärhana amala aşakdaky ýaly baha bermelidir:

a) alnan harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň berlen pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň möçberine laýyk getirilen adalatly gymmaty boýunça; ýa-da

b) ýokarda a) bölümçesinde görkezilen pul möçberine ygtybarly baha berip bolmasa, onda berlen harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň berlen pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň möçberine laýyk getirilen adalatly gymmaty boýunça; ýa-da

ç) alnan aktiwiň hem, berlen aktiwiň hem adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolmasa, onda berlen aktiwiň berlen pul serişdeleriniň ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentleriniň möçberine laýyk getirilen balans gymmaty boýunça.

556. Harytlary ýerlemekden alnan düşewünt aşakda sanalyp geçilen ähli şertleriň kanagatlandyrylýan ýagdaýynda ykrar edilýär:

a) kärhana satyn alyja harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we peýdalary berýär;

b) kärhana adatça, eýeçilik hukugy bilen baglanyşdyrylýan derejede satylan harytlary dolandyrmaga gatnaşmaýar we olara gözegçilik etmeýär;

ç) düşewündiň pul möçberine ygtybarly baha berlip bilinmelidir;

d) amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bolmalydyr;

e) amal bilen baglanyşykly çekilen ýa-da garaşylýan harajatlara ygtybarly baha berlip bilinmelidir.

557. Kärhananyň satyn alyja harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we peýdalary berýän pursatyny kesgitlemek amalyň şertleriniň öwrenilmegini talap edýär. Köp ýagdaýlarda harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleriň we peýdalaryň berilmegi satyn alyja eýeçilige ýa-da emläge bolan ýuridik hukuklaryň berilmegi bilen gabat gelýär. Bölek satuw söwdalarynyň köpüsinde şunuň ýaly bolup geçýär. Beýleki ýagdaýlarda harytlara bolan eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we peýdalary bermek eýeçilige ýa-da emläge bolan ýuridik hukuklaryň berilýän wagtyndan beýleki pursatda bolup geçýär.

558. Kärhana eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly degerli töwekgelçilikleri saklap galýan bolsa, onda ol düşewündi ykrar etmeýär. Kärhananyň eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly degerli töwekgelçilikleri we peýdalary saklap galýan ýagdaýlaryna mysallar:

a) kärhanada kepillendirmegiň standart şertleriniň çäklerinden çykýan kanagatlanarsyz ulanyş üçin jogapkärçiligiň saklanyp galmagy;

b) anyk ýerlemeden düşewündiň alynmagynyň satyn alyjy tarapyndan harydyň ýerlenmegine bagly bolmagy;

ç) iberilen harytlar oturdylmaga degişli bolup, oturtmak işleriniň bolsa şertnamanyň heniz ýerine ýetirilmedik degerli bölegini tutmagy;

d) satyn alyjynyň satmak şertnamasynda kesgitlenen sebäp boýunça ýa-da hiç bir sebäpsiz satyn alyjynyň özüniň garaýşyna görä satyn alma geleşigini bozmaga hukugynyň bolmagy, kärhananyň bolsa gaýtarmak ähtimallygyny kesgitlemäge ukypsyz bolmagy.

559. Eger kärhana eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly diňe ujypsyz töwekgelçilikleri saklap galýan bolsa, amal ýerlemek bolup durýar we düşewünt ykrar edilýär. Mysal üçin, satyjy diňe özüne degişli pul möçberiniň gelip gowuşmagyny üpjün etmek üçin eýeçilige bolan ýuridik hukugy özünde alyp galyp biler. Şeýle ýagdaýda, eger kärhana eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly ep-esli töwekgelçilikleri we peýdalary beren bolsa, amal ýerlemek bolup durýar we düşewünt ykrar edilýär. Edil şonuň ýaly, müşderi harytda kemçilik tapan ýa-da haýsydyr sebäplere görä satyn alnan harydyň ony kanagatlandyrmaýan we kärhananyň gaýtarylan haryda ygtybarly baha berip bilýän ýagdaýynda, müşderilere puly gaýtaryp bermek teklip edilen wagtynda kärhana düşewündi ykrar edýär. Şeýle ýagldaýlarda kärhana “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda, mümkin bolan gaýtarmalar üçin ätiýaçlyk gory ykrar edýär.

## HYZMAT ETMEK

560. Hyzmat etmekden alnan düşewünt, eger hyzmatyň edilmegini göz öňünde tutýan amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolýan bolsa, hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä amalyň tamamlanýan döwrüne laýyklykda ykrar edilmelidir. Şu şertleriň ýerine ýetirilýän ýagdaýynda amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolar:

a) düşewündiň pul möçberine ygtybarly baha berip bolanda;

b) amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bar bolanda;

ç) hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä amalyň tamamlanýan döwrüne ygtybarly baha berip bolanda;

d) amal ýerine ýetirilende çekilen harajatlara we ony tamamlamak üçin zerur bolan harajatlara ygtybarly baha berip bolanda.

561. Amalyň tamamlanýan döwri boýunça düşewündiň ykrar edilmegi, köplenç ýerine ýetiriliş göterimi usuly diýip atlandyrylýar. Bu usula laýyklykda düşewünt hyzmatyň edilen hasabat döwründe ykrar edilýär. Düşewündiň şu esasda ykrar edilmegi şol döwürde edilen hyzmatlaryň möçberi we şunuň ýaly işiň netijeleri barada peýdaly maglumaty üpjün edýär.

562. Haçan-da hyzmatlar belli bir döwrüň dowamynda näbelli gezek edilýän bolsa, düşewünt, eger tamamlanýan döwri haýsydyr bir usulyň gowy görkeziljekdigine subutnama ýok bolsa, belli bir döwrüň dowamynda gönümel usulyň esasynda ykrar edilýär. Eger haýsydyr bir hereket beýlekilere garanyňda has ähmiýetli bolup durýan bolsa, onda düşewündi ykrar etmek bu hereketiň amala aşyrylýan wagtyna çenli soňa goýulýar.

563. Eger hyzmatyň edilmegini göz öňünde tutýan amalyň netijesine ygtybarly baha berip bolmaýan bolsa, düşewünt diňe ykrar edilen, öwezi dolunýan çykdajylaryň möçberinde ykrar edilmelidir.

## GURLUŞYK ÜÇIN ŞERTNAMALAR

564. Eger gurluşyk üçin şertnamanyň netijesine ygtybarly baha berip boljak bolsa, onda kärhana gurluşyk üçin şerntnama bilen baglanyşykly düşewündi we şertnama boýunça harajatlary, hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä şertnama boýunça işleriň tamamlanan derejesinden ugur alyp (bu usul köplenç ýerine ýetirilen göterim usuly diýlip atlandyrylýar), degişlilikde, düşewünt ýa-da çykdajy hökmünde ykrar etmelidir. Netijelere ygtybarly baha bermek üçin işiň tamamlanan derejesine, geljekki harajatlara we berlen hasaplar boýunça pul möçberiniň ýygnalyşyna ygtybarly baha bermek talap edilýär.

565. Adatça şu bölegiň talaplary gurluşyk üçin her bir şertnama babatynda aýratynlykda ulanylýar. Emma belli bir ýagdaýlarda, şertnamanyň ýa-da şertnamalar toparynyň düýp manysyny görkezmek üçin, şu bölegi aýry bir şertnamanyň aýratynlykda tapawutlandyrylýan böleklerine ýa-da şertnamalar toparyna degişlilikde ulanmak zerur bolýar.

566. Eger şertnama birnäçe aktiwleri öz içine alýan bolsa, onda olaryň her biriniň gurluşygy aýratyn gurluşyk üçin şertnama hökmünde görkezilmelidir, eger-de:

a) her bir aktiwiň gurluşygy üçin aýratyn taslamalar berlen bolsa;

b) her bir aktiw boýunça aýratyn gepleşikler alnyp barlan bolsa, potratçynyň hem-de buýrujynyň hem şertnamanyň her bir aktiwe degişli bölegini kabul etmäge ýa-da kabul etmezlige mümkinçiligi bolan bolsa; we

ç) her bir aktiw boýunça düşewünt we harajatlar kesgitlenip bilinýän bolsa.

567. Şertnamalar toparynyň bir ýa-da birnäçe buýrujy bilen baglaşylandygyna garamazdan, olara gurluşyk üçin ýeke-täk şertnama hökmünde seredilmelidir, eger-de:

a) şertnamalar topary ýeke-täk şertnamalar bukjasy hökmünde baglaşylan bolsa;

b) şertnamalar hakykatdan biri-biri bilen berk baglaşynyşykly umumy peýda ölçegi bolan bitewi bir taslamanyň bölekleri bolup durýan bolsa; we

ç) şertnamalar bir wagtda ýa-da üznüksiz yzygiderlilikde ýerine ýetirilýän bolsa.

## ÝERINE ÝETIRILEN GÖTERIM USULY

568. Bu usul hyzmat etmekden we gurluşyk üçin şertnamalardan alynýan düşewündi we harajatlary ykrar etmek üçin peýdalanylýar. Kärhana hyzmat etmek ýa-da gurluşyk üçin şertnamalar boýunça amallaryň ýerine ýetirilişine görä, alynýan düşewünde we harajatlara seljerme geçirmelidir we zerur bolan halatynda olara gaýtadan seretmelidir.

569. Kärhana şertnama boýunça amalyň ýa-da işiň tamamlanyş derejesini ýerine ýetirilýän işe has gowy bahany üpjün edýän usulyň esasynda kesgitlemelidir. Aşakda mümkin bolan usullar getirilýär:

a) şu senedäki ýagdaýa görä ýerine ýetirilen işler üçin çekilen harajatlaryň jemi harajatlaryň hasaplama ululygyna gatnaşygy. Şu senedäki ýagdaýa görä ýerine ýetirilen işler üçin çekilen harajatlar materiallar we hakujylar ýaly geljekki işe degişli bolan harajatlary öz içine almaly däldir;

b) ýerine ýetirilen işe bilermenler tarapyndan baha bermek;

ç) amalyň we hyzmat etmek boýunça işiň ýa-da şertnama boýunça işleriň möçberiniň haýsydyr bir böleginiň tamamlanmagy.

570. Buýrujylardan alnan tapgyrlaýyn tölegler we hakujylar köplenç halatda ýerine ýetirilen işi görkezmeýär.

571. Kärhana çekilen harajatlaryň diňe öwezini dolmak ähtimallygy bolan ýagdaýynda, amal ýa-da şertnama boýunça materiallar we hakujylar ýaly geljekki işe degişli bolan harajatlary aktiw hökmünde ykrar etmelidir.

572. Kärhana öwezini dolmak ähtimallygy nola deň bolan harajatlary haýal etmän çykdajy hökmünde ykrar etmelidir.

573. Eger gurluşyk üçin şertnamanyň netijesine ygtybarly baha bermek mümkin bolmasa:

a) kärhana düşewündi diňe öwezi dolunmagy ähtimal bolan, şertnama boýunça çekilen harajatlaryň möçberinde ykrar etmelidir; we

b) kärhana şertnama boýunça harajatlary olaryň çekilen döwründäki çykdajylar hökmünde ykrar etmelidir.

574. Eger şertnama boýunça jemi harajatlaryň şertnama boýunça jemi düşewüntden ýokary boljakdygy ähtimal bolsa, garaşylýan ýitgi haýal etmän çykdajy hökmünde ykrar edilýär, şunda çykdajyly şertnama üçin degişli ätiýaçlyk gory döredilýär (“Baha berilýän gorlar” bölegine seret).

575. Eger şertnama boýunça düşewünt hökmünde ykrar edilen pul möçberiniň alynmagy ähtimal bolmagyny bes eden bolsa, kärhana şu pul möçberini şertnama boýunça düşewündiň möçberine düzediş girizmek hökmünde däl-de, çykdajy hökmünde ykrar etmelidir.

## GÖTERIMLER, ROÝALTI WE DIWIDENDLER

576. Aktiwleriň beýleki kärhanalar tarapyndan peýdalanylmagyndan ýüze çykan göterimler, roýalti we diwidendler görnüşindäki düşewünt şu ýagdaýlarda ykrar edilmelidir, eger-de:

a) amal bilen baglanyşykly ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak ähtimallygy bar bolanda;

b) düşewündiň pul möçberine ygtybarly baha berip bolanda.

577. Düşewünt şu esasda ykrar edilmelidir:

a) göterimler şertnamada (ylalaşykda) bellenen göterim möçberlerini ulanmak bilen ykrar edilýär;

b) roýalti degişli şertnamanyň mazmunyna laýyklykda, hasaplap ýazmak ýörelgesi boýunça ykrar edilýär;

ç) diwidendler paýdarlaryň tölegleri almaga bolan hukuklary bellenen mahalynda ykrar edilýär.

578. Roýalti degişli şertnamalaryň şertlerine laýyklykda hasaplanyp ýazylýar we adatça, eger diňe şertnamanyň mazmunyny hasaba almak bilen, düşewündi ykrar etmek üçin başga bir has laýyk gelýän ulgamlaýyn rejeli esas ýok bolsa, şol esasda ykrar edilýär.

## MAGLUMATY AÇMAK

579. Kärhana şulary açmalydyr:

a) düşewündi ykrar etmek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyny, şol sanda hyzmat etmek bilen baglanyşykly amallaryň tamamlanýan döwrüni kesgitlemek üçin peýdalanylýan usullary;

b) döwrüň dowamynda ykrar edilen düşewündiň, şol sanda:

harytlary ýerlemekden;

hyzmatlary etmekden;

göterimlerden;

roýaltiden;

diwidendlerden;
hyzmat hakyndan;
döwlet subsidiýalaryndan;
düşewündiň beýleki islendik degerli görnüşlerinden ýüze çykýan düşewüntleriň her bir ähmiýetli maddasynyň pul möçberini.

580. Kärhana gurluşyk üçin şertnamalardan alnan düşewünt barada maglumatlary aşakda görkezilişi ýaly açmalydyr:

a) şertnama boýunça düşewündiň şol döwürde düşewünt hökmünde ykrar edilen möçberini;

b) şol döwürde şertnama boýunça düşewündi kesgitlemek üçin peýdalanylan usullary;

ç) ýerine ýetirilýän şertnamalaryň tamamlanyş derejesini kesgitlemek üçin peýdalanylýan usullary.

581. Kärhana gurluşyk üçin şertnamalardan alnan düşewünt barada maglumatlary aşakda görkezilişi ýaly görkezmelidir:

a) aktiw hökmünde – şertnama boýunça işler üçin buýrujylardan alynmaga degişli jemi pul möçberini;

b) borçnama hökmünde – şertnama boýunça işler üçin buýrujylara berilmäge degişli jemi pul möçberini.

## 22-NJI BÖLEK. “DAŞARY ÝURT PULUNDAKY AMALLARY GEÇIRMEK”

### MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

582. Şu bölegiň maksady – daşary ýurt birligini döretmezden daşary ýurt pulunda amala aşyrylýan amallary kärhananyň maliýe hasabatlylygynda nähili görkezmelidigini kesgitlemekden ybaratdyr.

583. Şu bölek denomirlenen daşary ýurt pullaryndaky amallary we amallar boýunça galyndylary hasaba almak üçin ulanylýar. Kärhana daşary ýurt amallaryny iki usul bilen amala aşyryp biler. Ol daşary ýurt birligini döretmezden daşary ýurt pulunda amallary geçirip ýa-da daşary ýurtdaky işi amala aşyryp biler. Şu bölek daşary ýurt pulundaky amallary we daşary ýurt birligini döretmezden amala aşyrylýan amallary görkezmegiň usulyny belleýär.

584. Eger kärhana daşary ýurtdaky bölümçesiniň üstünden daşary ýurtdaky işiň çäklerinde daşary ýurt pulundaky amallary amala aşyrýan bolsa, onda şunuň ýaly amallary hasaba almak we olary özleriniň maliýe hasabatlylygynda görkezmek üçin, şeýle hem daşary ýurt birliginiň maliýe maglumatlaryny maglumatlaryň görkezilýän puluna geçirmek üçin, kärhana “Pullaryň çalşyk hümmetiniň üýtgemeleriniň täsiri” MHHS (IAS) 21 standartyny ýa-da kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartyny ulanýar.

585. Şu bölek:

a) daşary ýurt pulundaky maddalar babatynda hejirlemegi hasaba almakda;

b) daşary ýurt pulundaky amallaryň netijesinde ýüze çykýan pul akymlary pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda görkezmekde ulanylmaýar.

### KESGITLEMELER

586. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Ýapylyş hümmeti –** hasabat döwrüniň ahyryndaky gündelik çalşyk hümmeti.

**Gündelik çalşyk hümmeti –** haýal etmän iberilen mahalynda pullaryň çalşyk hümmeti.

**Pullaryň çalşyk hümmeti –** çalşylan mahalynda bir puluň beýleki pula bolan gatnaşygy.

**Daşary ýurt puly –** kärhananyň ulanýan pulundan başga islendik pul.

**Kärhananyň ulanýan puly –** kärhananyň öz işini amala aşyrýan esasy ykdysady gurşawynda peýdalanylýan pul.

**Hasabatyň berilýän puly –** maliýe hasabatlylygynyň berilýän puly.

**Hümmet tapawudy –** pullaryň dürli çalşyk hümmetini peýdalanmak bilen, bir puldaky birlikleriň belli bir möçberi beýleki pula geçirilende ýüze çykýan tapawut.

**Monetar madda –** nagt bar bolan pul birlikleri, şeýle hem pul birlikleriniň kesgitli ýa-da kesgitlenilýän möçberinde aňladylan, alynmaga ýa-da tölenmäge degişli aktiwler we borçnamalar.

## DAŞARY ÝURT PULUNDAKY AMALLARY HASABA ALMAK

587. Türkmenistanda ulanylýan pul, şeýle hem maliýe hasabatlylygynyň berilýän puly manat bolup durýar.

588. Maliýe hasabatlylygy taýýarlananda kärhana daşary ýurt pulundaky maddalary ulanylýan pula geçirýär we şu hili geçirmäniň netijelerini şu bölege laýyklykda görkezýär.

589. Daşary ýurt pulundaky amal – bu daşary ýurt pulunda görkezilen ýa-da daşary ýurt pulunda hasaplaşyklary göz öňünde tutýan amaldyr, şol sanda kärhananyň:

a) bahalary daşary ýurt pulunda bellenen harytlar ýa-da hyzmatlar satyn alnanda ýa-da ýerlenende;

b) eger tölenmäge ýa-da alynmaga degişli pul möçberi daşary ýurt pulunda bellenen bolsa, karz serişdeler alnanda ýa-da berlende;

ç) daşary ýurt pulunda görkezilen beýleki aktiwler gelip gowşanda ýa-da çykyp gidende ýa-da borçnamalar kabul edilende geçirýän amallarydyr.

590. Ilkibaşda ykrar edilende daşary ýurt pulundaky amal, daşary ýurt puluna degişlilikde amalyň geçirilen senesindäki ýagdaýa görä ulanylýan puluň daşary ýurt puluna çalşyk hümmetini ulanmak bilen, ulanylýan pulda hasaba alynýar.

591. Şu KOT kärhanalary üçin standartyna laýyklykda, amallary ykrar etmegiň ölçegleriniň birinji gezek ýerine ýetirilen senesi amalyň senesi bolup durýar. Iş ýüzünde amalyň senesindäki ýagdaýa görä hakyky hümmete takmynan deň bolan çalşyk hümmeti ulanylýar: mysal üçin, bir hepdäniň ýa-da bir aýyň ortaça hümmeti degişli döwrüň dowamynda daşary ýurt pulunda amala aşyrylan ähli amallar babatynda ulanylyp bilner. Emma, eger pullaryň çalşyk hümmeti düýpli üýtgeýän bolsa, şol döwrüň ortaça hümmetini ulanmak maksadalaýyk däldir.

592. Her hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä:

a) daşary ýurt pulundaky monetar maddalar ýapylyş hümmeti boýunça geçirilýär;

b) daşary ýurt pulunda taryhy gymmaty boýunça baha berilýän monetar maddalar amalyň senesindäki ýagdaýa görä pullaryň çalşyk hümmeti boýunça geçirilýär;

ç) daşary ýurt pulunda adalatly gymmaty boýunça baha berilýän monetar maddalar adalatly gymmatyň kesgitlenen senesindäki ýagdaýa görä pullaryň çalşyk hümmeti boýunça geçirilýär.

## HÜMMET TAPAWUTLARY

593. Monetar däl maddalar boýunça hasaplaşyklarda ýa-da monetar däl maddalar döwrüň dowamynda ýa-da geçen maliýe hasabatlylygynda ilkibaşda ykrar edilende olaryň geçirilen hümmetlerinden tapawutlanýan hümmetler boýunça

geçirilende ýüze çykýan hümmet tapawutlary olaryň ýüze çykan döwründe peýdada ýa-da ýitgilerde ykrar edilýär.

594. Hasabat berýän kärhananyň daşary ýurtdaky birlige goýan arassa maýa goýumynyň bir bölegini düzýän monetar madda bilen baglanyşykly ýüze çykýan hümmet tapawutlary hasabat berýän kärhananyň aýratyn maliýe hasabatlylygynda peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýär.

595. Eger monetar däl maddalar daşary ýurt pulundaky amallaryň netijesinde ýüze çykýan bolsa we çalşyk hümmeti amalyň geçirilen senesi bilen hasaplaşyklaryň geçirilen senesiniň arasynda üýtgän bolsa, hümmet tapawudy ýüze çykýar. Eger amal boýunça hasaplaşyk amalyň geçirilen hasaba alyş döwründe bolup geçýän bolsa, ähli hümmet tapawudy şol döwürde ykrar edilýär. Emma, eger amal boýunça hasaplaşyk indiki hasabat döwründe bolup geçýän bolsa, hasaplaşyk senesine çenli döwürleriň her birinde ykrar edilýän hümmet tapawudy döwürleriň her birinde pullaryň çalşyk hümmetiniň üýtgeýşi bilen kesgitlenýär.

596. Eger monetar däl maddadan alynýan peýda ýa-da ýitgi beýleki jemi peýdanyň düzüminde ykrar edilýän bolsa, şunuň ýaly peýdanyň ýa-da ýitginiň daşary ýurt pulundaky her bir bölegi hem jemi peýdanyň düzüminde ykrar edilýär. Tersine, eger monetar däl maddadan alynýan peýda ýa-da ýitgi peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýän bolsa, şunuň ýaly peýdanyň ýa-da ýitginiň daşary ýurt pulundaky her bir bölegi hem peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilýär.

597. Eger kärhana öz hasaba alnyşyny özüniň ulanýan pulundan tapawutlanýan pulda alyp barýan bolsa, maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanýan pursatyndaky ýagdaýa görä ähli pul möçberleri şu bölege laýyklykda ulanylýan pula geçirilýär. Bu bolsa ulanylýan pulda, eger-de degişli maddalaryň başdan ulanylýan pulda hasaba alnanlygynda alnyp bilinjek pul möçberini almaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, monetar däl maddalar ulanylýan pula ýapylyş hümmetini peýdalanmak bilen geçirilýär, özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynýan monetar däl maddalar bolsa olaryň özüniň ykrar edilen amalynyň senesindäki ýagdaýa görä pullaryň çalşyk hümmeti boýunça geçirilýär.

598. Daşary ýurt pulundaky amallar we netijeler hem-de kärhananyň maliýe ýagdaýy gaýtadan hasaplananda ýüze çykýan hümmet tapawutlary boýunça peýdalaryň we ýtitgileriň salgyt netijeleri bolup biler. Şunuň ýaly salgyt netijeleri bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda we “Peýdadan alynýan salgytlar” böleginde düzgünleşdirilýär.

## MAGLUMATY AÇMAK

599. Kärhana şulary açmalydyr:

a) döwür üçin peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilen hümmet tapawutlarynyň pul möçberini;

b) döwrüň dowamynda ýüze çykan we döwrüň aharyndaky ýagdaýa görä maýanyň aýratyn böleginde topara bölünen hümmet tapawutlarynyň pul möçberini.

## 23-NJI BÖLEK. “KÄRENDE”

## MAKSADY WE ULANYLÝAN ÇYGRY

600. Şu bölegiň maksady kärendeçiler we kärendä berijiler üçin kärende şertnamalary babatynda degerli hasaba alnyşy we açylmaga degişli maglumatyň düzümini kesgitlemekden ybaratdyr.

601. Şu bölek ähli kärende şertnamalaryny hasaba almak üçin ulanylýar, şular muňa girmeýär:

a) gazylyp alnyýan peýdaly magdanlary, nebiti, tebigy gazy we şoňa meňzeş täzeden dikeldilmeýän serişdeleri gözlemäge ýa-da peýdalanmaga degişli kärende şertnamalary (“Ýöriteleşdirilen iş” bölegine seret);

b) meselesi kinofilmler, wideoýazgylar, sahna eserleri, golýazmalar, patentler we awtorlyk hukuklary ýaly obýektler bolup duran ygtyýarnama ylalaşyklary (“Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler” bölegine seret);

ç) hasaba alyş maýa goýum emlägi hökmünde görkezilýän, kärendeçileriň eýeçiliginde bolýan gozgalmaýan emläge we amal kärendesi şertnamalary boýunça kärendä berijiler tarapyndan berlen maýa goýum emlägine baha bermek (“Maýa goýum emlägi” bölegine seret);

d) maliýe kärendesi şertnamasy boýunça, kärendeçileriň eýeliginde bolýan biologik aktiwlere we amal kärendesi şertnamasy boýunça, kärendä berijiler tarapyndan berlen biologik aktiwlere baha bermek (“Ýöriteleşdirilen iş” bölegine seret);

e) kärendäniň meselesi bolup durýan aktiwiň bahasynyň üýtgemegine, puluň çalşyk hümmetiniň üýtgemegine ýa-da taraplaryň biriniň borçnamalaryny ýerine ýetirmezligine degişli bolmadyk şertnamalaýyn şertleriň ýerine ýetirilmegi netijesinde kärendä berijide ýa-da kärendeçide ýitgileriň ýüze çykmagyna getirip biljek kärende şertnamalary;

ä) kynçylyk döredýän amal kärendesi şertnamalary.

602. Şu bölek şular ýaly aktiwleriň ulanylmagynyň kärendä berijiden bu aktiwlere tehniki taýdan hyzmat etmek bilen baglanyşykly ep-esli hyzmatlaryň edilmegini talap edip biljekdigine garamazdan, aktiwleri peýdalanmaga bolan hukugyň berilmegini göz öňünde tutýan şertnamalar babatynda ulanylýar. Şu bölek aktiwleri peýdalanmaga bolan hukugyň şertnamanyň bir tarapy bolup durýan tarapdan beýleki tarapa geçmegini göz öňünde tutmaýan hyzmat etmek hakynda ylalaşyklar babatynda ulanylmaýar.

603. Daşarky potratçylary çekmek hakyndaky ylalaşyklar, telekommunikasiýa pudagyndaky ylalaşyklar ýaly degişli möçbere hukuk berýän käbir ylalaşyklar ýa-da “kabul et ýa-da töle” görnüşli şertnamalar hukuk görnüşi boýunça kärende şertnamalary bolup durmaýar, ýöne tölegiň ýerine aktiwleri peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Kärende şertnamasynyň mazmunynda şunuň ýaly ylalaşyklar bolmalydyr we şu bölege laýyklykda hasaba alynmalydyr.

## KESGITLEMELER

604. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Kärende –** şertnama, oňa laýyklykda kärendä beriji kärendeçä tölegiň ýa-da birnäçä tölegleriň ýerine ylalaşylan döwrüň dowamynda aktiwi peýdalanmaga bolan hukugy berýär.

**Maliýe kärendesi –** aktiwe eýelik etmek bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri we peýdalary bermegi göz öňünde tutýan kärende. Ahyr netijede eýeçilik hukugy berlip hem, berilmän hem biler.

**Amal kärendesi –** maliýe kärendesinden tapawutlanýan kärende.

**Möhletinden öň bes etmek hukugy bolmadyk kärende –** bu möhletinden öň bes edilmegi diňe aşakdaky ýagdaýlarda mümkin bolan kärendedir:

a) hojalyk işiniň ähtimallygy pes bolan haýsydyr bir şertli ýagdaýy ýüze çykanda;

b) kärendä berijiniň razylygy bilen;

ç) eger kärendä beriji şol bir kärendeçi bilen meselesi şol bir aktiw ýa-da ekwiwalent aktiw bolup duran täze kärende şertnamasyny baglaşýan bolsa; ýa-da

d) kärendeçi tarapyndan kärende gatnaşyklarynyň başlanýan senesinde kärendäniň dowam etjekdigini kepillendirýär diýip esasly hasap etmäge mümkinçilik berýän goşmaça pul möçberi tölenen ýadaýynda.

**Kärende gatnaşyklarynyň başlanýan senesi –** şu iki senäniň has irkisi: kärende şertnamasynyň baglaşylan senesi we taraplaryň esasy kärende şertleri babatynda borçnamalary kabul eden senesi. Şol senedäki ýagdaýa görä:

a) kärende amal ýa-da maliýe kärendesi hökmünde kesgitlenýär;

b) maliýe kärendesi ýagdaýynda kärendäniň başlanýan senesindäki ýagdaýa görä ykrar edilmäge degişli pul möçberi kesgitlenilýär.

**Iň pes kärende tölegleri –** kärende möhletiniň dowamynda kärendeçiden talap edilýän ýa-da talap edilip bilinjek tölegler, şertli kärende tölegi, kärendä beriji tarapyndan tölenýän we oňa öwezi dolunýan (gaýtarylyp berilýän) hyzmatlar we salgyt tölegleri boýunça pul möçberleri muňa girmeýär. Emma, eger kärendeçiniň bu hukugyň amala aşyrylýan senesinde adalatly gymmatyndan ep-esli pes bolar diýlip garaşylýan baha boýunça aktiwi satyn almaga hukugy bolsa, kärendäniň kabul edilýän senesinde bolsa bu hukugyň amala aşyryljakdygyna esasly ynam bar bolsa, onda iň pes kärende tölegleri kärende möhletiniň dowamynda ýokarda ýatlanylan satyn almak üçin hukugyň çak edilýän, amala aşyrylýan senesine çenli tölenmäge degişli iň pes töleglerden we ony ýerlemek üçin zerur bolan tölegden ybaratdyr.

**Kärendä goýulýan jemi maýa goýumlary –** bu maliýe kärendesi ýagdaýynda kärendä beriji tarapyndan alynýan iň pes kärende tölegleriniň jemidir.

**Kärendä goýulýan arassa maýa goýumlary** kärende şertnamasynda göz öňünde tutulan göterim möçberi boýunça diskontirlenen, kärendä goýlan jemi maýa goýumlaryndan ybaratdyr.

**Alynmadyk maliýe girdejisi –** bu kärendä goýlan jemi maýa goýumlary bilen kärendä goýlan arassa maýa goýumlarynyň arasyndaky tapawutdyr.

**Kärendäniň möhletiniň başlanmagy –** kärendeçiniň kärendäniň meselesi bolup duran aktiwi özüniň peýdalanmaga bolan hukugyny durmuşa geçirmäge mümkinçilik alýan senesi. Bu kärendäniň ilkibaşda ykrar edilen (ýagny, kärende bilen baglanyşykly degişli aktiwleriň, borçnamalaryň, girdejileriň we çykdajylaryň ykrar edilen) senesidir.

**Kärendäniň möhleti –** kärendeçiniň aktiwi kärendä almak barada şertnamany baglaşan döwründe, şeýle hem kärendeçiniň goşmaça töleg tölemek bilen ýa-da tölemezden kärendäniň şertlerine laýyklykda, aktiwiň kärendesini uzaltmaga hukugy bolan goşmaça döwürlerde möhletinden öň bes edilmäge degişli bolmadyk möhlet, kärendäniň başynda kärendeçi şu hukugy durmuşa geçirer diýip esasly hasap etmek mümkin bolsa.

## KÄRENDÄNI TOPARA BÖLMEK

605. Kärende, eger onuň çäklerinde eýeçilik hukugyna mahsus bolan ähli töwekgelçilikleri we bähbitleri bermek bolup geçýän bolsa, maliýe kärendesi hökmünde topara bölünýär. Kärende, eger onuň çäklerinde eýeçilik hukugyna mahsus bolan ähli töwekgelçilikleri we bähbitleri bermek bolup geçmeýän bolsa, amal kärendesi hökmünde topara bölünýär.

606. Kärendäniň maliýe ýa-da amal kärendesi hökmünde topara bölünmegi şertnamanyň görnüşine däl-de, amalyň mazmunyna baglydyr. Aşakda aýratynlykda ýa-da bilelikde kärendäniň maliýe kärendesi hökmünde kesgitlenmegine getirýän ýagdaýlaryň mysallary görkezilýär:

a) kärende möhletiniň tamamlanýan wagtynda aktiwe bolan eýeçilik hukugynyň kärendeçä geçýän ýagdaýy;

b) kärendeçiniň kärendä alynýan aktiwi bu hukugyň amala aşyrylýan senesindäki ýagdaýa görä adalatly gymmatyndan ep-esli pes bolar diýlip garaşylýan baha boýunça satyn almagy hukugynyň bar bolan we kärendäniň başlanýan senesindäki ýagdaýa görä bu hukugyň peýdalanyljakdygyna esasly ynamyň bolýan ýagdaýy;

ç) eýeçilik hukugy berilmeýän hem bolsa, kärende möhletiniň aktiwiň ykdysady babatda hyzmat edýän möhletiniň ep-esli bölegini tutýan ýagdaýy;

d) kärendäniň başlanýan senesindäki ýagdaýa görä iň pes kärende tölegleriniň getirilen gymmaty kärendä alnan aktiwiň adalatly gymmatyna golaý bolan ýagdaýy;

e) kärendä alynýan aktiwleriň ýöriteleşdirilen häsiýeti bolup, diňe kärendeçiniň olary düýpli modifikasiýa etmezden ulanyp bilýän ýagdaýy.

607. Aşakda olaryň aýratynlykda ýa-da bilelikde bolmagy kärendäniň maliýe kärendesi hökmünde topara bölünmegine getirip biljek alamatlar görkezilýär:

a) kärendeçi tarapyndan kärendäniň möhletinden öň bes edilen ýagdaýynda kärendä berijiniň şunuň ýaly bes edilme bilen baglanyşykly ähli ýitgileri kärendeçiniň üstüne düşýär;

b) kärende möhletiniň ahyrynda aktiwiň ýatyryş gymmatynyň üýtgemeginden alynýan girdejileri ýa-da ýitgileri kärendeçi alýar (mysal üçin, kärende möhletiniň

ahyrynda satmakdan gelip gowuşýan serişdeleriň uly bölegine deň bolan, kärende töleginiň ýeňillikleri görnüşinde);

ç) kärendeçiniň kärendäni uzaltmak mümkinçiligi bar, üstesine-de uzaldylýan döwürdäki kärende tölegleri bazar bahalaryndan ep-esli pes bolar.

608. Şu bölegiň 606-njy we 607-nji bölümlerinde sanalyp geçilen mysallar we alamatlar gutarnykly bolup durmaýar. Eger haýsydyr bir başga alamatlar boýunça kärendäniň çäklerinde eýeçilik hukugyna mahsus bolan ähli töwekgelçilikleriň we peýdalaryň berilmeginiň bolup geçmeýändigi aýdyň bolsa, onda kärende amal kärendesi hökmünde ykrar edilýär. Mysal üçin, şunuň ýaly ýagdaý, eger kärende möhletiniň ahyrynda aktiwe bolan eýeçilik hukugy onuň adalatly gymmatyna deň bolan kesgitlenmedik tölegi tölemek bilen geçýän wagtynda ýa-da eger aktiwe eýeçilik etmek bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleriň we peýdalaryň kärendeçä geçmegini mümkin edýän şertli kärende tölegi bolanda ýüze çykyp biler.

609. Kärendäni topara bölmek kärendäniň başlanýan senesindäki ýagdaýa görä geçirilýär we kärende möhletiniň dowamynda üýtgedilmeýär, kärendeçiniň hem-de kärendä berijiniň kärendäniň şertlerini üýtgetmegi (onuň möhletini uzaltmakdan başga) ylalaşýan ýagdaýlary muňa girmeýär, şeýle ýagdaýlarda kärendäniň topara bölünişine gaýtadan seredilmelidir.

## MALIÝE KÄRENDESINI HASABA ALMAK

### Kärendeçileriň maliýe hasabatlarynda maliýe kärendesini görkezmek

610. Kärende möhletiniň başlanýan wagtynda kärendeçiler özleriniň maliýe hasabatlylygynda maliýe kärendesini kärendä alynýan emläginiň adalatly gymmatyna ýa-da iň pes kärende tölegleriniň diskontirlenen gymmatyna deň bolan möçberde, bu ululyklaryň haýsy pes bolsa, aktiwler we borçnamalar hökmünde ykrar etmäge borçlydyrlar, olaryň her biriniň ululygy kärende kabul edilende kesgitlenilýär. Iň pes kärende tölegleriniň diskontirlenen gymmaty hasaplananda kärendä goýlan göterim möçberi diskontirlenýän möçber bolup durýar.

611. Kärendeçiniň ilkibaşky islendik göni harajatlary (kärende şertnamasyny ara alyp maslahatlaşmak we ony baglaşmak işine gönüden-göni degişli bolan goşmaça çykdajylar) aktiw hökmünde ykrar edilen pul möçberine goşulýar.

612. Kärendeçi kärende tölegini maliýe çykdajylaryna we tölenmedik borçnamany azaldýan pul möçberine bölmelidir. Maliýeleşdirmek üçin harajatlar kärende möhletiniň dowamynda borçnamanyň üzülmedik galyndysy boýunça göterimiň hemişelik döwürleýin möçberi bolar ýaly görnüşde ähli döwürleriň arasynda paýlanmaga degişlidir. Kärendeçi şertli kärende tölegleri olaryň ýüze çykan döwürlerinde çykdajylara degişli etmelidir.

613. Kärendeçi maliýe kärendesi şertnamasy boýunça saklanylýan aktiwden "Esasy serişdeler" bölegine, "Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler" bölegine ýa-da "Kärhanalary birleşdirmek we gudwil" bölegine laýyklykda ulanyş tutumyny almalydyr. Eger-de kärende möhletiniň ahyrynda kärendeçiniň eýeçilik hukugyny aljakdygyna esasly ynam ýok bolsa, onda aktiwden iň az möhletiň, ýagny, kärende

möhletiniň we peýdaly ulanylýan möhletiniň haýsy az bolsa, şonuň dowamynda ulanyş tutumy doly alynmalydyr.

**Kärendä berijileriň maliýe hasabatlarynda maliýe kärendesini görkezmek**

614. Kärendä berijiler maliýe kärendesinde bolýan aktiwleri özleriniň maliýe hasabatynda ykrar etmelidirler we olary kärendä goýlan arassa maýa goýumynyň möçberinde debitor algy hökmünde görkezmelidirler (bu pul möçberi kärende şertnamasynda görkezilen göterim möçberi boýunça diskontirlenen, kärendä goýlan jemi maýa goýum bolup durýar).

615. Maliýe kärendesi ýagdaýynda kärendä beriji tarapyndan eýeçilik etmek bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleriň we peýdalaryň köp bölegi berilýär we şeýlelikde, alynmaga degişli kärende tölegleri boýunça bergi kärendä beriji tarapyndan berginiň esasy pul möçberiniň öwezini dolmak we kärendä berijiniň maýa goýumlarynyň öwezini dolmak we hyzmatlaryna hak-heşdek tölemek üçin maliýe girdejisi hökmünde görkezilýär.

616. Maliýe girdejisini ykrar etmek kärendä berijiniň maliýe kärendesine goýan üzülmedik arassa maýa goýumlary üçin peýdanyň yzygiderli döwürleýin kadasyny görkezýän grafige esaslanmalydyr.

## AMAL KÄRENDESINI HASABA ALMAK

**Kärendeçileriň maliýe hasabatlarynda amal kärendesini görkezmek**

617. Kärendeçi amal kärendesi boýunça kärende töleglerini (ätiýaçlandyrmak ýa-da hyzmat etmek ýaly hyzmatlar üçin harajatlardan başga) tölegler başga esasda geçirilýän hem bolsa, gönümel esasda çykdajy hökmünde ykrar edýär, başga bir ulgamlaýyn esasyň peýdalanyjy tarapyndan peýda almagyň wagtlaýyn grafiginiň gowy görkezilmegini üpjün edýän ýagdaýlary muňa girmeýär.

**Kärendä berijileriň maliýe hasabatlarynda amal kärendesini görkezmek**

618. Kärendä beriji balansda amal kärendesine berlen aktiwleri şeýle amallaryň häsiýetine laýyklykda görkezýär.

619. Kärendä beriji amal kärendesinden alnan kärende girdejisini (ätiýaçlandyryş hyzmaty ýa-da hyzmat etmek üçin harajatlar muňa girmeýär) kärende möhletiniň dowamynda gönümel esasda peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmelidir, tölegleriň şol esasda geçirilýändigine garamazdan, ulgamlaýyn çemeleşmäniň kärendeçi tarapyndan kärendäniň meselesi bolup duran aktiwden peýda almagyň gowy wagtlaýyn tertibi üpjün edip bilmeýän halatlary muňa girmeýär.

620. Kärendä beriji kärende girdejisi alnanda çekilen harajatlary, şol sanda ulanyş tutumyny hem çykdajy hökmünde ykrar edýär. Kärendä berlen, ulanyş

tutumy alynýan aktiwler boýunça ulanyş tutumyny hasaplap ýazmak syýasaty kärendä berijiniň şuňa meňzeş aktiwler üçin kadaly ulanyş tutumyny almak syýasatyna laýyk gelmelidir.

621. Amal kärendesi boýunça gepleşikler alnyp barlanda we şertnama baglaşylanda çekilen ilkibaşky ähli göni harajatlar kärende beriji tarapyndan kärendä berlen aktiwiň balans gymmatyna goşulýar we kärende girdejisiniň ykrar edilişi ýaly esasda kärende möhletiniň dowamynda çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

622. Kärendä beriji hökmünde çykyş edýän önüm öndürijiler ýa-da dilerler amal kärendesi şertnamasy baglaşylanda ýerlemekden gelýän peýdany onuň ýerlemäge ekwiwalent däldigi sebäpli ykrar etmeýärler.

## GAÝDYMLAÝYN KÄRENDE ARKALY ÝERLEMEK AMALY

623. Gaýdymlaýyn kärende arkaly ýerlemek amaly ony soňundan yzyna kärendesine almak bilen ýerlemegi göz öňünde tutýar. Kärende tölegleri we satuw bahasy adatça, özara baglanyşykly bolýar, sebäbi olar bir toplumda ara alnyp maslahatlaşylýar. Gaýdymlaýyn kärende arkaly ýerlemek amallaryny hasaba almagyň tertibi kärendäniň görnüşine baglydyr.

### Maliýe kärendesine alyp barýan gaýdymlaýyn kärende arkaly ýerlemek amaly

624. Eger-de gaýdymlaýyn kärende arkaly ýerlemek amaly maliýe kärendesine getirýän bolsa, onda ýerlemekden alynýan girdejiniň balans gymmatyndan ýokary gelýän möçberi satyjy-kärendeçi tarapyndan haýal etmän çykdajy hökmünde ykrar edilmeýär. Onuň ýerine satyjy-kärendeçi şeýle ýokary gelen möçberiň ykrar edilmegini soňa süýşürmelidir we kärende möhletiniň dowamynda ondan ulanyş tutumyny almalydyr.

### Amal kärendesine alyp barýan gaýdymlaýyn kärende arkaly ýerlemek amaly

625. Eger-de gaýdymlaýyn kärende arkaly ýerlemek amaly amal kärendesine getirýän bolsa we amalyň adalatly gymmaty boýunça amala aşyryljakdygy aýdyň bolsa, onda ýüze çykýan peýda ýa-da ýitgi satyjy-kärendeçi tarapyndan haýal etmän ykrar edilýär. Eger ýerlenilýän baha adalatly gymmatdan pes bolsa, onda ýüze çykan islendik peýda ýa-da ýitgi haýal etmän ykrar edilmelidir, ýitginiň öweziniň bazar bahalaryndan pes baha boýunça geljekki kärende tölegleri bilen dolunýan ýagdaýlary muňa girmeýär. Şeýle ýagdaýlarda satyjy-kärendeçi şunuň ýaly ýitgini soňa süýşürmelidir we ondan aktiwiň peýdalanylmagy göz öňünde tutulýan döwrüniň dowamynda kärende tölegleriniň möçberine barabarlykda ulanyş tutumyny almalydyr. Eger ýerlenilýän baha adalatly gymmatdan ýokary bolsa, satyjy-kärendeçi adalatly gymmatdan ýokary gelýän möçberi soňa

süýşürmelidir we aktiwi peýdalanmagyň göz öňünde tutulýan döwrüniň dowamynda ondan ulanyş tutumyny almalydyr.

## MAGLUMATY AÇMAK

### Kärendeçiniň maliýe hasabatlylygyna degişli açylmalar

626. Kärendeçiler maliýe kärendesi şertnamalary boýunça şu maglumatlary açmalydyrlar:

a) aktiwleriň her bir görnüşi boýunça hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä arassa balans gymmatyny;

b) geljekki hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä geljekki iň pes kärende tölegleriniň umumy möçberini;

ç) kärendeçi tarapyndan baglaşylan kärende şertnamalarynyň umumy beýanyny, şu maglumatlary goşmak bilen, ýöne olar bilen çäklenmezden:

tölenmäge degişli şertli kärende töleginiň möçberini kesgitlemek üçin peýdalanylýan esasy;

kärende şertnamasyny dikeltmek ýa-da aktiwi satyn almak mümkinçiliginiň bardygyny we şertlerini hem-de üýtgäp durýan bahalar baradaky şertleşikleri; we

kärende şertnamalarynda bellenen, diwidendler, goşmaça karzlar we mundan soňky kärende babatynda çäklendirmeler ýaly çäklendirmeleri.

627. Mundan başga-da, maliýe kärendesiniň meselesi bolup duran aktiwler babatynda kärendeçiler maglumatlary “Esasy serişdeler” bölegine, “Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler” bölegine, “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine we “Ýöriteleşdirilen iş” bolegine laýyklykda açmalydyrlar.

628. Kärendeçiler amal kärendesi şertnamalary boýunça şu maglumatlary açýarlar:

a) möhletinden öň bes etmek hukugy bolmadyk amal kärendesi şertnamalary boýunça geljekki her bir döwür üçin, geljekki iň pes kärende tölegleriniň umumy möçberini;

b) çykdajy hökmünde ykrar edilen kärende boýunça tölegleri;

ç) kärendeçi tarapyndan baglaşylan degerli kärende şertnamalarynyň umumy beýanyny, şu maglumatlary goşmak bilen, ýöne olar bilen çäklenmezden:

tölenmäge degişli şertli kärende töleginiň möçberini kesgitlemek üçin peýdalanylýan esasy;

kärende şertnamasyny dikeltmek ýa-da aktiwi satyn almak mümkinçiliginiň bardygyny we şertlerini hem-de üýtgäp durýan bahalar baradaky şertleşikleri; we

kärende şertnamalarynda bellenen, diwidendler, goşmaça karzlar we mundan soňky kärende babatynda çäklendirmeler ýaly çäklendirmeleri.

### Kärendä berijiniň maliýe hasabatlylygyna degişli açylmalar

629. Kärendä berijiler maliýe kärendesi şertnamalary boýunça şu maglumatlary açmalydyrlar:

a) hasabat döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä kärendä goýlan jemi maýa goýumlarynyň hasabat döwrüniň ahyrynda alynmaga degişli bolan iň pes kärende tölegleriniň getirilen (diskontirlenen) gymmaty bilen deňeşdirmesini;

b) alynmadyk maliýe girdejisini;

ç) kärendeçi tarapyndan baglaşylan degerli kärende şertnamalarynyň umumy beýanyny, şu maglumatlary goşmak bilen, ýöne olar bilen çäklenmezden:

tölenmäge degişli şertli kärende töleginiň möçberini kesgitlemek üçin peýdalanylýan esasy;

kärende şertnamasyny dikeltmek ýa-da aktiwi satyn almak mümkinçiliginiň bardygyny we şertlerini hem-de üýtgäp durýan bahalar baradaky şertleşikleri; we

kärende şertnamalarynda bellenen, diwidendler, goşmaça karzlar we mundan soňky kärende babatynda çäklendirmeler ýaly çäklendirmeleri.

630. Kärendä berijiler amal kärendesi şertnamalary boýunça şu maglumatlary açýarlar:

a) geljekki her bir döwür babatynda möhletinden öň bes etmek hukugy bolmadyk amal kärendesi şertnamalary boýunça geljekde alynmaly iň pes kärende töleglerini;

b) girdeji hökmünde ykrar edilen kärende tölegleriniň umumy möçberini;

ç) kärendeçi tarapyndan baglaşylan degerli kärende şertnamalarynyň umumy beýanyny, şu maglumatlary goşmak bilen, ýöne olar bilen çäklenmezden:

tölenmäge degişli şertli kärende töleginiň möçberini kesgitlemek üçin peýdalanylýan esasy;

kärende şertnamasyny dikeltmek ýa-da aktiwi satyn almak mümkinçiliginiň bardygyny we şertlerini hem-de üýtgäp durýan bahalar baradaky şertleşikleri; we

kärende şertnamalarynda bellenen, diwidendler, goşmaça karzlar we mundan soňky kärende babatynda çäklendirmeler ýaly çäklendirmeleri.

631. Mundan başga-da, “Esasy serişdeler” bölegine, “Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler” bölegine, “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine we “Ýöritleşdirilen iş” bölegine laýyklykda, aktiwler barada maglumatlary açmaga bildirilýän talaplar amal kärendesi şertnamasy boýunça saklanylýan aktiwler hakynda gürrüň gidýän wagtynda, kärende berijiler babatynda ulanylýar.

## 24-NJI BÖLEK. “DÖWLET SUBSIDIÝALARY”

## ULANYLÝAN ÇYGRY

632. Şu bölek ähli döwlet subsidiýalaryny hasaba almagyň tertibini kesgitleýär.

633. Döwlet kömeginiň gymmatyna esaslandyrylan baha berip bolmaýan görnüşleri, şeýle hem hökümet bilen geçirilýän, kärhananyň adaty täjirçilik amallaryndan tapawutlanmaýan amallary döwlet subsidiýalaryna degişli däldir.

634. Peýdadan alynýan salgydyň ululygyndan ugur alyp kesgitlenýän ýa-da çäklendirilýän salgyt salynýan peýda ýa-da salgyt ýitgileri kesgitlenende ýeňillikler görnüşinde kärhanalara berlen döwlet kömegi babatynda şu bölek almaýar. Salgytdan boşadylýan döwürler, maýa goýum salgyt karzlary, çaltlandyrylan ulanyş tutumlaryna rugsat bermek, peýdadan alynýan salgydyň möçberini azaltmak şu ýeňilliklere mysal bolup durýar.

## KESGITLEMELER

635. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Döwlet –** hususanda, hökümet, hökümetiň edaralary we şolara meňzeş ýerli, milli ýa-da halkara guramalary.

**Döwlet kömegi –** belli bir ölçeglere laýyk gelýän belli bir kärhana ýa-da birnäçä kärhana haýsydyr ykdysady peýdany bermäge gönükdirilen hökümetiň hereketleri. Muzdsyz tehniki ýa-da marketing geňeşler, kepillendirmeler we nol ýa-da pes göterim bilen ýeňillikleri bermek muňa mysal bolup biler. Şu bölek bilen baglylykda döwlet kömegi täjirçilik işiniň umumy şertlerine täsir edýän hereketleriň üsti bilen berilýän, mysal üçin, özleşdirilýän etraplarda infrastrukturany döretmegiň ýa-da bäsdeşleriň täjirçilik işine çäklendirmeleri bellemegiň netijesinde berilýän gytaklaýyn bähbitleri öz içine almaýar.

**Döwlet subsidiýalary –** geçen döwürde ýa-da geljekde kärhananyň amallar işi bilen baglanyşykly belli bir şertleri berjaý etmeginiň ýerine kärhana serişde bermek görnüşinde döwlet tarapyndan edilýän kömek.

## YKRAR ETMEK WE BAHALANDYRMAK

636. Kärhana döwlet subsidiýalaryny şu görnüşde ykrar etmelidir:

a) alýan tarapyndan geljekde belli bir şertleriň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutmaýan subsidiýalar, diňe subsidiýalar boýunça serişdeler alnan mahalynda girdejide ykrar edilýär;

b) alýan tarapyndan geljekde belli bir şertleriň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýan subsidiýalar, diňe şol şertleriň ýerine ýetirilen mahalynda girdejide ykrar edilýär;

ç) girdejini ykrar etmegiň ölçegleri ýerine ýetirilmezinden öň alnan subsidiýalar borçnama hökmünde ykrar edilýär.

637. Kärhana subsidiýalara alnan ýa-da alynmaga degişli aktiwleriň adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

638. Maliýe hasabatlylygynda şu maglumatlar açylmalydyr:

a) maliýe hasabatlylygynda ykrar edilen döwlet subsidiýalarynyň häsiýeti we möçberi, şeýle hem döwlet kömeginiň kärhananyň göni peýda alan beýleki görnüşleriniň görkezilmegi;

b) şertleriň ýerine ýetirilmezligi we ykrar edilen döwlet kömegi bilen baglanyşykly beýleki şertli wakalar.

## 25-NJI BÖLEK. “BORÇNAMALAR WE MAÝA”

### ULANYLÝAN ÇYGRY

639. Şu bölek maliýe gurallaryny ýa borçnama ýa-da maýa hökmünde topara bölmek üçin ýörelgeleri kesgitleýär, şeýle hem hususy taraplar üçin we paý gurallaryna goýum goýan maýa goýumçylar hökmünde (ýagny, eýeler hökmünde) hereket edýän beýleki taraplar üçin çykarylýan paý gurallarynyň hasaba alnyşyna seredýär.

640. Şu bölek maliýe gurallarynyň ähli görnüşleri topara bölünende ulanylýar, muňa şular girmeýär:

a) “Jebislendirilen maliýe hasasabatlylygyny bermek” bölegine, “Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” bölegine ýa-da “Bilelikdäki işe maýa goýumlar” bölegine laýyklykda hasaba alynýan, golçur, assosirlenen kärhanalara, bilelikdäki işe gatnaşma paýlary;

b) işgärlere hak-heşdekleri tölemek meýilnamalary boýunça iş berijileriň hukuklary we borçnamalary, olar babatynda “Işgärlere tölenýän hak-heşdekler” bölegi ulanylýar;

ç) telekeçilik birleşdirilende şertli öwez tölegleri baradaky şertnamalar (“Kärhanalary birleşdirmek we gudwil” bölegine seret). Bu kadadan çykma diňe satyn alyjy kärhana babatynda ulanylýar.

### KESGITLEMELER

641. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Maýa –** bu kärhananyň ähli borçnamalary aýrylandan soň onuň aktiwlerinde galýan paýdyr. Maýa kärhananyň eýeleriniň goýumlaryndan, peýdaly işiň hasabyna alynýan we amal işiniň barşynda peýdalanmak üçin galýan şol goýumlaryň artýan böleginden hem-de ýitgili işiň we eýelerine tölegleriň netijesinde eýeleriniň goýumlarynyň azalýan böleginden ybaratdyr.

**Borçnama –** bu kärhananyň geçen wakalardan gelip çykýan, onuň üzülmegi kärhananyň ykdysady peýdasy bolan serişdeleriniň gitmegine getirer diýlip garaşylýan bar bolan borçnamasydyr.

**Yzyna satmak hukugy bolan gural –** bu guraly onuň eýesine pul serişdeleriniň ýa-da başga bir maliýe aktiwiniň ýerine, şol guralyň emitentine satmaga hukuk berýän maliýe guralydyr ýa-da geljekde haýsydyr bir näbelli waka ýüze çykanda, guralyň eýesi aradan çykanda ýa-da işden gidende emitent tarapyndan öz-özünden üzülýän ýa-da yzyna satyn alynýan başga bir maliýe guralydyr.

**Kärhananyň arassa aktiwleri –** bu onuň aktiwleri boýunça beýleki ähli talaplar aýrylandan soň galýan aktiwlerdir.

**Paýdarlardan yzyna satyn alnan öz paýnamalary** kärhana tarapyndan çykarylan ýa-da soňundan täzeden satyn alnan paý gurallarlardan ybaratdyr.

## GURALY BORÇNAMA ÝA-DA MAÝA HÖKMÜNDE TOPARA BÖLMEK

642. Borçnama kesgitlemesine laýyk gelýän käbir maliýe gurallary maýa hökmünde topara bölünýär, çünki bu gurallar maýanyň arassa aktiwlerdäki galyndy paýyny görkezýär:

a) aşakda getirilýän ähli häsiýetnamalary bar bolan yzyna satmak hukugy bolan, paý guraly hökmünde topara bölünýär:

eýesine kärhananyň ýatyrylan halatynda onuň arassa aktiwlerindäki deň ölçegli paýy almaga hukuk berýär;

gural gurallaryň olaryň beýleki ähli derejeleri babatynda subordinirlenen derejesine degişli bolýar;

gurallaryň beýleki ähli derejeleri babatynda subordinirlenen ähli maliýe gurallarynyň birmeňzeş häsiýetnamasy bolýar;

emitentiň yzyna satyn almak we pul serişdeleriniň ýa-da beýleki bir maliýe aktiwiniň ýerine guraly üzmek boýunça şertnamalaýyn borçlaryndan başga-da, bu gural kärhana üçin amatsyz bolup biljek şertlerde beýleki kärhana pul serişdelerini ýa-da beýleki maliýe aktiwini bermek boýunça ýa-da beýleki kärhana bilen maliýe aktiwlerini ýa-da maliýe borçnamalaryny alyşmak boýunça başga hiç bir şertnamalaýyn borçnamany öz içine almaýar. Şeýle hem bu gural kärhananyň özüniň paý gurallarynyň hasabyna üzülmäge degişli ýa-da üzülip bilinjek şertnama bolup durmaýar;

guralyň hereket edýän möhletiniň dowamynda gurala degişli edilýän, pul serişdeleriniň umumy garaşylýan hereketi esasan, peýda ýa-da ýitgä, ykrar edilen arassa aktiwlerdäki üýtgemelere ýa-da guralyň hereket edýän möhletinde kärhananyň ykrar edilen we ykrar edilmedik arassa aktiwlerindäki üýtgemelere (şu guralyň getirýän islendik netijeleri muňa girmeýär) bagly bolup durýar;

b) gurallaryň beýleki ähli derejeleri babatynda subordinirlenen gurallar ýa-da gurallaryň bölekleri, eger olar diňe ýatyrylan halatynda kärhananyň arassa aktiwlerindäki deň ölçegli paýy beýleki tarapa bermek boýunça kärhananyň üstüne borçnama ýüklemeýän bolsa, maýa hökmünde topara bölünýär.

643. Aşakda köplenç maýa hökmünde däl-de, borçnama hökmünde topara bölünýän gurallara mysal getirilýär:

a) eger ýatyrmak boýunça arassa aktiwleri paýlamak aňrybaş möçber boýunça geçirilýän bolsa, gural borçnama hökmünde topara bölünýär. Mysal üçin, eger kärhana ýatyrylanda gurallaryň eýeleri arassa aktiwlerdäki deň ölçegli paýy alýan bolsalar, ýöne bu pul möçberi aňryçäk möçber bilen çäklendirilýän bolsa we arassa aktiwleriň ýokary gelen bölegi haýyr-yhsan ýa-da döwlet guramalaryna paýlanýan bolsa, onda şunuň ýaly gural maýa hökmünde topara bölünmeýär;

b) yzyna satmak hukugy bolan gural, eger satmak üçin opsion amala aşyrylanda eýesi kärhananyň KOT kärhanalary üçin şu standarta laýyklykda baha berlen arassa aktiwlerindäki deň ölçegli paýy alýan bolsa, maýa hökmünde topara bölünýär. Emma, eger guralyň eýesiniň başga bir esasda (mysal üçin, buhgalterçilik hasaba alnyşyň umumy kabul edilen ýerli ýörelgeleriniň esasynda)

baha berlen pul möçberini almaga hukugy bar bolsa, gural borçnama hökmünde topara bölünýär;

ç) eger gural kärhanany ol ýatyrylmazyndan öň hökmany diwidendler hökmünde tölegleri amala aşyrmaga borçly edýän bolsa, onda gural borçnama hökmünde topara bölünýär;

d) golçur kärhananyň maliýe hasabatlylygynda maýa hökmünde topara bölünen, yzyna satmak hukugy bolan gural maliýe hasabatlylygynyň jebislendirilen toparynda borçnama hökmünde topara bölünýär;

e) emitent tarapyndan geljekde kesgitli ýa-da bellenen senede kesgitli ýa-da bellenen pul möçberini töläp hökmany suratda yzyna satyn alynmaga degişli ýa-da guralyň eýesine emitentden belli bir senede ýa-da ondan soň kesgitli ýa-da bellenen pul möçberi boýunça guraly üzmegi talap etmäge hukuk berýän artykmaç hukukly paýnamalar maliýe borçnamasy bolup durýar.

644. Kooperatiw kärhanalara gatnaşýanlaryň paýy ýa-da şoňa meňzeş gurallar şu ýagdaýlarda maýa bolup durýarlar, eger-de:

a) kärhananyň gatnaşýanlaryň paýyny üzmekden boýun gaçyrmaga gürrüňsiz hukugy bar bolsa; ýa-da

b) üzmek ýerli kanunda, kärhananyň kadasynda ýa-da gollanýan tertipnamasynda gadagan edilen bolsa.

## PAÝNAMALARY ÝA-DA BEÝLEKI PAÝ GURALLARYNY ILKIBAŞDA ÇYKARMAK

645. Kärhana paýnamalaryň ýa-da beýleki paý gurallarynyň çykarylmagyny diňe kärhananyň şu gurallary çykarýan we beýleki tarapyň bolsa olaryň ýerine pul serişdelerini ýa-da beýleki serişdeleri bermäge borçly bolan ýagdaýynda maýada ykrar etmäge borçlydyr, şundan:

a) eger gurallar kärhana pul serişdelerini ýa-da beýleki serişdeleri almazyndan öň çykarylýan bolsa, kärhana alynmaga degişli pul möçberini maliýe ýagdaýy barada hasabatda aktiw hökmünde däl-de, maýadaky garşylyklaýyn (kontr) hasap hökmünde görkezmelidir;

b) eger pul serişdeleri ýa-da beýleki serişdeler kärhana tarapyndan gurallar çykarylmazyndan öň alnan bolsa we kärhanadan alnan pul serişdelerini ýa-da beýleki serişdeleri yzyna gaýtarmagy talap edip bolmaýan bolsa, onda kärhana öz maýasynyň alnan serişdeleriň möçberine deň derejede artandygyny ykrar etmelidir;

ç) kärhana pul möçberiniň gurallara ýazylyşyk amala aşyrylan, ýöne olar üçin pul serişdeleri ýa-da beýleki serişdeler görnüşinde töleg alynmadyk bölegini maýanyň artmagy hökmünde ykrar etmeli däldir.

646. Kärhana paý gurallaryna, paý gurallaryny çykarmak üçin göni harajatlary aýyrmak bilen, alnan ýa-da alynmaga degişli pul serişdeleriniň ýa-da beýleki serişdeleriň adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir. Eger töleg möhleti süýşürmek bilen geçirilýän bolsa we puluň wagtlaýyn gymmatynyň täsiri degerli bolsa, onda ilkibaşky baha bermek getirilen gymmatyň esasynda geçirilmelidir.

647. Kärhana maýa täsir edýän geleşik boýunça harajatlary peýdadan alynýan salgydyň olar bilen bagly azalýan möçberlerini aýyrmak bilen, maýanyň azalmagyna degişli etmelidir.

648. Paýnamalar ýa-da beýleki paý gurallary çykarylanda maýanyň artyşynyň görkezýän tertibi maliýe ýagdaýy barada hasabatda berilýär, degişli kanunda kesgitlenýär. Mysal üçin, paýnamalaryň nominal gymmatyny (ýa-da başga bir nominal görkezijini) we nominal gymmatdan ýokary tölenen pul möçberini aýratyn görkezmek talap edilip bilner.

## PAÝDARLARDAN YZYNA SATYN ALNAN ÖZ PAÝNAMALARY

649. Kärhana paýdarlardan yzyna satyn alnan öz paýnamalary üçin tölenen öwezlik töleginiň adalatly gymmatyny maýadan aýyrmalydyr. Kärhana paýdarlardan yzyna satyn alnan öz paýnamalary satyn alnanda, satylanda, çykarylanda ýa-da ýatyrylanda ýüze çykýan peýdany ýa-da ýitgini peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar etmeli däldir.

## EÝELERINIŇ PEÝDASYNA AKTIWLERI PAÝLAMAK

650. Kärhana, peýdadan alynýan salgydyň olar bilen bagly azalýan möçberlerini aýyrmak bilen, eýeleriniň (onuň paý gurallaryny saklaýjylaryň) peýdasyna aktiwleriň paýlanan pul möçberine görä maýany azaltmalydyr.

651. Kähalatda kärhana pul aktiwleri (pul däl aktiwler) bolup durýan aktiwleri eýe hökmünde çykyş edýän eýeleriniň peýdasyna diwidendler görnüşinde paýlaýar. Kärhananyň şu hili paýlanyşy yglan edýän we pul däl aktiwleri öz eýeleriniň peýdasyna paýlamak boýunça borçnamasy bar bolan mahalynda kärhana borçnamany ykrar etmelidir. Kärhana borçnama paýlanan aktiwleriň adalatly gymmaty boýunça baha bermelidir. Her bir hasabat döwrüniň ahyrynda we üzülýän senesindäki ýagdaýa görä, kärhana paýlanan aktiwleriň adalatly gymmatyndaky üýtgemeleri görkezmek üçin, tölenmäge degişli diwidendiň balans gymmatyna seretmelidir we oňa düzediş girizmelidir, şunda tölenmäge degişli diwidendiň balans gymmatyndaky islendik üýtgemeler öz maýasynyň düzüminde paýlanan pul möçberine düzediş hökmünde ykrar edilýär.

## GÖZEGÇILIK ETMEÝÄN PAÝ WE JEBISLENDIRILEN GOLÇUR KÄRHANALARYŇ PAÝNAMALARY BILEN AMALLAR

652. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda golçur kärhananyň arassa aktiwlerindäki gözegçilik etmeýän paý maýanyň düzümine girýär. Kärhana düýp kärhananyň golçur kärhanadaky gözegçilik edýän paýyndaky gözegçilik edýän paýdaky gözegçiligiň ýitirilmegine getirmeýän islendik üýtgemeleri öz maýasynyň eýeleri hökmünde hereket edýän, öz maýasynyň eýeleri bilen amallar hökmünde hasaba almalydyr. Degişlilikde, gözegçilik etmeýän paýyň balans gymmatyna düýp kärhananyň golçur kärhananyň arassa aktiwlerindäki paýyndaky üýtgemeleri

görkezmek üçin, düzediş girizilmelidir. Kärhana şu hili üýtgemelerden alnan peýdany we çekilen ýitgini ykrar etmeli däldir. Şeýle hem kärhana şu hili amallaryň netijesinde aktiwleriň balans gymmatyndaky üýtgemeleri (gudwili goşmak bilen) we borçnamalary ykrar etmeli däldir.

## 26-NJY BÖLEK. “KÄRHANALARY BIRLEŞDIRMEK WE GUDWIL”

## ULANYLÝAN ÇYGRY

653. Şu bölek kärhanalaryň birleşmegini hasaba almak üçin ulanylýar. Bölege satyn alyjy kärhanany kesgitlemek boýunça gollanma, kärhanalaryň telekeçilik işini birleşdirmek üçin harajatlara baha bermek boýunça gollanma we bu harajatlary satyn alnan aktiwler we kabul edilen borçnamalar hem-de ätiýaçlyklar babatynda paýlamak, şeýle hem şertli borçnamalar üçin ulanylýar. Şeýle hem bu bölekde telekeçilik işiniň birleşdirilen wagtynda we ondan soň gudwiliň hasaba alnyşyna seredilýär.

654. Şu bölekde kärhanalary birleşdirmegiň ähli görnüşlerini hasaba almagyň tertibi görkezilýär, muňa şular girmeýär:

a) bilelikdäki gözegçilikde bolýan kärhanalaryň ýa-da telekeçilik işiniň birleşdirilmegi;

b) bilelikdäki işi döretmek;

ç) kärhananyň emele getirýän aktiwler toparyny satyn almak.

## KESGITLEMELER

655. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Kärhanalary birleşdirmek –** bu aýry-aýry kärhanalaryň ýa-da telekeçilik işiniň görnüşleriniň bir hasabat berýän kärhana birleşmegidir. Telekeçilik işini birleşdirmegiň ählisi diýen ýaly bir kärhananyň (satyn alyjy) telekeçilik işiniň bir ýa-da birnäçe görnüşlerine (satyn alynýan kärhanalara) gözegçiligi almagy bolup durýar. Satyn alyjynyň satyn alynýan kärhana gözegçiligi hakykatdan alan senesi satyn alnan sene hasap edilýär.

**Bilelikdäki gözegçilik** birleşýän kärhanalaryň ýa-da telekeçilik işiniň ählisiniň birleşmezinden öň hem, ondan soň hem ahyr netijede şol bir tarap ýa-da taraplar tarapyndan gözegçilikde bolýandygyny we bu gözegçiligiň wagtlaýyn däldigini aňladýar.

**Satyn alyjy -** bu birleşýän beýleki kärhanalara gözegçiligi alýan birleşýän kärhanadyr.

**Gözegçilik -** bu olaryň işinden peýda almak üçin, kärhananyň ýa-da telekeçilik işiniň maliýe we amal syýasatyny dolandyrmaga bolan hukukdyr. Bir kärhananyň beýleki kärhana gözegçiligine berilýän kesgitleme “Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek” böleginde getirilýär.

## KÄRHANALARY BIRLEŞDIRMEK

656. Hukuk, salgyt we beýleki sebäplere görä, kärhanalaryň birleşmegi dürli usullar bilen geçirilip bilner. Bu kärhana tarapyndan beýleki kärhananyň maýasyny satyn almak, beýleki kärhananyň ähli arassa aktiwlerini satyn almak, beýleki kärhanalaryň borçnamalaryny öz üstüne almak ýa-da bilelikde bir ýa birnäçe

telekeçilik işini emele getirýän beýleki kärhananyň arassa aktiwleriniň bir bölegini satyn almak bolup biler.

657. Kärhanalary birleşdirmek paý gurallaryny çykarmak, pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini geçirmek arkaly ýa-da sanalyp geçilen usullaryň ählisini ulanmak arkaly amala aşyrylyp bilner. Amal birleşýän kärhanalaryň paýdarlarynyň arasynda ýa-da bir kärhana bilen beýleki kärhananyň paýdarlarynyň arasynda amala aşyrylyp bilner. Bu birleşýän kärhanalara ýa-da berlen arassa aktiwlere gözegçilik etmek üçin täze kärhanany döretmek ýa bir ýa-da birnäçe birleşýän kärhanalary üýtgedip guramak bolup biler.

## BIRLEŞMEGI HASABA ALYŞ USULY

658. Kärhanalaryň birleşmegi satyn alma usulyny ulanmak bilen hasaba alynmalydyr.

659. Satyn alma usulyny ulanmak şu tapgyrlary öz içine alýar:

a) satyn alyjyny tapawutlandyrmak (kesgitlemek);

b) kärhanalary birleşdirmek üçin harajatlara baha bermek;

ç) kärhanalary birleşdirmek üçin harajatlary satyn alnan senesindäki ýagdaýa görä satyn alnan aktiwleriň we kabul edilen borçnamalaryň hem-de şertli borçnamalaryň arasynda paýlamak.

### Satyn alyjyny tapawutlandyrmak

660. Kärhanalaryň birleşdirilýän ähli ýagdaýlarynda satyn alyjyny tapawutlandyrmak zerurdyr.

661. Kähalatda satyn alyjyny tapawutlandyrmagyň ýeňil däldigine garamazdan, adatça onuň bardygynyň alamatlary bolýar. Mysal üçin:

a) eger-de birleşýän kärhanalaryň biriniň adalatly gymmaty birleşýän beýleki kärhananyň adalatly gymmatyndan ep-esli ýokary bolsa, onda adalatly gymmaty ýokary bolan kärhananyň satyn alyjy bolmagy ähtimaldyr;

b) eger-de kärhanalary birleşdirmek adaty, ses bermäge hukugy bolan, pul serişdeleriniň ýa-da beýleki aktiwleriň paý gurallaryny çalyşmak ýoly bilen amala aşyrylýan bolsa, onda pul serişdelerini ýa beýleki aktiwleri berýän kärhananyň satyn alyjy bolmagy ähtimaldyr;

ç) eger-de kärhanalary birleşdirmek birleşýän kärhanalaryň biriniň ýolbaşçylarynyň birleşmegiň netijesinde emele gelýän kärhananyň ýolbaşçy işgärlerini seçip almakda agalyk etmäge mümkinçilik alýan bolsa, onda ýolbaşçylary şunuň ýaly agalyk edip bilýän kärhananyň satyn alyjy bolmagy ähtimaldyr.

### Kärhanalary birleşdirmek üçin harajatlar

662. Satyn alyjy kärhanalary birleşdirmegiň gymmatyna şu aşakdaky ululyklaryň jemi ähmiýeti boýunça baha berýär:

a) satyn alyjy tarapyndan berlen aktiwleriň, satyn alyjy tarapyndan kabul edilen borçnamalaryň we satyn alyjy tarapyndan satyn alynýan kärhana gözegçiligi almagyň ýerine çykarylan paý gurallarynyň adalatly gymmaty (çalyşylan senedäki ýagdaýa görä); oňa şu hem goşulýar

b) kärhanalary birleşdirmegiň şu ýagdaýyna gönüden-göni degişli edilýän ähli harajatlaryň pul möçberi.

**Kärhanalary birleşdirmek üçin harajatlara geljekki wakalar bilen şertlendirilen düzedişler**

663. Eger kärhanalary birleşdirmek hakyndaky şertnama birleşdirmek üçin harajatlara geljekki wakalar bilen şertlendirilen düzedişleri göz öňünde tutýan bolsa, onda, eger düzediş ähtimal bolsa, onuň ululygyna hem ygtybarly baha berip bolýan bolsa, düzedişlere berilýän bahanyň möçberi satyn alyjy tarapyndan satyn alnan senesindäki ýagdaýa görä, şu birleşme üçin hakyky harajatlara goşulmalydyr.

664. Emma, eger şunuň ýaly mümkin bolan düzedişler satyn alnan pursatynda ykrar edilmeýän bolsa, ýöne soňra ol ähtimal bolup, onuň ululygyna ygtybarly baha berip bolýan bolsa, onda goşmaça öwezliklegleri şu birleşme üçin harajatlara girizilen düzediş hökmünde hasaba alnar.

**Kärhanalary birleşdirmek üçin harajatlary satyn alnan aktiwlere, kabul edilen borçnamalara we şertli borçnamalara paýlamak**

665. Satyn alyjy kärhanalary birleşdirmek üçin harajatlary satyn alynýan kärhananyň ykrar etmek ölçeglerini kanagatlandyrýan, tapawutlandyrylýan aktiwlerini, borçnamalaryny we şertli borçnamalary boýunça ätiýaçlyk gorlaryny şol senedäki ýagdaýa görä olaryň adalatly gymmaty boýunça, 671-nji bölümde bar bolan, ykrar etmek ýoly bilen paýlamalydyr. Telekeçilik işini birleşdirmegiň gymmaty bilen satyn alyjynyň ykrar edilen, tapawutlandyrylýan aktiwlerdäki, borçnamalardaky we şertli borçnamalar üçin ätiýaçlyk gorlardaky eýeçilik paýynyň arasyndaky islendik tapawutlar hasaba (gudwil hökmünde ýa-da “ýaramaz gudwil” hökmünde) alynmalydyr.

666. Satyn alyjy satyn alnan senesindäki ýagdaýa görä diňe satyn alynýan kärhananyň aýratyn tapawutlandyrylýan aktiwlerini, borçnamalaryny we şertli borçnamalaryny ykrar etmelidir, olar şu ölçeglere laýyk gelmelidir:

a) eger aktiw maddy däl aktiw bolup durmaýan bolsa, satyn alyjy tarapyndan şu aktiw bilen baglanyşykly geljekki ykdysady peýdalaryň alynmagy ähtimal bolanda we aktiwiň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolýan ýagdaýynda;

b) eger borçnama şertli borçnama bolup durmaýan bolsa, borçnamalary düzgünleşdirmek üçin serişdeleriň çykyp gitmegi ähtimal bolanda we onuň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolýan ýagdaýynda;

ç) maddy däl aktiw ýa-da şertli borçnama üçin - olaryň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolýan ýagdaýynda.

667. Satyn alyjynyň satyn alnan seneden soňky jemi peýda barada hasabaty satyn alynýan kärhananyň satyn alyjynyň birleşdirmek üçin harajatlaryna esaslanýan girdejilerini we çykdajylaryny goşmak ýoly bilen, satyn alynýan kärhananyň peýdasyny we ýitgileri öz içine almalydyr. Mysal üçin, satyn alnan senesinden satyn alyjy tarapyndan jemi peýda barada hasabata goşulan, ulanyş tutumy alynýan aktiwlere degişli ulanyş çykdajylary şular ýaly ulanyş tutumy alynýan aktiwleriň satyn alnan senesindäki ýagdaýa görä adalatly gymmatyna, ýagny, olaryň satyn alyjy üçin gymmatyna esaslanmalydyr.

668. Satyn alma usulyny satyn alnan senesinden ulanyp başlaýarlar, bu sene satyn alyjynyň satyn alynýan kärhana gözegçiligi hakykatdan alan senesi bolup durýar. Satyn alyjynyň gözegçiligi alýan pursatyna çenli kanuna laýyklykda, amaly ýapmak ýa-da tamamlamak zerurlygy ýokdur, çünki gözegçilik – munuň özi olaryň işinden peýda almak üçin, kärhananyň ýa-da telekeçilik işiniň maliýe we amal syýasatyny dolandyrmaga bolan hukukdyr. Kärhanalary birleşdirmek bilen ugurdaş bolup geçýän ýerlikli şertleriň we ýagdaýlaryň ählisi satyn alyjynyň haçan gözegçiligi alandygy kesgitlenýän mahalynda nazara alynmalydyr.

669. Satyn alyjy diňe satyn alynýan kärhananyň satyn alynýan senedäki ýagdaýa görä bar bolan we ykrar etme ölçeglerini kanagatlandyrýan, tapawutlandyrylýan aktiwlerini, borçnamalaryny we şertli borçnamalaryny ykrar etmelidir. Şonuň üçin hem:

a) satyn alyjy satyn alynýan senedäki ýagdaýa görä satyn alynýan kärhanada “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda ykrar edilen, gurluş taýdan üýtgedip guramak boýunça bar bolan borçnamasy bolan halatynda, birleşdirmek üçin harajatlar paýlananda satyn alnan kärhananyň işini bes etmek ýa-da azaltmak boýunça borçnamalary ykrar etmelidir; we

b) satyn alyjy birleşdirmek üçin harajatlar paýlananda şu birleşmäniň netijesinde çekilmegi mümkin diýlip garaşylýan geljekki ýitgiler ýa-da gaýry çykdajylar boýunça borçnamalary ykrar etmeli däldir.

670. Eger kärhanalary birleşdirmegi ilkibaşda hasaba almak birleşmegiň bolup geçen hasabat döwrüniň ahyrynda tamamlanmaýan bolsa, onda satyn alyjy öz maliýe hasabatlylygynda hasaba alynmagy tamamlanmadyk maddalar babatynda şertli pul möçberlerini görkezmelidir. Satyn alnan senesinden soňky on iki aýyň dowamynda satyn alyjy, täze alnan maglumaty görkezmek üçin, satyn alnan senesinde aktiwler we borçnamalar hökmünde ykrar edilen şertli pul möçberlerine gaýdymlaýyn düzediş girizmegi amala aşyrmalydyr (ýagny, olary satyn alnan senesinde geçirilen ýaly hasaba almalydyr). Satyn alnan senesinden on iki aý geçenden soň telekeçiligi birleşdirmegini ilkibaşda hasaba almak boýunça geçirilen düzedişler diňe “Hasaba alyş syýasaty, buhgalterçilik bahalandyrmalardaky üýtgetmeler we ýalňyşlyklar” bölegine laýyklykda ýalňyşlary düzetmek üçin görkezilmelidir.

**Şertli borçnamalar**

671. 665-nji bölümde satyn alyjy satyn alynýan kärhananyň şertli borçnamasy boýunça ätiýaçlyk gorlaryny diňe şunuň ýaly borçnamanyň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolan ýagdaýynda aýratynlykda ykrar edýär diýip bellenilen. Eger şunuň ýaly borçnamanyň adalatly gymmatyna ygtybarly baha berip bolmaýan bolsa:

a) gudwil hökmünde ykrar edien pul möçberine täsir bardyr; we

b) satyn alyjy kärhana “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda şertli borçnama hakynda maglumaty açýar.

672. Ilkibaşda ykrar edenden soň satyn alyjy şertli borçnamalara şu görkezijileriň haýsy ýokary bolsa,oňa görä baha bermelidir:

a) “Baha berilýän gorlar” bölegine laýyklykda ykrar edilen pul möçberi; hem-de

b) ozal “Düşewünt” bölegine laýyklykda düşewünt hökmünde ykrar edilen pul möçberini aýyrmak bilen, ilkibaşda ykrar edilen pul möçberi.

**Gudwil**

673. Satyn alnan senesindäki ýagdaýa görä, satyn alyjy:

a) telekeçilik birleşdirilende edinilen gudwili aktiw hökmünde ykrar etmelidir; we

b) bu gudwil ilkibaşda onuň özüne düşýän gymmaty boýunça bahalandyrylmalydyr, bu gymmat telekeçiligi birleşdirmek üçin harajatlaryň satyn alyjynyň 665-nji bölüme laýyklykda ykrar edilen, tapawutlandyrylýan aktiwleriň, borçnamalaryň we şertli borçnamalaryň arassa adalatly gymmatyndaky paýlaryndan ýokary bolup durýar.

674. Ilkibaşda ykrar edilenden soň satyn alyjy kärhanalar birleşdirilende edinilen gudwile, toplanan ulanyş tutumlaryny we gymmatyň gaçmagyndan toplanan ýitgileri aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça baha bermelidir:

a) kärhana gudwiliň ulanyş tutumy üçin “Gudwili aýyrmak bilen maddy däl aktiwler” böleginde görkezilen ýörelgelere eýermelidir. Eger kärhana gudwiliň peýdaly ulanylýan möhletine ygtybarly baha berip bilmeýän bolsa, onda bu möhlet 10 ýyla deň bolmalydyr;

b) kärhana gudwiliň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini ykrar etmek we oňa baha bermek üçin “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine eýermelidir.

**Satyn alyjynyň satyn alynýan kärhananyň tapawutlandyrylýan aktiwleriniň, borçnamalarynyň we şertli borçnamalarynyň arassa adalatly gymmatyndaky paýynyň harajatlardan ýokary bolmagy**

675. Eger satyn alyjynyň tapawutlandyrylýan aktiwleriň, borçnamalaryň we şertli borçnamalaryň arassa adalatly gymmatyndaky paýy telekeçiligi birleşdirmek

üçin harajatlardan ýokary bolsa (kähalatda bu ýagdaý “ýaramaz gudwil” diýlip atlandyrylýar), onda satyn alyjy:

a) satyn alynýan kärhananyň tapawutlandyrylýan aktiwlerini, borçnamalaryny we şertli borçnamalaryny tapawutlandyrmagy we olara baha bermegi, şeýle hem şu birleşme üçin harajatlara baha bermegi gaýtadan geçirmelidir; hem-de

b) şu hili gaýtadan baha bermek geçirilenden soň galan ýokary gelen möçberi peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde haýal etmän ykrar etmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

**Kärhananalaryň hasabat döwrüniň dowamynda bolup geçen birleşdirilmegi üçin**

676. Kärhanalaryň hasabat döwründen soň bolup geçen her bir birleşme ýagdaýy babatynda satyn alyjy kärhana şu maglumatlary açmalydyr:

a) birleşýän kärhanalaryň ýa-da täjirçilik işiniň görnüşleriniň adyny we beýanyny;

b) satyn alnan senesini;

ç) satyn alnan ses berýän paý gurallarynyň göterimini;

d) birleşdirmek üçin harajatlary we şunuň ýaly harajatlaryň her bir bölegini (pul serişdeleri, paý we borçlandyrýan gurallar ýaly bölekler);

e) satyn alynýan kärhananyň aktiwleriniň, borçnamalarynyň we şertli borçnamalarynyň her bir derejesi boýunça satyn alnan senesindäki ýagdaýa görä ykrar edilen pul möçberlerini, gudwili goşmak bilen;

ä) “Assosirlenen kärhanalara maýa goýumlar” bölegine laýyklykda peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilen islendik ýokary gelen pul möçberini we jemi peýda barada hasabatyň şu ýokary gelen möçberiň ykrar edilen maddasyny.

**Kärhanalaryň ähli görnüşde birleşmekleri üçin**

677. Kärhana gudwiliň hasabat döwrüniň başyndaky we ahyryndaky balans gymmatynyň deňeşdirmesini getirmelidir, şulary aýratyn görkezmek bilen:

a) kärhanalaryň täzeden birleşmeleri bilen baglanyşykly üýtgemeleri;

b) gymmatyň gaçmagyndan çekilen ýitgileri;

ç) ozal satyn alnan kärhananyň ýa-da telekeçilik işiniň çykyp gitmegini;

d) gaýry üýtgemeleri.

Geçen döwürler üçin şeýle deňeşdirme bermek talap edilmeýär.

## 27-NJI BÖLEK. “KOT KÄRHANALARY ÜÇIN MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ MILLI STANDARTYNYŇ ILKINJI ULANYLYŞY”

### ULANYLÝAN ÇYGRY

678. Şu bölek kärhananyň ozal hasaba alnyşyň esasy hökmünde MHHS-larynyň doly görnüşini ýa-da hasaba alnyşyň milli standartlary ýaly buhgalterçilik hasaba alnyşynyň beýleki umumy kabul edilen ýörelgelerini ýa-da peýdadan alynýan salgyt boýunça ýerli binýat ýaly başga bir esasy peýdalanandygyna garamazdan, KOT kärhanalary üçin standarty birinji gezek ulanýan kärhana babatynda ulanylýar.

679. Kärhana diňe bir gezek KOT kärhanalary üçin standarty birinji gezek ulanýan kärhana hasap edilip bilner. Eger KOT kärhanalary üçin standarty birinji gezek ulanýan kärhana bir ýa-da ondan köp döwürlerde ony ulanmagy bes edýän, soňra hem kärhana ony ulanmak zerur bolsa ýa-da kärhananyň KOT kärhanalary üçin standarty ulanmagy täzeden saýlap almak mümkinçiligi bolsa, onda şu bölegiň aýratyn kadadan çykmalary, ýönekeleşdirmeleri we beýleki talaplary gaýtadan ulanylmaýar.

680. Kärhananyň KOT kärhanalary üçin standart boýunça taýýarlanan birinji maliýe hasabatlylygy – bu KOT kärhanalary üçin standartyň bölekleriniň talaplaryna laýyk gelýändigi hakynda göni beýan etmek we gürrüňsiz yglan etmek ýoly bilen, kärhananyň KOT kärhanalary üçin standarty kabul eden birinji ýyllyk maliýe hasabatlylygydyr, eger şu kärhana:

a) özüniň soňky geçen döwür üçin maliýe hasabatylygyny ähli tarapdan KOT kärhanalary üçin standartyň bölekleriniň talaplaryna laýyk gelmeýän bölekleriň talaplaryna laýyklykda beren bolsa;

b) özüniň soňky geçen döwür üçin maliýe hasabatylygyny tutuşlygyna KOT kärhanalary üçin standarta däl-de, onuň käbir böleklerine laýyk gelýändigi hakynda göni aňladylan beýannamany goşmak bilen beren bolsa;

ç) geçen döwürlerde maliýe hasabatlylygyny bermedik bolsa.

### KESGITLEMELER

681. Şu bölekde şu adalgalar görkezilen manylarynda peýdalanylýar:

**Kiçi we orta telekeçilik üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartyna geçilen sene –** kärhananyň özüniň maliýe hasabatlylygynda KOT kärhanalary üçin standarta laýyklykda deňeşdirilýän doly maglumatlary beren iň irki döwrüniň başlanýan wagty.

**Kiçi we orta telekeçilik üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty boýunça birinji maliýe hasabatlylygy** – kärhananyň KOT kärhanalary üçin standarta laýyk gelýändigi hakynda göni beýan etmek we gürrüňsiz yglan etmek ýoly bilen, KOT kärhanalary üçin standarty kabul edýän birinji maliýe hasabatlylygydyr.

**Hasabat senesi –** maliýe hasabatlylygynyň ýa-da aralyk maliýe hasabatynyň düzülen iň soňky döwrüň ahyry.

**Standarta geçilenden soň birinji hasabat döwri** – KOT kärhanalary üçin standart boýunça kärhananyň birinji hasabatlylygynyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä tamamlanýan hasabat döwri.

**Standarty birinji gezek kabul eden kärhana** – özüniň birinji maliýe hasabatlylygyny KOT kärhanalary üçin standart boýunça berýän kärhana.

**Hasaba alnyşyň öňki milli kadalary** – kärhananyň KOT kärhanalary üçin standarty kabul etmezden öň peýdalanan hasaba alyş esasy.

**Standart boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabaty** – kärhananyň KOT kärhanalary üçin standarta geçen senesindäki ýagdaýa görä maliýe ýagdaýy barada hasabaty (çap edilen ýa-da çap edilmedik hasabat).

**Başlangyç gymmaty** – belli bir senedäki ýagdaýa görä gymmaty ýa-da ulanyş tutumy alynýan gymmaty aňlatmak üçin peýdalanylýan ululyk. Soňundan könelme we ulanyş tutumy kärhananyň ilkibaşda aktiwi ýa-da borçnamany şu belli bir senedäki ýagdaýa görä ykrar edendigini we onuň gymmatynyň başlangyç gymmata deň bolmagyny göz öňünde tutýar.

## MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA GIRIŞ HASABATY

682. Kärhana KOT kärhanalary üçin standarta geçen pursatynda KOT kärhanalary üçin standart boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatyny taýýarlamaga borçlydyr. Ol kärhanada hasaba alnyşy KOT kärhanalary üçin standarta laýyklykda alyp barmak üçin başlangyç nokat bolup durýar.

683. Kärhana özüniň KOT kärhanalary üçin standart boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatynda we KOT kärhanalary üçin standart boýunça birinji maliýe hasabatynda görkezilen ähli döwürlerlerde şol bir hasaba alyş syýasatyny peýdalanmalydyr. Bu hasaba alyş syýasaty KOT kärhanalary üçin standart boýunça kärhanalaryň birinji maliýe hasabatlylygynyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä hereket edýän KOT kärhanalary üçin standartyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

684. Kärhana özüniň KOT kärhanalary üçin standart boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatynda şulara borçlydyr:

a) aktiwleriň we borçnamalaryň ykrar edilmegi KOT kärhanalary üçin standartda ykrar edilmäge talap edilýän ähli aktiwler we borçnamalar;

b) eger KOT kärhanalary üçin standart şu hili ykrar etmäge rugsat bermeýän bolsa, maliýe ýagdaýy barada hasabatyň maddalaryny aktiwler we borçnamalar hökmünde ykrar etmezlige;

ç) ozal ulanylan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda bir görnüşe degişli aktiwler, borçnamalar ýa-da maýanyň bölekleri hökmünde ykrar edilen, ýöne KOT kärhanalary üçin standarta laýyklykda aktiwleriň, borçnamalaryň ýa-da maýanyň bölekleriniň beýleki görnüşine degişli maddalary täzeden topara bölmäge; we

d) ykrar edilen ähli aktiwlere we borçnamalara baha bermek üçin KOT kärhanalary üçin standarty ulanmaga.

685. Kärhananyň özüniň KOT kärhanalary üçin standart boýunça maliýe ýagdaýy barada giriş hasabatynda ulanan hasaba alyş syýasaty onuň ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda şol senedäki ýagdaýa görä ulanan hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanyp biler. KOT kärhanalary üçin standarta geçilýän pursatyna çenli bolup geçen wakalaryň we amallaryň netijesinde degişli düzedişler ýüze çykýar. Şonuň üçin kärhana bu düzedişleri gönüden-göni KOT kärhanalary üçin standarta geçilen pursatyndaky paýlanmadyk peýdada (ýa-da, eger bu maksadalaýyk däl bolsa, maýanyň başga bir toparynda) ykrar etmelidir.

686. KOT kärhanalary üçin şu standart birinji gezek ulanylanda kärhana maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň ozalky esasynyň çäklerinde peýdalanylan hasaba alyş tertibini aşakda görkezilýän amallar babatynda üýtgemeli däldir:

a) maliýe aktiwlerini we maliýe borçnamalaryny ykrar etmegi bermek amallary babatynda. Täze standarta geçilen seneden öň peýdalanylan hasaba alyş esasyna laýyklykda ykrar edilmegi bes edilen maliýe aktiwleri we maliýe borçnamalary KOT kärhanalary üçin standart ulanylanda ykrar edilmeli däldir. Tersine, täze standarta geçilýän senä çenli KOT kärhanalary üçin standart ulanylan halatynda ykrar edilmegi bes edilmeli bolan, ýöne ozal peýdalanylan hasaba alyş esasyna laýyklykda ykrar edilmegi bes edilmedik maliýe aktiwleri we maliýe borçnamalary üçin kärhana KOT kärhanalary üçin standart ulanylanda olaryň ykrar edilmegini bes etmegi ýa-da çykyp gidýänçä ýa-da üzülýänçä olaryň ykrar edilmegini dowam etdirmegi saýlap alyp biler;

b) hasaplama baha bermeler babatynda;

ç) bes edilen iş babatynda;

d) gözegçilik edilmeýän paýa baha bermek babatynda.

687. Kärhana özüniň ilkinji gezek KOT kärhanalary üçin şu standarta laýyklykda taýýarlanan maliýe hasabatlylyklary taýýarlanýan mahalynda talaplaryň şu hili boşatmalaryndan peýdalanyp biler:

a) kärhanalary birleşdirmek. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana şu standarta geçilen seneden öň kärhanalary birleşdirmek bolup geçen bolsa, “Kärhanalary birleşdirmek we gudwil” bölegini ulanmazlygy karar edip biler. Emma, eger KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana “Kärhanalary birleşdirmek we gudwil” böleginiň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin kärhanalary birleşdirmek boýunça maglumatlary gaýtadan hasaplaýan bolsa, onda ol kärhanalaryň has soňraky birleşmeleriniň ählisi boýunça maglumatlary gaýtadan hasaplamalydyr;

b) ilkibaşky şertli gymmat hökmünde adalatly gymmat. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana esasy serişdeleriň, maýa goýum emläginiň ýa-da maddy däl aktiwiň maddasynyň KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilen senedäki ýagdaýa görä bahasyny özüniň adalatly gymmaty boýunça saýlap alyp we bu adalatly gymmaty şol senedäki ilkibaşky şertli gymmat hökmünde peýdalanyp biler;

ç) ilkibaşky şertli gymmat hökmünde gaýtadan baha bermek. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana esasy serişdeler, maýa goýum emlägi ýa-da maddy däl aktiw obýektiniň KOT kärhanalary üçin şu

standarta geçilen senedäki (ýa-da ondan öňki) ýagdaýa görä ozalky buhgalterçilik hasaba alnyşyna laýyklykda gaýtadan baha berlen gymmatyny gaýtadan baha berlen senesindäki ýagdaýa görä onuň şertli gymmaty hökmünde peýdalanmak üçin saýlap alyp biler;

d) beýleki pula gaýtadan hasaplananda toplanan tapawutlar. “Daşary ýurt pulundaky amallary geçirmek” bölegi kärhananyň beýleki pula geçirmek bilen bagly käbir tapawutlary maýanyň aýratyn bölegi hökmünde topara bölmegini talap edýär. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana beýleki pula geçirilende toplanan tapawutlary KOT kärhanalary üçin standarta geçilen senedäki ýagdaýa görä, daşary ýurtlardaky birlikleriniň ählisi üçin nola deň diýip hasap edip biler (ýagny “gaýtadan ýükleme”);

e) aýratyn maliýe hasabatlylygy. Kärhana aýratyn maliýe hasabatlylygyny taýýarlaýan mahalynda “Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek” bölegi kärhanadan golçur kärhanalara, bilelikde gözegçilik edilýän kärhanalara we assosirlenen kärhanalara goýlan maýa goýumlary:

ýa gymmatyň gaçmagyny aýyrmak bilen, özüne düşýän gymmaty boýunça; ýa-da

adalatly gymmatdaky üýtgemeler bilen, adalatly gymmaty boýunça ýitgini peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde hasaba almagy talap edýär.

Eger KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana şular ýaly maýa goýumlaryna özüne düşýän gymmaty boýunça baha berýän bolsa, onda ol şular ýaly maýa goýumlaryna özüniň KOT kärhanalary üçin şu standarta laýyklykda maliýe ýagdaýy barada başlangyç hasabatyndaky ululyklaryň biri hökmünde baha bermelidir:

“Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermek” bölegine laýyklykda kesgitlenen adalatly gymmat hökmünde; ýa-da

ilkibaşky şertli gymmat hökmünde, ol ýa KOT kärhanalary üçin standarta geçilen senedäki ýagdaýa görä adalatly gymmat ýa-da ozalky buhgalterçilik hasaba alnyşyna laýyklykda, şol senedäki balans gymmaty bolmalydyr;

ä) peýdadan alynýan gaýra goýlan salgyt. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhanadan KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilýän senedäki ýagdaýa görä, olar boýunça gaýra goýlan salgyt aktiwlerini we borçnamalaryny ykrar etmek adatdan daşary harajat ýa-da güýç sarp etmek bilen bagly bolan gaýra goýlan aktiwleriň ýa-da borçnamalaryň salgyt özeni bilen balans gymmatynyň arasyndaky tapawutlara degişli bolan gaýra goýlan salgyt aktiwlerini ýa-da gaýra goýlan salgyt borçnamalaryny ykrar etmegi talap etmeýär;

f) hyzmat etmek üçin konsessiýa ylalaşygy. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhanadan KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilmezinden öň baglaşylan konsessiýa ylalaşyklary boýunça hyzmat etmek babatynda 353-357-nji bölümleri ulanmak talap edilmeýär;

g) gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmak boýunça iş. Ozalky buhgalterçilik hasaba alnyşyna laýyklykda doly harajatlar boýunça hasaba alyş usulyny peýdalanmak bilen KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilýän senedäki ýagdaýa

görä, nebit we gaz aktiwlerine (nebit we gaz gözlenende, barlananda, işlenende we öndürilende peýdalanylýanlaryna) kärhananyň ozalky buhgalterçilik hasaba alnyşyna laýyklykda kesgitlenen pul möçberi boýunça saýlap almak arkaly baha berip biler. Kärhana KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilen senedäki ýagdaýa görä bar bolan aktiwleri “Aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy” bölegine laýyklykda gymmatyň gaçmagy babatynda barlamalydyr;

h) kärendäni göz öňünde tutýan ylalaşyklar. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilýän senedäki ýagdaýa görä bar bolan ylalaşygyň kärendäni göz öňünde tutýandygyny ýa-da däldigini (“Kärende” bölegine seret) ylalaşygyň baglaşylan wagtyna garanyňda, şol senedäki ýagdaýa görä bar bolan faktlaryň we ýagdaýlaryň esasynda kesgitläp biler;

i) esasy serişdeleriň ilkibaşky gymmatyna goşulan desgalary ulanyşdan çykarmak boýunça borçnamalar. 265 ç) bölümi esasy serişdeler obýektiniň özüne düşýän gymmatynyň esasy serişdeler desgasyny söküp aýyrmak we ýok etmek üçin harajatlara, olar babatynda kärhanyň şu obýekt satyn alnanda ýa-da belli bir döwrüň dowamynda şol döwrüň dowamynda ätiýaçlyklary döretmek bilen bagly bolmadyk maksatlarda ulanmagyň netijesinde esasy serişdeleriň tutýan meýdananynda tebigy serişdeleri dikeltmek üçin harajatlara ilkibaşda berilýän bahany öz içine almalydygyny belleýär. KOT kärhanalary üçin şu standarty birinji gezek ulanýan kärhana KOT kärhanalary üçin şu standarta geçilýän senedäki ýagdaýa görä esasy serişdeler obýektiniň gymmatynyň şu bölegine ilkibaşky borçnamalaryň birinji gezek ýüze çykan senesindäki ýagdaýa görä baha bermegi saýlap alyp biler.

688. Eger kärhana üçin KOT kärhanalary üçin şu standartda talap edilýän, kärhananyň KOT kärhanalary üçin şu standarta laýyklykda maliýe hasabatlylygyny taýýarlaýan döwründen oňki islendik döwür üçin haýsydyr bir açmalary görkezmek iş ýüzünde mümkin bolmasa, onda bu ýagdaý açylmalydyr.

## MAGLUMATY AÇMAK

689. “Maliýe hasabatlylygyny bermek” böleginiň talaplaryna laýyk gelmegi üçin, kärhananyň KOT kärhanalary üçin standart boýunça birinji maliýe hasabatlylygy KOT kärhanalary üçin standarta laýyklykda bolmanda bir ýylyň deňeşdirilýän maglumatyny öz içine almalydyr.

690. Kärhana özüniň ozalky hasaba alyş kadalaryndan KOT kärhanalary üçin standarta geçmeginiň onuň maliýe ýagdaýy baradaky hasabatynda, maliýe işiniň netijeleri baradaky hasabatynda we kärhananyň pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabatda görkezilen maglumatlara nähili täsir edendigini düşündirmäge borçlydyr.

691. Kärhana özüniň KOT kärhanalary üçin birinji maliýe hasabatlylygyna şulary goşmaga borçlydyr:

a) hasaba alyş syýasatyndaky her bir üýtgemäniň häsiýetiniň beýanyny;

b) özüniň ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda görkezilen öz maýasynyň şu bölege laýyklykda görkezilen öz maýasy bilen KOT kärhanalary üçin standarta geçilen senedäki ýagdaýa görä we kärhananyň özüniň ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda öz maliýe hasabatlylygyny beren soňky döwrüniň ahyryndaky ýagdaýa görä deňeşdirmesini; we

ç) kärhananyň özüniň ozal ulanan hasaba alyş kadalaryna laýyklykda ýyllyk maliýe hasabatlylygynyň iň soňky toplumynda görkezilen, soňky döwrüň peýdasynyň we ýitgileriniň KOT kärhanalary üçin standarta laýyklykda görkezilen, soňky döwrüň peýdasy we ýitgileri bilen deňeşdirmesini.

692. Eger kärhana özüniň ozal ulanan kadalaryna laýyklykda taýýarlanan hasabatlylygynda özi tarapyndan goýberilen ýalňyşlar mälim bolsa, onda geçirilmegi talap edilýän degişli deňeşdirmeler bu ýalňyşlaryň düzedilişini we hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemeleri aýratynlykda görkezmelidir.

693. Eger kärhana geçen döwürleriň maliýe hasabatlylygyny bermedik bolsa, onuň KOT kärhanalary üçin standart boýunça birinji maliýe hasabatlylygy bu ýagdaýy açmalydyr.

## 28-NJI BÖLEK. “JEMLEÝJI DÜZGÜNLER”

### GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

694. KOT kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň şu milli standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

### GOŞUNDY

695. Şu standart 2009-njy ýylda çykan “Kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin Maliýe Hasabatlylygynyň Halkara Standarty (IFRS)” maliýe hasabatlylygynyň halkara standartyna laýyklykda işlenip taýýarlandy, şu aşakdakylardan başga:

şu standartyň bölekleriniň käbir bölümlerine has düşnükli bolar ýaly düzediş girizildi;

şu standart täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyk getirildi, şunuň bilen baglylykda bölekleriň atlaryna we bölekleriň belgilerine düzediş girizildi we üýtgedildi, olar kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryndan tapawutlanýar;

kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartynyň 1-nji böleginiň ady, düzediş girizilen tekstiň mazmunyna laýyk getirmek maksady bilen üýtgedildi;

kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartynyň 2-nji bölegi Türkmenistanda ähli subýektler üçin umumy konsepsiýanyň (“Maliýe hasabatlylygyny düzmegiň we bermegiň konsepsiýasy”) we ýörelgeleriniň tassyklanmagy bilen bagly aýryldy;

şu standartyň “Maliýe hasabatlylygyny bermek” bölegi kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartynyň 3, 4, 5, 6-njy we 8-nji bölekleriniň mazmunyny öz içine aldy;

gysga maliýe hasabatlylygyny düzmäge degişli düzgünler aýryldy. Aralyk maliýe hasabatlylygynyň hasabatlaryň doly toplumyny we bölekleýin bellikleri öz içine almagy göz öňünde tutuldy;

daşary ýurtdaky golçur kärhananyň hasabatlylygy gaýtadan hasaplananda pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatyň berilmegine degişli düzgünler aýryldy;

maýa goýum ýa-da maliýe işinde pul serişdeleriniň akymlarynyň göterim girdejileri (çykdajylary) hökmünde görkezilmegine degişli düzgünler aýryldy;

amal işinden alnan diwidendleriň görkezilip bilinjekgine degişli düzgünler aýryldy;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, maliýe hasabatlylygyny çykarmak üçin tassyklamak düzgünine goşmaçalar girizildi;

düşündiriş häsiýetli käbir bölekler gysgaldyldy ýa-da ýönekeýleşdirildi;

pul serişdeleriniň garaşylýan akymlarynyň diskontirlenen gymmatynyň esasynda baha bermäge degişli düzgünler aýryldy;

peýdalanyş gymmatynyň (pul serişdeleriniň garaşylýan gelip gowuşmalarynyň diskontirlenen gymmaty) esasynda soňundan baha bermek baradaky düzgünler aýryldy;

olar babatynda kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty ulanylýan emele getiriji birlikleriň gymmatynyň gaçmagyny we gudwili ykrar etmek baradaky düzgünler aýryldy;

töwekgelçilikli maýa, özara (bilelikdäki) gaznalara, paýly maýa goýum gaznalaryna, maýa goýumlary ätiýaçlandyryş gaznalaryna we şoňa meňzeş kärhanalara degişli düzgünler aýryldy;

şu standartyň "Maliýe gurallary" bölegi kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartynyň 11-nji we 12-nji böleklerini özünde birleşdirdi;

hejirlemäge we içinde döredilen gurallara degişli düzgünler aýryldy;

"Işgärlere gysga möhletli hak-heşdekler" we "Bellenen gatançlary bolan pensiýa meýilnamalary" adalgalary "Işgärlere tölenýän hak-heşdekler" we "Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler" adalgalaryna çalşyldy;

ulanylýan pul üýtgedilen mahalynda standartyň ulanylyşyna degişli düzgünler aýryldy;

hasabatda ulanylýan puldan tapawutlanýan puly peýdalanmaga degişli düzgünler aýryldy;

utgaşdyrylan maliýe gurallaryna degişli düzgünler aýryldy;

maliýe gurallaryny toparlara bölmäge degişli düzgünler aýryldy;

utgaşdyrylan malýe gurallaryna degişli düzgünler aýryldy;

kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standartynyň 26-njy we 31-nji bölümleri aýryldy;

adalgalar şu standartyň her bir böleginlde diýen ýaly ýerleşdirildi;

maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy.